TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET
WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY

MENEJMENT KAFEDRASY

# “Kärhananyň ykdysadyýeti” dersinden

Okuw gollanma

Elektron görnüşe geçiren : Pälwan Muhyýew

Aşgabat 2010

## Tema: Çig-mal we ýangyç energetiki serişdeler

Bütin döwletiň we kärhanalaryň ykdysadyýetiniň kadaly işlemegine çig mal, materiallar, ýangyç we energiýa esas bolup durýar. Mysal üçin Ýaponiýa döwledi üçin çig mal we ÝER bilen üpjünçiligi – milli derejede birinji mesele bolup durýar sebäbi onuň hususy çig mal we ÝER bilen üpjünçiligi ýeterlik däldir. Ýaponiýanyň işläp bejerýän senagat pudagy diňe daşyndan göterilýän çig malda we ýangyçda işleýan diýseňem bolýar. Eger-de şeýle ýagdaýy göz öňüne getirsek ýagny Ýaponiýa üçin çig mal we ÝER ýol ýapylsa onda bu ýurt üçin (ykdysadyýeti üçin) tozma (ýumurylma) bolardy. Belki şonuň üçinde bu ýurdyň harytlarynyň hilide we bäsdeşlige ukyplylygyda dünýä bazarynda örän ýokary. Ýaponiýa taýýar we ylym talap ediji önümleri boýunça güýçli eksport potensialy bardyr we şonuň netijesinde ol gerekli möçberde çig mal we ÝER almaga mümkinçiligi bardyr.

Biziň ýurdumyz şu jähtden seredeniňde örän amatly ýagdaýdadyr. Biziň ýurdumyzyň geçekli derejeden elektrik energiýany, nebitem, gazam öndürýändir.

Ýurdyň ykdysadyýeti üçin häzirki zamanda çig malyň we ÝER-ň ähmiýeti ilkinji nobatda şulardan ybaratdyr:

1. Ýurdy öz çig malymyz we ÝER-z bilen kanagatlandyrmak (üpjün etmek) – bu bolsa ýurduň ykdysadyýetiniň kadaly işlemeginiň we ösmeginiň we döredilmegiň ykdysady garaşsyzlygy üpjün edýän hökmany şertdir.
2. Monipol çykdajylar şol sanda çig mal we ÝER senagat önümleriň önümçilik harajatlarynda we olary ýerleşdirmekde uly paýy bardyr. Şonuň üçinde olary örän netijeli ulanmak önümiň özüne düşýän gymmatynyň birligini peseldýär, bu bolsa öz gezeginde onuň satuw nyrhyny peseldýär we onuň bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrýar.
3. Gynansakda bu resurslaryň eksport edilmegi daşary ýurt walýutasyny almagy esasy çeşmeleriniň biri bolup durýar.
4. Agyr industriýanyň pudaklarynyň ösmegine esas bolýar we netijelede giňedilen önümçiligi guramakda.

Senagat ulanylýan zähmet predmetleri hökmündäki hemme material resurslar şertli çig mallara we ýangyç energetiki toparlara bölünýärler.

Çig mal resurslary – bu ýurtdäki hemme zähmet predmetleriniň toplumydyr (jemidir). Olar dürli senagat önümlerini öndürmäge gönüden-göni ulanylýar.

Çig mal bu her bir zähmet predmetini tebigatdan almaga ýa-da ony işläp bejermäge zähmet çykarylan bolsa we şonuň esasynda ol belli bir derejede üýtgedilen bolsa aýdylýar.

Çig mala köplenç gazyp alýan senagatyň (magdanlar, nebit, kömür, çagyl) we oba hojalygyň önümleri (galla, katroşka, şugundyr), materiallara – senagatyň işläp bejerýän pudaklaryň önümleri (gara we reňkli metallar, sement, un, ýüplik) degişlidir.

Esasy we kömekçi materiallary tapawutlandyrýar. Esasy materillar diýip taýýar önümiň düzümine natural görnüşde gioryänlere onuň material esasyna düzýänlere aýdylýar.

Kömekçi materiallar taýar önümiň düzümine girmeýär, ol diňe onuň formirlenmegine (emele gelmegine) ýardam edýär.

Ýangyç we energiýa özüniň ykdysady tebigatyna baglylykda kömekçi materiallara degişlidir, ýöne onuň aýry ähmiýetine baglylykda olar resurslaryň özbaşdak toparyny emele getirýärler.

Potensial we real ÝER tapawutlandyrýarlar. Potensial ÝER – bu ýangyç we energiýanyň hemme görnüşleriniň haýsyda bolsa belli bir ykdysady etrapdaky ýa-da bütin ýurtdaky (zapas) ätiýaçlyklaryň göwrümine aýdylýar.

Real ÝER diýip giň manyda ýurdyň ykdysadyýetinde ulanylýan hemme energiýa resurslaryň görnüşlerine aýdylýar.

Giňeşleýin alynanda ÝER şeýle bölünýärler:

1. Tebigy ÝER (tebigy ýangyçlar) – kömür, slanes, torf nebit, gaz tebigy, odunlar-agaçlar; suwuň, eliň tebigy mehaniki energiýasy, atom energiýasy, tebigy çeşmeleriň ýangyçlary-gün, ýerasty buglar we termal suwlar (ýerastyndan gyzgyn suwlar).
2. Ýangyç işläp bejerilende alynýan önümler (koks, briketler, nebit önümleri, emeli gazlar, baýlaşdyrylan kömür we ş.m.)
3. Esasy tehnologik prosesde alynýan ikinji energetiki resurslar (biopirniýa) ýangyjyň galyndylary, ýanýan we gyzgyn gazlar, işlenilen gaz, önümçilik önümleriň fiziki ýylylyklary.

Halk hojalygynda hemme ulanylýan çig mallaryň görnüşleri ykdysady garaýyş boýunça iki uly topara bölünýärler:

1. Senagat çig mallary. Olary senagat pudaklary gazyp alýarlar we öndürýärler, özem olary esasy agyr industriýanyň pudaklar sarp edýärler.
2. Oba hojalyk çig mallary. Olary oba hojalygyň pudaklary öndürýärler we esasanam ýeňil we azyk senagatyň pudaklary ulanýarlar.

Senagat çig mallary öz gezeginde iki topara bölünýärler:

- gelip çykyşy boýunça mineral çig mallary ýagny ýer astyndan alynýan çig maly.
- emeli çig mallary ýagny emeli ýollar bilen alynýan çig mallar.

Ýangyç energetiki balans diýip halk hojalygynda we gündelik durmuşda ulanylmagy ÝER-a we olardan öndürilen energiýanyň görnüşlerinden önümlere kompleksleýin häsiýetnama we özara utgaşdyrylyp alynan maglumatlara aýdylýar.

Ýangyç we ýangyç energetiki balanslar bar. Ýangyç balansynda ýangyjyň görnüşleriniň hemmesi görkezilýär. Ýangyç energetiki balansda ýangyç bilen bir hatarda hemme öndürilen we ulanylan energiýa hasaba alynýar (energiýa, gysylan howanyň energiýasy).

Islendik material balans ýaly ýangyç energetiki balans tablisa görnüşinde formalaşdyrylýar, özem iki deň bölümden durýar: çep bölümde ýylyň başyna (resurslar) ýangyjyň (gazyp alynyşy) öndürilişi elektroenergiýanyň, atom we geotermal energiýalaryň götermek öndürilişi, import we gaýry gelýän we galyndylar görkezilýär.

Sag bölümde (paýlanylyşy) ýylyň ahyryna umumy harç edilişi görkezilýär, şol sanda ňnümçilik-tehniki we gaýry gereklilige geçek bolan eleziýany,

ýylylyk energiýany we gysylan howany öndürmäge; eksport we (ostatok) galany.

Ýangyç we ýangyç energetiki balans diňe bir ýurtdaky öndürilen we sarp edilen ýangyjyň we energiýanyň möçberi barada umumy maglumatlar bermän eýsem meýilnamalaşdyryş döwürde haýsy etrap, näçe möçberde, nähili görnüşde we sortda ýangyç çykaryp biljegini görkezýär. Olar natural (t.m kwt/sag) şeýlede şertli birlikdede işlenip taýýarlanylýar (görkezilýär).

Ýangyjy islendik görnüşi ýanynda dürli ýylylyk berýär – 2000 kkal/kg we ýokary.

Şertli ýangyç diýen düşünjede ýangyjyň ýananda berýän ýylylygy 7000 kkal/kg deňdir.

Islendik ýangyjyň ýylylyk ekwiwalenti şeýle kesgitlenýär $\mathbf{K} = \frac{\mathbf{Q}}{7000}$

Q - haýsyda bolsa bir ýangyjyň berýän ýylylygy.

Ýangyç energetiki balans islendik dereje üçin işlenip taýýarlanýar (düzülýär): halk hojalygy, welaýat, şäher ýa-da etrap üçin.

Ony iki usul boýunça düzüp bolýar:

Ýangyjyň harç edilişiniň udel normalarynyň esasynda we ýylylyk balans metody boýunça. Tejribede birinji metod köp ulanylýar.

Ýangyç energetiki balansyň gurluşy (strukturasy) diýip balansa girýän ýangyjyň we energiýanyň düzümi, olaryň umumy öndürilişindäki we sarp edişlikdäki paýyna aýdylýar. Ýangyç energetiki balansyň gurluşyndan ýurduň ykdysadyýeti we önümçiligiň netijeliligi köp derejede bagly bolýar. Onuň sebäbi ýangyjyň we energiýanyň dürli görnüşleri biri birinden dürli ykdysady netijeliligi bilen tapawutlanýarlar. Tebigy gaz katel – peç ýangyçlarynyň içinde iň ykdysady netijelilisi hasaplanýar. Eger-de gazy birlige (1) deňlesek onda kömüriň ulanylyşy 2,5 – 3 esse gymmat, mazut – 35 – 40 %, slensler – 3,5 – 4 esse gymmat.

GES-de, TES-te we AES-de öndürilýän 1 kwt/sagat elektroenergiýasynyň özüne düşýän gymmatlary dürli – dürlidir. Häzir iň arzan elektroenergiýa GES-de öndürilýär, soňra – AES-te, iň gymmadam – TES-de.

Ösen ýurtlarda köp wagtdan bäri esasy ugur atom energiýasyny öndürmeklige gönükdirilendir. Şu ýurtlarda AES-te öndürilýän energiýanyň paýy 60%-den gowrak 75-% çenlidir (umumy öndürilen we ullanylan düzüminde).

Atom elektroenergetikasyny ösdürmekde hökmany ulag faktoryny hasaba alynmalydyr. Sebäbi beýleki usullar bilen elektroenergiýa öndürilende bu faktoryň uly paýy bardyr. Mysal üçin TES-de. Atom elektrostansiýalarda ulanylýan 1 kg uran 2,6 – 3 tonna kömüriň ýerini tutýar. Şu ýerden görünýär, näçe transport çykdajylaryny we wagonlar, awtoulaglary tygşytlap boljakdygy. Atom elektrostansiýalarynyň ýylylyk stansiýalaryndan has ykdysady netijelidigi subut edilen hem bolsa, atom elektrostansiýalarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek problemasy bardyr. Şeýlelikde ýangyç energetiki balansynyň gurluşyny

kämilleşdirmek islendik ýurduň ykdysadyýetine, etrabyň, welaýatyň, şäheriň ykdysadyýetinde uly ähmiýete eýedir.

Ýangyç energetiki balansy kämilleşdermegiň esasy ugurlary:

- Ýurduň ýangyç balansynda tebigy gazyň paýyny artdyrmak.
- Atom elektroenergiýasyny ösdürmek.
- Nebiti tehnologiki taýdan çuň işläp bejermek ol öz gezeginde himiýa senagatynda möhüm gerekli progressiw çig mal bilen üpjün eder.

Ýangyç we ýangyç energetiki balansy işläp taýýarlamak gerekdir:

- Ýangyjyň we energiýanyň öndürilişiniň we sarp edilişiniň gurluşynyň häzirki zaman ýagdaýyny öwrenmekde.
- Gerekli ýangyjyň we energiýanyň resurslar bilen üpjünçiligini kesgitlemekde.
- Ýangyç energetiki balansyň gurluşyny kämilleşdirmek maksady bilen seljeriş geçirmek.
- Ýurduň ýangyç-energetiki toplumyny ösdürmekde gerekli düýpli maýa goýumlaryny kesgitlemek.
- Ýangyç-energetiki resurslary eksport we import etmek onuň maksada laýyklygyny we mümkinçiliklerini ýüze çykarmakda.

Çig mal we ýangyç energetiki resurslary tygşytly ulanmagyň esasy ugurlary:

- Ýangyç we ýangyç energetiki resurslaryň gurluşyny (struktura) gowulaşdyrmak;
- Senagat kärhanalarynda ulanmaly çig maly hemme taraplaýyn we ýokary hil taýdan taýýarlamak;
- Çig maly we ýangyjy saklamakda we ulag bilen äkitmegi dogry guramak ýagny ýitgileriň we hiliň peselmegine goýbermezlik.
- Çig maly hemme taraplaýyn ulanmak (kompleksnoye).
- Önümçiligi himiýalaşdyrmak.
- Önümçiligiň galyndylaryny ulanmak.
- Çig maly ikinji gezek ulanmak.

Her bir kärhana öz aýratynlygy göz öňünde tutup material talap edijiligi peseltmegiň maksatnamasyny işläp düzmelidir, şol sanda-da çig mal; we ÝER-ň tygşytly ulanylyşyny. Şeýle uly işler diňe döwlet tarapyndan çig malyň we ÝER-ň tygşytly ulanmagyň milli maksatnamasy işlenip düzülende durmuşa geçirilip bilner.

## Tema: Düýpli maýa goýumlar we ony netijeli ulanmagyň ýollary

Häzirki döwürde biziň ykdysadyýetimizde inwestisiýa adalgasy täzelikdir. Merkezleşdirilen meýilnamalaşdyryş ulgamda bu adalganyň ýerine maýa goýum adalgasy ulanylýar. Maýa goýumlaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: real we portfel maýa goýumlar.

***Real maýa goýumlar*** – bu esasy we dolanşyk kapitalyna goýumlardyr.

***Portfel maýa goýumlar*** – bu gymmat kagyzlara we kärhananyň beýleki aktiwlerine goýumlardyr.

Ykdysadyýetiň esasy serişdeleriniň täzeliklerini döretmäge, hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzelemäge we olary tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrmaga çykarylan çykdajylar esasy serişdelere gönükdirilen maýa goýumlaryna degişlidir. Ulanylýan ugruna degişlilikde maýa goýumlar önümçilik we önümçilik däl synplara bölünýärler. Önümçilik düýpli maýa goýumlary kärhanany ösdürmäge ugrukdyrylýar, önümçilik däl maýa goýumlar bolsa durmuş sferasyny ösdürmäge gönükdirilýär.

Esasy fondlary üznüksiz öndürmek formasyna baglylykda maýa goýumlar tapawutlandyrylýar:

- Täze gurluşyga;
- Hereket edýän kärhanalary tehniki taýdan ýaraglandyrmak we rekonstruksiýa etmek;
- Hereket edýän kärhanalary giňeltmäge;
- Enjamlary modernizasiýalaşdyrmaga.

Maliýeleşdirmäniň çeşmesine baglylykda maýa goýumlar merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik gönüşlere bölünýärler.

Düýpli maýa goýumlaryň netijeli ulanylmagy köp derejede onuň gurluşyna bagly bolýar. Düýpli maýa goýumlaryň şeýle gurluşlary bardyr:

- tehnologiki,
- üznüksiz öndürmek,
- pudaklaýyn,
- territorial..

***Düýpli maýa goýumlaryň tehnologik gurluşy*** diýip, haýsy bolsa-da bir obýekti gurmaga çykdajylaryň düzümine we olaryň umumy smeta (çykdajylaryň jemi) gymmadyndaky paýyna aýdylýar.

Şertli tehnologik gurluş (%)

| Görkezijiler | 1999ý. | 2000ý. | 2001ý. | 2002ý. | 2003ý. | 2004ý. |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Esasy kapitala maýa goýumlar, şol sanda | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 |
| Gurluşyk-montaž işlerine | 49 | 60 | 65 | 64 | 63 | 63 |
| Enjamalara, instrumentlere, inwentara | 25 | 24 | 20 | 22 | 24 | 23 |
| Gaýry düýpli işler we çykdajylar | 26 | 16 | 15 | 14 | 13 | 14 |

Düýpli maýa goýumlaryň tehnologik gurluşy olaryň ulanylyşyna uly täsirini ýetirýär. Bu gurluşy kämilleşdirmek, şeýle işleri göz öňünde tutýar: taslamanyň smeta gymmatynda maşynlaryň we enjamlaryň tutýan paýyny ýokarlandyrmak. Düýpli maýa goýumlaryň tehnologik gurluşy geljek kärhananyň esasy önümçilik fondlarynyň aktiw we passiw gatnaşygyny emele getirýär. Maşynlaryň we enjamlarynyň paýynyň ýokarlandyrylmagy, ýagny gelejekki kärhananyň esasy önümçilik fondlarynyň aktiw bölegini ýokarlandyrmak, kärhananyň önümçilik kuwwatynyň ýokarlanmagyna ýardam berýär we netijede önümiň birligine düýpli maýa goýumlary aşaklanýar. Şeýle-de ykdysady netijelilik işiň we zähmetiň mehanizmleşdirilmeginiň derejesiniň ýokarlandyrylmagynda gazanylýar.

***Düýpli maýa goýumlaryň üznüksiz önümçilik düzümi*** hem olaryň netijeli ulanylmagyna uly täsirini ýetirýär.

***Düýpli maýa goýumlaryň üznüksiz önümçilik düzümi*** **–** bu esasy önümçilik fondlaryny gaýtadan döretmek formasynda olaryň umumy smeta gymmatynda gatnaşygyny we paýlanylyşyny görkezýär. Bu görkeziji şeýle kesgitleýär, ýagny düýpli maýa goýumlaryň umumy jeminde olaryň näçe paýy täze gurluşyga, näçe rekonstruksiýa we näçe tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrmaga (hereket edýän kärhanalary), şeýle-de hereket edýän önümçiligi giňeltmäge, modernizasiýa gidýändigini görkezýär.

Üznüksiz öndürmek düzümiň kämilleşdirilmegi düýpli maýa goýumlaryň hereket edýän önümçiliginiň tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrylmagyna we rekonstruksiýa edilmegine köp böleginiň goýberilmegidir. Nazaryýetiň we tejribäniň şaýatlyk etmegine görä, täze kärhanany guranyňdan hereket edýän önümçiligi rekonstruksiýa we tehniki taýdan ýaraglandyrmak birnäçe sebäplere görä bähbitli bolýar:

- birinjiden, goşmaça önümçilik kuwwatlyklaryny herekete girizmek möhleti azaldylýar;
- ikinjiden, köp derejede udel düýpli maýa goýumlar peselýär.

Düýpli maýa goýumlaryň halk hojalygynda ykdysady netijeliligi köp derejede pudaklaýyn we territorial (sebitleýin) gurluşyna bagly bolýar.

***Düýpli maýa goýumlaryň sebitleýin gurluşy*** diýip, umumy jemde ykdysady etraplara, welaýatlara maýa goýumlaryň paýlanyşyna we gatnaşygyna aýdylýar.

***Düýpli maýa goýumlaryň sebitleýin gurluşyny kämilleşdirmek*** bu ykdysady we durmuş netijäni maksimal gazanmagy aňladýar.

Maýa goýumlar ilkinji nobatda real maýa goýumlara, ýagny düýpli maýa goýumlar islendik ýurduň we kärhananyň ykdysadyýetinde diýseň ýokary rol oýnaýar. Sebäbi olar şeýle zatlara esas bolýar:

- kärhananyň esasy önümçilik fondlarynyň yzygiderli täzelenmegine we giňeldilen üznüksiz önümçilik syýasaty amala aşyrmaga;
- ylmy-tehniki progresi (ösüşi) çaltlandyrmaga we önümiň hilini ýokarlandyrmaga;
- jemgyýetçilik önümçiligini gaýtadan gurluşdykmak we halk hojalygynyň hemme pudaklarynyň deňagramly ösmegine;
- senagatyň hökmany çig-mal bazasyny döretmäge;
- raýat gurluşygyny, saglygy goraýyşy, ýokary we orta mekdepleri ösdürmäge;
- işsizlik meselesini ýumşatmaga ýa-da ony çözmäge;
- tebigy sredany goramaga we beýleki maksatlara ýetmäge.

Şeýle-de maýa goýumlar ykdysadyýeti sagdynlaşdyrmaga ilkinji nobatda gerekdir we şonuň esasynda köp durmuş meselelerini çözmäge, hemme zatdan ileri ilatyň ömür derejesini galdyrmaga.

Häzirki wagtda maýa goýum çygryny ösdürmäge şertler döredildi. Olara degişlidir: ýurtdaky ykdysady ýagdaýy durnuklaşdyrmak, inflýasiýanyň depginini peseltmek, salgyt salmak ulgamyny kämilleşdirmek, ýurtda daşary ýurt kapitalyny çekmäge şertleri döretmek. Bu şertlere häsiýetnama bereliň. Ýurtda durnuklylygy gazanmak diňe bir önümçiligiň aşak gaýtmagyny duruzmak bolman, eýsem jemi milli önümi we milli girdejini artdyrmaga we şonuň netijesinde maýa goýumlara gerekli toplaýyşy gazanmak.

***Ýurduň ykdysadyýetini durnuklaşdyrmak*** – bu puluň hümmetsizlenmegini peseltmegiň esasy bolup durýar. Şunuň esasynda göz öňünde tutmaly zat ol hem puluň hümmetsizlenmeginiň geçişi bilen bank karzlaryny örän arabaglanyşykly bolýar. Belli bolşy ýaly, maýa goýuma bolan islegiň egri çyzygy göterim stawkalarynda (Gs) we goýlan maýa goýumlardan garaşylýan arassa peýdanyň normasyna (Pn) bagly bolýarlar.




Şekil. Maýa goýumlara islegiň egri çyzygy.

Göterimiň stawkasy näçe ýokary bolsa, şonça-da maýa goýumlara isleg pes bolýar; şonuň ýaly-da baglanyşyk maýa goýuma isleg bilen garaşylýan arassa peýdanyň normasynyň arasynda bardyr. Maýa goýumlary ýerleşdirmek bähbitli

bolýar, haçan-da arassa peýdanyň normasy göterimiň stawkasyndan ýokary bolanda, ýagny Pn > Gs.

Eger-de göterimiň stawkasy garaşylýan arassa peýdanyň normasynda ýokary bolsa, ýagny Gc > Pn, onda şeýle ýagdaýlarda kärhana üçin maýä goýumlar bähbitsiz bolýar.

Puluň hümmetsizlenmegini (inflýasiýa) şertlerinde, aýratynam, giper inflýasiýada haçan-da bank göterimleri ýokary ýagdaýynda kärhanalar üçin maýa goýumlar bähbitli bolýar, eger-de garaşylýan peýdanyň normasy bank göterimlerinden ýokary bolsa. Ýöne kärhanalar üçin şeýle taslamalary tapmak örän kyn bolýar. Şeýlelikde, giperinflýasiýa maýa goýum çygryny ösdürmekde esasy çäklendiriji bolýar.

Maýa goýum syýasatynda möhüm şert bolup daşary kapitaly önümçilige çekmek bolýar. Her ýylda eksport edilýän kapitalyň göwrümi 160-180 amerikan dollaryna barabar bolýar.

## 2. Düýpli maýa goýumlaryň maliýeleşdirilişi. Kärhanalarda maýa goýumlaryň meýilnamalaşdyrylyşy.

### Düýpli maýa goýumlaryň maliýeleşdirilişi.

Maliýeleşdirmegiň yzygiderligi we usullary örän möhüm ähmiýete eýedir, ilkinji nobatda olaryň netijeliligini ýokarlandyrmakda.

Düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmekde iki usuly tapawutlandyrýarlar:

- merkezleşdirilen;
- merkezleşdirilmedik.

***Merkezleşdirilen usulda*** düýpli maýa goýumlaryň çeşmesi bolup, merkezi büjet, welaýat, etrap büjetleri, merkezleşdirilen büjetden daşary maýa goýum gaznalary çykyş edýär,

***Merkezleşdirilmedik usulda*** – bu esasan kärhanalaryň we indiwidual gurujylaryň çeşmeleridir.

Kärhanalarda maliýeleşdirmegiň esasy çeşmeleri bolýar: kärhananyň ygtyýarynda galýan peýda; amortizasiýa tölegleri; aksiýalary goýberip we ýerleşdirip alnan serişdeler; täjirçilik banklarynyň karzlary; ýokarda duran guramalaryň çeşmeleri; daşary yurt maýa goýujylaryň serişdeleri. Ýöne kärhanalarda düýpli maýa goýumlaryň esasy çeşmesi bolup peýda we amortizasiýa durýar.

Soňky ýyllarda düýpli maýa goýumlarymaliýeleşdirmekde düýpli üýtgeşmeler bolup geçdi. Ilkinji nobatda düýpli maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik çeşmeleriniň gatnaşygynyň üýtgemegi.

Eger-de meýilnamalaşdyryş ykdysadyýetde merkezleşdirilen çeşmeler agdyklyk edýän bolsa, onda bazar ykdysadyýetine geçilende ýagdaý düýpgöter üýtgeýär. Şeýle ýagdaý kada we tebigy prosesdir. Sebäbi bazar ykdysadyýeti ösen

ýurtlarda hususy maýa goýumlaryň köpelmegi, olaryň netijeli ulanylýandygyny görkezýär.

Düýpli maýa goýumlaryň çeşmeleriniň gurluşam üýtgeýär. Soňky ýyllarda amortizasiýanyň paýynyň ýokarlanýandygy görünýär. Sebäbi çaltlandyrylan amortizasiýanyň paýy artyp başlady.

Köp ýurtlarda firmalaryň önümçilige ugrukdyrýan peýdasynyň göwrümine az salgyt salma tejribesi ulanylýar.

**Kärhanalarda maýa goýumlaryň meýilnamalaşdyrylyşy.**

Kärhanalarda maýa goýumlary meýilnamalaşdyrmak – örän möhüm we çylşyrymly işdir. Onuň çylşyrymlylygy örän köp faktorlary hasaba almakdyr, şol sanda göz öňünde tutulmadyklaryny, şeýle-de töwekgelçiligiň derejesini hasaba almakdyr.

Bu işiň möhümliligi şundan ybaratdyr, ýagny kärhana maýa goýumlary maliýeleşdirip, ol geljek işiniň esasyny goýýar. Eger-de maýa goýumlar gowy meýilnanalaşdyrylan we amala aşyrylan bolsa, onda kärhana üstünlikli işlär, eger-de erbet bolsa, onda ol gelejekde bankrot bolar, tozar.

Umumy görnüşde kärhananyň maýa goýumynyň meýilnamasy iki bölümden ybaratdyr: portfel maýa goýumlaryň meýilnamasy we maýa goýumlary amala aşyrmagyň meýilnamasy (düýpli maýa goýumlar).

***Portfel maýa goýumlary meýilnamasy*** – bu kärhana tarapyndan paýnamalary (aksiýalary), obligasiýalary we beýleki gymmat kagyzlaryň alynmagynyň we ýerleşdirilmeginiň meýilnamasydyr.

***Real maýa goýumlaryň meýilnamasy*** – bu kärhananyň önümçilik we önümçilik däl ösüşine maýa goýumlaryň meýilnamasydyr.

Tejribede maýa goýumlaryň meýilnamasy bir bölümden bolup biler. Kärhanada maýa goýumyň meýilnalaşdyrylyşyna, goýlan maýa goýumlaryň ykdysady esaslandyrylyşyna çuň seljerme getirilmelidir.

Mysal: kärhananyň ulanylmadyk 2 mln.manat möçberinde pul serişdeleri bar; ol olary şeýle maksatlarda ulanyp biler – täjirçilik bankyna ýylda 40% deposit goýup biler; paýnamalary satyn alyp, ýylda 400 müň manat diwident almaga; önümçiligi tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrmak we rekonstruksiýa taslamany amala aşyryp, ýylda 500 müň manat arassa peýda almaga. Puluň hümmetsizlenmegi ýylda 25%. Kesgitlemeli: kärhananyň azat pul serişdelerini ilkinji nobatda haýsy maksatlara ulanmaly we name üçin?

Çözgüdi: amatly bolar ýaly maglumatlary tablisa görnüşine geçirmeli.

| № | *Maýa goýumyň ulanylýan ugurlary* | *Kriteriýalar (deposit boýunça stakwa, diwidendiň stawkasy, düşewüntlilik) (%)* | *Her ýyldaky peýda (müň manat)* | *Hadysanyň ýüze çykmagynyň ähtimallygy (birligiň bölegi)* | *Matematiki garaşmalar (müň manat)* |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Täjirçilik banklaryna depozit goýmak | 40 | 800 | 0.6 | 480 |
| 2. | Paýnamalary almak | 20 | 400 | 0.5 | 200 |
| 3. | Önümçiligi tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrmak we rekonstruksiýa taslamasyny amala aşyrmak | 25 | 500 | 0.9 | 450 |

Şu maglumatlardan görnüşi ýaly, has amatly wariant birinji wariantdyr. Sebäbi has ýokary matematiki garaşmadyr (480m.m).Peýdalylygy boýunça ikinji ýerde önümçiligi rekonstruksiýa taslamasydyr (450m.m.). Has bähbitsiz wariant ikinji wariantdyr, ol puluň hümmetsizlenmeginiň derejesini ýapmaýar.

Maýa goýumlar meýilnamalaşdyrylanda hökmany hasaba alynmaly şeýle kanunlary umumy görnüşde bellemek bolar.

Serişdeleri inwestirlemeli, eger-de ol:

- bankda saklanandan, kärhana uly peýda alýan bolsa;
- eger-de maýa goýumyň düşewüntliligi puluň hümmetsizlenmeginiň depgininden ýokary bolsa;
- diskontirlemäni hasaplap, has düşewüntli taslama;
- has pes töwekgelçilik derejesi bilen has ýokary ykdysady bähbitlilik üpjün edilýän bolsa.

Eger-de seljermäniň netijesinde, biz azat serişdelerimizi, öz kärhanamyzyň ösüşine ugrkdyrmaly diýen netijä gelen bolsa, onda şeýle ýagdaýda düýpli maýa goýumlaryň meýilnamasy işlenip taýýarlanýar.

Düýpli gurluşygyň meýilnamasy şeýle bölümlerden durýar:

1. Esasy fondlaryň we önümçilik kuwwatlyklarynyň işe girizilmeginiň meýilnama tabbşyrygy.
2. Düýpli maýa goýumlaryň möçberi we onuň düzümi.
3. Gurluşyklaryň we obýektleriň titul sanawy.
4. Taslama-gözleg işleriniň meýilnamasy.
5. Gurluşyk-gurnaw işleriniň maksatnamasy.
6. Düýpli maýa goýumlaryň ykdysady netijeliligi.

Düýpli gurluşygyň meýilnamasynyň möhüm görkezijileri bolup durýar: önümçilik kuwwatlyklaryny we esasy fondlary işe girizmek, smeta gymmaty, taslamanyň düşewüntliligi, gurluşygyň möhleti we yzyna gaýtaryjylygyň möhleti.

Kärhananyň maýa goýum meýilnamasy kärhananyň geljege saýlap alan ösüş strategiýasy bilen örän ýakyn baglanyşdyrylmalydyr.

### 3. Maýa goýumlaryň ykdysady esaslandyrylyşynyň usulyýeti.

Meýilnamalaşdyryş ykdysadyýeti döwürde düýpli maýa goýumlaryň ykdysady netijeliligini kesgitleýän resmi tassyklanan usulyýeti hereket edýärdi. Şoňa laýyklykda düýpli maýa goýumlaryň absolýut we otnositel netijeliligi kesgitlenýärdi. Düýpli maýa goýumlaryň dürli derejeler üçin absolýut netijeliligi şeýle gatnaşyklar boýunça kesgitlenýärdi:

**a)** $$E_{hh} = \frac{\triangleleft M_g}{M} \qquad G_{yg} = \frac{M}{\triangleleft M_g}$$

nirede: $E_{hh}$ – düýpli maýa goýumlaryň halk hojalyk derejesindäki absolýut netijeliliginiň koeffisiýenti;

$\Delta M_g$ – milli girdejiniň ösüşi;

M – milli girdejiniň ösüşini emele getiren düýpli maýa goýumlar;

$G_{yg}$ – düýpli maýa goýumlaryň yzyna gaýtaryjylygy.

**b)** Pudak derejesinde ($E_p$)

$$E_p = \frac{\triangleleft KAÖ}{M} \qquad G_{yg} = \frac{M}{\triangleleft KAÖ}$$

nirede: ΔKAÖ – kadaly arassa önümiň ösüşi.

**ç)** Kärhananyň derejesinde

Peýda alýan kärhanalar üçin:

$$E_k = \frac{\triangleleft P}{M} \qquad G_{yg} = \frac{M}{\triangleleft P}$$

Çykdajyly işleýän kärhanalar üçin:

$$E_k = \frac{(\ddot{O}_1 - \ddot{O}_2)U_2}{M} \qquad G_{yg} = \frac{M}{(\ddot{O}_1 - \ddot{O}_2)U_2}$$

nirede: ΔP – kärhanada, maýa goýumyň goýulmagynda peýdanyň ösüşi.
$\ddot{O}_1$, $\ddot{O}_2$ – maýa goýum goýulmazyndan öň we soň önümiň birligine (önümiň özüne) düşýän gymmaty.
$U_2$ – düýpli maýa goýumlar ulanylanylandan soň öndürilen önümiň göwrümi.

Şeýle hasaplanan düýpli maýa goýumlaryň absolýut netijeliliginiň görkezijileri normatiw ululyklar bilen deňeşdirilýärdi. Eger-de olar düýpli maýa goýumlaryň normatiw koeffisiýentlerine deň ýa-da olardan ýokary bolsa, onda düýpli maýa goýumlar ykdysady garaýyşda esaslandyrylan hasaplanýardy.

Düýpli maýa goýumlaryň normatiw koeffisiýentleriniň ululygy halk hojalygynyň pudaklarynda dürli goýulýardy we şeýle aralyklarda bolýardy – 0,07-den 0,25 çenli.

Häzirki döwürde şu usulyýetiň esasy ýetmezçiligi, düýpli maýa goýumlaryň normatiw koeefisiýenti köp derejede pes görkezilendir. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde onuň ululygy deň derejede inflýasiýanyň derejesiniň üýtgemegine deň bolmalydyr we göterim stawkalarynyň derejesinde ýa-da şoňa meňzeş ölçeglere deň bolmalydyr, mysal üçin diwidendiň stawkasyna.

Düýpli maýa goýumlaryň deňeşdirme netijeliliginiň kesgitleniş usulyýeti wariantlar boýunça getirilen (hasaplanan) çykdajylary deňeşdirmä esaslanandyr. Şu usulyýete laýyklykda, ykdysady amatly wariant hasaplanýar, haçan-da wariant minimum getirilen çykdajylary üpjün edýän bolsa, ýagny

$$Ç_i = \ddot{O}_i + E_k * M_i \rightarrow \min$$

nirede: $Ç_i$ – getirilen çykdajylaryň minimumy.
$\ddot{O}_i$ – wariantlar boýunça önümiň özüne düşýän gymmady.
$M_i$ – wariantlar boýunça düýpli maýa goýumlar.

Şeýlelikde, amatly wariant amala aşyrylanda bir ýyldaky ykdysady netije şeýle kesgitlenýär:

$$Y_n = (H_1 - H_2) = (\ddot{O}_1 + E_n M_1) - (\ddot{O}_2 + E_n M_2)*U$$

nirede: $H_1 H_2$ – wariantlar boýunça getirilen harajatlar.
$\ddot{O}_1 \ddot{O}_2$ – wariantlar boýunça önümiň özüne düşýän gymmady.
$M_1 M_2$ – wariantlar boýunça düýpli maýa goýumlar.

Düypli maýa goýumalryň netijeliliginiň deňeşdirme koeffisiýenti şeýle kesgitlenýär:

$$E_d = \frac{\ddot{O}_1 - \ddot{O}_2}{M_2 - M_1} \qquad G = \frac{M_2 - M_1}{\ddot{O}_1 - \ddot{O}_2}$$

Eger-de Ed ≥ En bolsa, onda ykdysady meýilnamada düýpli maýa goýumlar esaslandyrylan.

Şu usulyýetiň ýetmezçiligi, amatly warianty kesgitlemekde, kriteriýa (ölçeýji) bolup getirilen (hasaplanan) çykdajylar ulanylýar. Emma bazaar ykdysadyýetiniň talaplaryna köp derejede jogap berip biljek kriteriýa – peýdadyr. Mundan başga-da bu usulyýete önümiň hilini ýokarlandyrmaga ugrukdyrylýan düýpli maýa goýumlaryny esaslandyrmakda ulanyp bolmaýar, sebäbi kärhanada önümiň hilini gowulandyrmak düzgün boýunça önüm öndürmegiň çykdajylaryny artdyrýar.

Şonuň üçin-de bazaar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda maýa goýumlaryň bähbitli goýumlaryny kesgitlemek usulyýeti nazary we tejribe taýdan uly gyzyklanma döredýär. Bu usulyýet köp on ýyllyklaryň dowamynda uly bir üýgteşmelere sezewar bolmady, ol bolsa birinjiden onuň çuň nazary esaslandyrylandygyna, ikinjiden hem onuň tejribe tarapdan tassyklanandygyna şaýatlyk edýär.

Bu problemany çözmekde iki usul bardyr, şeýle bolsa-da olaryň kän umumylygy bardyr.

Birinji usulda maýa goýumyň ululygy olary ulanyp alynýan girdeji bilen deňeşdirilýär. Bu deňeşdimäni islegiň nyrhyny, tejribäniň nyrhy bilen deňeşdirip kesgitleýärler. Telekeçi maýa goýumy goýmaga höwesli, ýagny düýpli harydy edinmäge diňe şeýle ýagdaýda, haçan-da gelejekki girdeji belli bir döwür içinde goýulan maýa goýumlaryň ululygyndan az bolmadyk ýagdaýynda. Ýöne bu ululyklary nähili deňeşdirmeli?

Telekeçi haryt üçin dessine belli bir ululygy töleýär, girdejini bolsa bölekme-bölek birnäçe ýyllaryň dowamynda alýar. Şonuň üçin hem maýa goýumlaryň goýulýan pursatyndan telekeçi gelejekde gazanyp biljek girdejisiniň näçe durýandygyny kesgitlemeli. Dünýä tejribesinde şeýle hasaplamalar diskontirlemek diýilýär we şonuň netijesinde alynan ululyga diskontirlenen ýa-da gündeki gymmat diýilýär.

Belli bir döwür içinde belli bir göterim stawkalarynda (Ç) islendik girdejiniň (P) diskontirlenen gymmady (DG) deňdir:

$$G = \frac{P_r}{(1+\c{c})} + \frac{P_2}{(1+\c{c})^2} + \frac{P_3}{(1+\c{c})^3} + \ldots \frac{P_n}{(1+\c{c})^n} = \sum_{i=1}^{n} \frac{P_j}{(1+\c{c})^n}$$

Nirede: 1,2,3,…,n – ýyllar;

$P_1, P_2, P_3, \ldots P_n$ – her ýyldaky girdejiler.

Şu formuladan, belli ululygyň diskontirlenen gymmatyň ululygy şonça pes bolar, näçe göterimiň stawkasy (ç) ýokary bolsa we alynjak girdeji hem köp ýylyň dowamynda alynýan bolsa.

haryda islegiň nyrhy (IN) – bu telekeçiniň töläp biljek iň ýokary nyrhy. Ol garaşylýan arassa girdejä deňdir:

IN = AG – garaşylýan arassa girdeji.

Telekeçi şu ululykdan uly maýa goýumlar amala aşyrmaz. Sebäbi ondan ýokary ýagdaýda oňa pullaryny bankyň göterimleri peýdaly bolýar.

Mysal. Kärhananyň öňdebaryjy sehleriniň birinde tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrmak, onuň maksady bolsa öndürilýän önümiň hilini gowulandyrmak we önümçilik çykdajylaryny peseltmek bolýar.

Biznes-meýilnamanyň esasynda şeýle netijä gelinýär, ýagny sehi täzeden ýaraglandyrmak üçin 1,5 mlrd.man. maýa goýumlar gerek bolýar we ýyllar boýunça girdejiler bolar ($R_i$):

1-nji ýyl – 0,5 mlrd.man.,
2-nji ýyl – 1 mlrd.man.,
3-nji ýyl – 1,7 mlrd.man.,
4-nji ýyl – 2,5 mlrd.man.,
5-nji ýyl – 3,2 mlrd.man.

Enjamlaryň normatiw boýunça gulluk edýän möhleti 5 ýyl. Diskontyň stawkasy 12% derejede kabul edilen.

Sehiň tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrylmagynda maýa goýumlaryň netijeliliginiň görkezijilerini kesgitlemeli.

Çözgüdi:

1. Gündeki gymmaty kesgitleýäris (RV)

$$RV = \frac{R_1}{(1+E)} + \frac{R_2}{(1+E)^2} + \frac{R_3}{(1+E)^3} + \frac{R_4}{(1+E)^4} + \frac{R_5}{(1+E)^5} =$$

$$= \frac{0.5}{1+0.12} + \frac{1}{(1+0.12)^2} + \frac{1.7}{(1+0.12)^3} + \frac{2.5}{(1+0.12)^4} + \frac{3.2}{(1+0.12)^5} = 0.446 + 0.797 +$$

$$+ 0.446 + 0.797 + 0.121 + 1.59 + 1.81 = 5.853 mlrd.man$$

$$NVP = PV - CI = 5.853 - 1.5 = 4.353 mlrd.man$$

Arassa gündelik gymmat 4.353 mlrd.manatdan ybarat, ýagny položitel bolýar. Diýmek, ykdysady nukdaý nazaryndan tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrmak örän amatly.

2. Düşewüntliligiň indeksini kesgitleýäris (PI)

$$PI = \frac{PV}{CI} = \frac{5.853}{CI} = 3.902$$

Biziň mysalymyzda (PI>1), diýmek, sehi tehniki taýdan ýaraglandyrmak işini amala aşyrmaly.

3. Düşewüntliligiň içerki normasyny kesgitleýäris. Ol iterasiýa (perebor) usuly boýunça kesgitlenýär. PV azda-kände CI deň bolmaly. Onuň üçin diskontyň dürli stawkalaryny alýarys.

$$E = 30\% - de: \quad PV = \frac{0.5}{(1+0.3)} + \frac{1}{(1+0.3)^2} + \frac{1.7}{(1+0.3)^3} + \frac{2.5}{(1+0.3)^4} + \frac{3.2}{(1+0.3)^5} =$$

$$= 0.385 + 0.591 + 0.805 + 0.875 + 0.861 = 3.517 mlrd.man$$

$$E = 50\% - de: \quad PV = 0.333 + 0.444 + 0.291 + 0.238 + 0.169 = 1.4757 mlrd.man$$

Arassa diskontirlenen girdeji (ADG) ýa-da arassa getirilen gymmat (AGG). Bu gelejekdäki girdejiniň akymyny häzirki gündäki gymmatyna baha bermek. Ol şeýle kesgitlenýär, ýagny bütin hasap döwründe gündelik netijeleriň jemini ilki başky ädime getirilmegi ýa-da integral netijeleriň integral çykdajylardan artyk gelmegi. Eger-de hasap döwründe nyrhyň inflýasiýasy bolmadyk bolsa, onda arassa diskontirlenen girdeji şeýle kesgitlenýär.

$$N_{\text{int}} = ADG = \sum_{i=0}^{T} (R_t - Z_t) * \frac{1}{(1+E)_t}$$

nirede: $R_t$ – birinji ädimiň hasaplamasynda ýetilýän netijeler.
$Z_t$ – şol ädimde amala aşyrylýan çykdajylar.
T – hasaplamanyň gözýetimi.

$(R_t - Z_t) = N_t$ = birinji ädimde ýetilýän netije

Tejribede şu formulanyň ýerine modifisirleneni ulanylýar. Onuň düzüminden ($Z_t$) düýpli maýa goýumlar aýrylýar we şeýle bellenýär:

$K_t$ – birinji ädimdäki düýpli maýa goýumlar
K – diskontirlenen maýa goýumlaryň mukdary, ýagny

$$K = \sum_{t=0}^{T} K * \frac{1}{(1+E)^t}$$

Şonda ýokarda getirilen ADG formula şeýle görnüşi alar:

$$ADG = \sum_{t=0}^{T} (R_t - Z_t) * \frac{1}{(1-E)^t} - K$$

nirede: $Z_t$ – birinji ädimdäki çykdajylar, düýpli maýa goýumlaryny hasaba alynmanda.

Düzgün: Eger maýa goýum satlamasynyň ADG-y položitel bolsa, onda taslama netijeli bolýar (berlen diskontyň normasynda) we onda ony Kabul etmek soragyna seredip bilner. ADG näçe uly bolsa, şonça-da taslama netijli bolar. eger-de ADG otrisatel bolsa, onda taslama netijesiz hasap edilýär, ýagny maýa goýujy üçin ýitgilidir.

ADG-nyň ululygyny ýene-de şeýle formulada-da görkezip bolar:

$$ADG = \sum_{t=0}^{T} (R_t - Z_e^1) * \frac{1}{(1-E)^t} - K$$

nirede: t – ädimdäki çykdajylar, özem düýpli maýa goýumlar hasaba alynmadyk ýagdaýynda.

$$ADG = \sum_{t=0}^{T} (P_t + A_t H_p) * \frac{1}{(1+E)^t} - K$$

nirede: $P_t$ – birinji ädimde alnan arassa peýda.
$A_t$ – birinji ädimdäki amortizasiýa tölegleri.
T – birinji ädimdäki peýda salgytlar (paý birliginde).

Girdejililigiň indeksi (GI) bu getirilen netijeliligiň mukdarynyň düýpli maýa goýumlaryna gatnaşygydyr.

$$GI = PI = \frac{1}{K} * \sum_{t=0}^{T} (R_t - Z_e) * \frac{1}{(1+E)^t}$$

ýa-da

$$GI = PI = \frac{\sum_{t=0}^{T} * N_t}{K}$$

nirede: $\sum_{t=0}^{T} * N_t$ – getirilen netijeleriň mukdary.

K – getirilen düýpli maýa goýumlary.

Düýpli maýa goýumlar netijeli ulanmakda, önümçiligi ösdürmekde maýa goýumlary amala aşyrmak barada edilýän esaslanadyrmalar ahyrky netije däldir, sebäbi öňde düýpli gurluşyk bardy,r ýagny saýlanan taslamany amala aşyrmaly.

Taslamak we obýekti gurmak, ýagny düýpli gurluşyk gönüden-göni düýpli maýa goýumlaryň netijeli ulanylmagyna täsirini etdirýär.

Kärhanalarda düýpli maýa goýumlaryň we düýpli gurluşygyň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy şeýle ugurlar bilen ýetip bolar:

- gowy taslamany işläp taýýarlap we taslmany düzmegiň möhletini azaldyp;
- gurluşygyň möhletini azaldyp;
- progressiw gurluşyk konstruksiýalaryny, detallary we gurluşyk materiallaryny ulanyp;
- tejribede özüni gowy tarapdan görkezen tipiki taslamalaryň mümkin we maksada laýyk giňden ulanylmagy. Şeýle taslamalaryň giňden ulanylmagy çykdyjylary peseltmäge we taslamanyň möhledini azaltmaga we töwekgelçiligini çürt-kesik peseltmäge mümkinçilik berýär;
- gurluşyk-gurnaw we düzediş işlerini mehanizasiýalaşdyrmaga ;
- panel-jaý gurluşygyna gerek monolit gurluşygy pes ulanmaga;
- düýpli maýa goýumlaryň tozmagyna ýol bermän, taslamada iň öňde barýan tehnikany we tehnologiýany, özem içerki we daşarky ýetilen sepgitleriň ulanylmagy.

Ol ýa-da beýleki ugurlar we düýpli maýa goýumlaryň netijeliligini ýokarlandyrmakda anyk ýagdaýlara we kärhananyň aratynlyklaryna bagly bolýar.

Düýpli maýa goýumlar düýpli gurluşygyň çeşmesi bolýar.

***Düýpli gurluşyk*** düýp, hereket edýän kärhanalarda rekonstruksiýa we tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrmak, giňeltmek we täze kärhanalara gurmak prosesine düşünilýär.

Ol ýa-da başga obýektiň gurluşygyna ykdysady esaslandyrma we taslamak mahsusdyr.

Senagat gurluşygyny taslamaklyk örän möhüm ähmiýete eýedir, sebäbi onuň hili geljekki kärhananyň netijeli işlemegine bagly bolup durýar.

Gurluşyk taslamasy tehniki we ykdysady resminamalaryň toplumynyň bolmagyny göz öňunde tutýar. Ol diňe bir shemalar we çyzgylar bolman, eýsem ol tehniki we ykdysady hasaplamalardan durýar. Olar öz gezeginde geljekki gurluşygyň ykdysady netijeliligini delillendirýär.

Kärhananyň gurluşyk taslamasynda şeýle görkezijiler göz öňünde tutulýar: öndürilmeli önümleriň sanawy, önümçilik kuwwatlyklary, gurulmaly ýeri, çig-mal, ýangyç we energetiki bazasy, hojalyk arabaglanşygy. Önümçiligiň tehnologiýasy kesgitlenýär, tehniki taýdan üpjünçiligi kesgitlenýär, gurluşyk üçin bölünip berlen ýerleriň ulanylyşy.

Tehniki we ykdysady bölekler (taslamanyň) özarabaglanşykly we ýeke-täk tehniki ykdysady resminamany emele getirýär. Şol resminamasyz gurluşygy amala aşyryp bolmaýar.

Taslamanyň şeýle döwürleri bolýar:

1. Tehniki-ykdysady esaslandyrma (T.Y.E).
2. Tehniki taslama.
3. Işçi çyzuwlar – bular tehniki taslamanyň esasynda ýerine ýetirilýär.

Taslama çözgütlerinň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak üçin deslapky T.Y.E. geçirilýär. Maksady bellenilen gurluşygyň hökmanylygy we maksadalaýyklylygy.

Munda şeýle maglumatlar getirilýär: geljekki kärhananyň häsiýetnamasy; onuň kuwwatlylygy, öndüriljek önümleriň nomenklarurasy we assortimenti getirilýar, onuň bäsdeşlige ukyplylygy, gurulmaly ýeriň esaslandyrylmagy, beýleki kärhanalar bilen öndürilmek arabaglanşygy baradaky pikirler, ýerleşdirilmegiň bazary, düýpli maýa goýumyň hökmany möçberi we ş.m.

Soňky ýyllarda köp ýagdaýlarda T.Y.E.-iň yerine biznes-meýilnama işlenip düzülip başlandy.

Taslama bir tapgyrda ýa-da iki tapgyrda alnyp barylyp bilner. Eger-de çylşyrymly gymmat obýekt taslanylýan bolsa, onda iki tapgyr amala aşyrylýar: başda tehniki çyzuwlar, soňra işçi çyzuwlar işlenip taýýarlanýar.

Eger-de obýekt uly bolmadyk we çylşyrymly däl bolsa, onda taslama bir tapgyrda geçirilýär: şeýle ýagdaýda tehniki taslama we işçi çyzuwlary işläp taýýarlamak prosesi birleşdirilýär. Çylşyrymly obýektlery taslamada köplenç ýöriteleşdirilen taslaýjy guramalarda (institutlarda) amala aşyrylýar. Ol öz aýratynlygy boýunça pudaklaýyn we pudaklara bölüp bolar.

Kärhananyň tehniki taslamasy şeýle böleklerde durup biler:

1) Ykdysady bölüm;
2) Generalnyý (baş) meýilnama we ulag;
3) Tehnologiki bölüm;
4) Gurluşyk bölüm;
5) Gurluşygy guramak;
6) Smeta resminamalary;

Tehniki taslama tehniki-maliýe hasaplamalar bilen tassyklanandan soň gurluşygy maliýeleşdirmäge esas bolup durýar, esasy enjamlary satyn almakda.

## Tema: Kärhanalarda nyrhlaryň emele gelşi

Köp edebiýar çeşmelerinde nyrh haryt birliginiň gymmatynyň pul görnüşinde aňladylýar diýip düşündirilýär. Ýöne şeýle-de kesgitleme bardyr: “Nyrh – bu pul jemidir, ony alyjy haryda tölemäge taýýardyr, satyjy – satmaga.”

Bazar gatnaşyklary şertlerinde, islendik täjirçilik guramalary üçin nyrhyň roly örän ýokarlanýar. Şeýle ýagdaý köp sebäpler bilen şertlenendir.

Nyrhyň derejesine baglydyr:

- ☑ Täjirçilik guramalarynyň peýdasynyň ululygy;
- ☑ Guramanyň we onuň önüminiň bäsdeşlige ukyplylygy;
- ☑ Kärhananyň maliýe durnuklylygy.

Islendik kärhana öz öndürýän önümine ýa-da hyzmatlaryna nyrh goýmakda, tertipleşdirilen usulyýeti bolmalydyr. Nyrh bellemek, kesmek – çylşyrymly we köp tapgyrly işdir. Şekil – 1 seret.

Nyrh ykdysady kategoriýa hökmünde birnäçe möhüm funksiýalary (wezipeleri) ýerine ýetirýär:

***Nyrhyň hasaba alyş funksiýasy*** ol ýa-da beýleki önümi öndürmekde we ýerleşdirmekde jemgyýetçilik hökmany zähmet çykdajylaryny görkezýär. Nyrh kesgitleýär – haryt taýýarlana näçe zähmet, çig mal, material harç edilendigini. Ahyrky hasapda nyrh diňe bir önümçilik çykdajylarynyň we haryt dolanşygynyň jemi ululygyny görkezmän, eýsem peýdanyň hem ululygyny görkezýär.

Hasaba alyş funksiýada nyrh hemme gymmat görkezijileri hasaplamanyň serişdesi bolup hyzmat edýär. Olara san görkezijileri – jemi milli önüm, milli girdeji, düýpli maýa goýumlaryň göwrümi, haryt aýlanşygynyň göwrümi, firmanyň önüminiň göwrümi, şeýle-de hil görkezijileri – düşewüntlilik, zähmet öndürijiligi, fondlaryň önüm berijiligi we başgalar degişlidir.

Şeýlelikde, nyrh önümçiligiň ykdysady netijeliligini kesgitlemekde ulanylýar, hojalyk çözgütlerini kabul etmekde ugrukdyrma bolup hyzmat edýär, ol firmaiçre meýilnama serişdesidir. Şekil – 2 seret.

***Nyrhyň paýlaýyş, paýlaýjylyk funksiýasynyň*** kömegi bilen döwlet milli girdejini ykdysadyýetiň pudaklarynyň arasynda, döwlet we beýleki sektorlaryň, sebitleriň arasynda, toplaýyş we sarp ediş fondlarynyň, ilatyň durmuş toparlarynyň arasynda nyrh emele gelişiň kömegi bilen gaýtadan paýlaýar.

Bu funksiýa özüne düşýän gymmata köp salgytlaryň goşulmagynyň kömegi bilen amala aşyrylýar, soňra olar şeýle fondlaryň, ýagny pensiýa fondunyň, durmuş ätiýaçlandyryş fondunyň, ilatyň meşgulluk fondunyň çeşmesi bolýar.

***Islegi we teklibi balanslaşdyryş funksiýasy*** nyrhlaryň kömegi bilen önümçilik we sarp edişiň, islegiň we teklibiň arasyndaky aabaglanyşygyň amala aşyrylmagynda ýüze çykýar. Nyrhlar önümçilik we önümçiligiň daşyndaky proporsiýanyň bozulandygy barada habar berýärler we ony ýeňip geçmek üçin çäreleriň görülmegini talap edýär. Ol islegiň we teklibiň gabat gelmegine ýetirýän çeýe serişde bolup hyzmat edýär.

***Önümçiligi rasional ýerleşdirme serişdesi hökmünde nyrh funksiýasy*** bazar ykdysadyýeti şertlerinde has doly ýüze çykýar. Nyrh mehanizminiň kömegi bilen ykdysadyýet we önümçilik sektoryna has ýokary girdejili kapitallaryň akymy bolup geçýär.

***Nyrhlaryň höweslendiriji funksiýasy*** nyrhyň belli bir şertinde, ol ylmy-tehniki progresiň çaltlanmagyny, önümiň hiliniň gowulanmagyny, önüm öndürmegiň ösmegini we oňa islegiň köpelmegini höweslendirip bilmeginde ýüze çykyp biler. Şeýle bolmagyň sebäbi nyrhlar önümiň hiline we tehniki derejesine baglylykda differensirlenendirler. Şeýle sebäplere görä-de nyrhlar önümçilige oňaýsyz täsirini ýetirip biler.

Bazar ykdysadyýetinde harydyň nyrhy hemişe üýtgäp durýar. Şeýlelikde, bütin ýurduň ykdysadyýetinde we aýry alynan hojalyk işini amala aşyrýan subýektiň ösüşinde örän möhüm rol oýnaýandyr. Şu ýerden nyrh emele getiriş syýasatynyň möhümligi ýüze çykýar.

Nyrh ulgamy nyrhlaryň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygyny we özaragatnaşygyny häsiýetlendirýär. Ol dürli elementlerden durýar, olardan aýry nyrhlary, şeýle-de olaryň toparlaryny tapawutlandyryp bolar.

Nyrhlaryň arabaglanyşygy, aýry kärhanalaryň, önümçiligiň we pudaklaryň, önüm öndürmek üçin çykdajylaryň emele geliş proseine we beýleki faktorlara baglylygy bilen şertlendirilýär. Şonuň üçin-de bir nyrhyň ýokarlandyrylmagy ýa-da peseldilmegi beýleki nyrhlaryň derejesiniň üýtgemegine getirmegi mümkin. Şonda şeýle pudaklar bolan energetika, ulag, aragatnaşyk we beýleki pudaklar möhüm rol oýnaýarlar. Şu pudaklarda nyrhlaryň ýokarlanmagy hemme beýleki pudaklarda nyrhlaryň ýokarlanmagyna getirýär, sebäbi bu pudaklaryň önümi hemme ýerde ulanylýar. Öz gezeginde beýleki pudaklaryň önüminiň nyrhynyň ýokarlanmagy ulag serişdeleriniň, enjamlaryň örän gymmat formada gaýdyp gelmegine getirýär.

Ýurduň bazar ykdysadyýetinde hereket edýän nyrhlary, şeýle esasy alamatlar boýunça synplaşdyrylýar:

**Dolanşyga hyzmat etmek häsiýeti boýunça** tapawutlandyrýarlar:

- ☑ ***Senagat önümine lomaý nyrhlar.*** Şu nyrhlar boýunça kärhanalar öndüren önümini beýleki kärhanalara we söwda guramalara satýarlar;
- ☑ ***Satyn alyş nyrhlary.*** Bu nyrhlar boýunça oba hojalyk öndürijiler öz önümlerini firmalara satýarlar, şeýle-de senagat kärhanalaryna, soňra gaýtadan işläp taýýarlamak üçin satýarlar;
- ☑ ***Gurluşyk önümlerine nyrhlar.*** Ol şeýle nyrhlary öz içine alýarlar: smeta gymmatyny, aralyk smeta gymmatyny, şertleşilen gymmat. Bazaar gatnaşyklarynyň ösdügiçe şertleşikli nyrhlaryň täsir ediş gurşawy giňelýär;
- ☑ ***Bölek satuw nyrhlary.*** Bu nyrhlar boýunça söwda guramalary önümleri ilata, kärhanalara, guramalara satýarlar;
- ☑ ***Ýolagçy we ýük ulaglarynyň tarifleri;***
- ☑ ***Ilata tölegli hyzmatlaryň tarifi;***
- ☑ ***Daşary söwda dolanşygyna hyzmat edýän tarifler.***

Islendik nyrh özarabaglanyşykly elementleri öz içine alýar. Nyrhlaryň aýry elementleriniň göterimde aňladylan gatnaşygyna ***nyrhyň strukturasy (gurluşy)*** diýilýär. Bu gatnaşyk nyrhlaryň elementleriniň we nyrhlaryň derejesiniň ähmiýetine baha bermäge mümkinçilik berýär.

Şekil – 3. Lomaý nyrhlaryň düzümi.

Önümiň nyrhynyň esasyny önümiň özüne düşýän gymmaty tutýar. Ol kärhananyň önümi öndürmek we ýerleşdirmek bilen bagly gündelik çykdajylary häsiýetlendirýär. Islendik kärhana çykdajylarynyň öwezini doldurmaga we ýeterlik peýda almaga çalyşýarlar. Kärhananyň alan peýdasy diňe bir gündelik çykdajylary maliýeleşdirmegi üpjün etmän (mysal üçin, işgärlere maddy kömek, kärhanada işleýän pensionerler goşmaçalar, pensiýa gidýän zähmet weteranlaryna bir gezek berilýän kömekler, paýnamalaryň diwidentleri), eýsem kärhananyň ösüşini hem üpjün etmelidir.

Nyrhyň gurluşynda salgytlar möhüm ýer tutýandyrlar. Goşulan gymmata salgyt we aksizler gytaklaýyn salgytlardyr, olary ahyrky sarp edijiler töleýärler. Aksiz tölenmeli harytlaryň sanawyny häkimiýet düzýär. Oňa alkogol önümleri, temmäki önümleri, ýeňil ulaglar, mineral çig mallar we beýlekiler degişlidir. Araçyl we söwda guramalarynyň bahalary artdyrmaklary öndürijileriň önümini sarp edijilere ýetirmek bilen bagly çykdajylarynyň öwezini doldurmak we belli bir derejede peýda almaklygy üpjün edýär.

**<u>Sazlaşdyrma gurşawyna baglylykda</u>** tapawutlandyrýarlar:

- ☑ ***Erkin nyrhlar.*** Bu nyrhlary öndürijiler islegiň we teklibiň esasynda kesgitleýärler. Şeýle ýagdaýda alyjy we satyjy satyn alyş-satyş geleşigi baglaşandan öňem, soňam biri-birine hiç hili bagly däldirler.
- ☑ ***Şertnama-ylalaşyk nyrhlar.*** Bu nyrh taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenýär. Şeýle ýagdaýda satyjy we alyjy şertnama-ylalaşygy baglaşmak bilen belli bir borçlary öz üstüne alýarlar.
- ☑ ***Bazaryň belli bir böleginiň ýa-da doly mono[poliýa şertlerindäki nyrhlar.*** Ol bolsa iki tarapa-da nähili bolsa mejbury şertleri alaçsyz kabul etmäge itergi berýär.
- ☑ ***Sazlaşdyrylýan nyrhlar.*** Bu nyrhlar döwlet ýa-da aýry subýektler tarapyndan kesgitlenilýär. Sazlaşdyrmanyň göni we gytaklaýyn usullary tapawutlandyrylýar. Göni sazlaşdyrma fizkislenen nyrhlary, predel nyrhlary, goşulan bahalary, nyrhlaryň üýtgemeginiň predel koeefisiýentlerini, düşewüntliligiň (rentabelligiň) predel derejesini kesgitlemek bilen amala aşyrylýar. Gytaklaýyn sazlaşdyrma salgytlaryň we göterim stawkalaryň üýtgedilmegi bilen nyrhlara täsirini göz öňünde tutýar.

**<u>Harydyň nyrhyna ulag çykdajylaryny goşmak usulyna baglylykda</u>** tapawutlandyrýarlar:

- ☑ “franko-üpjün edijiniň ambary” nyrhy;
- ☑ “franko-iberilýän stansiýa” nyrhy;
- ☑ “franko-sarp edijiniň ambary” nyrhy.

Frankirleme ulgamy harydyň satyjydan alyja barýança, haýsy nokada çenli, ulag çykdajylaryny satyjynyň töleýändigini görkezýär, olar elbetde, harydyň nyrhyna goşulýar.

**<u>Hereket ediş wagty boýunça</u>** nyrhlar şu aşakdakylara bölünýärler:
- ☑ Berk (hemişelik) – olar şertnamanyň hereket edişiniň tutuş möhletiniň dowamynda üýtgemeýärler;
- ☑ Häzirki – bir şertnamanyň çäginde üýtgeýär we bazardaky ýagdaýynyň üýtgeýşini görkezýär;
- ☑ Möwsümleýin – belli bir kesgitlenen wagt aralygynda hereket edýär;
- ☑ Üýtgäp durian (скользящий) – uzak möhletli taýýarlanylýan önümlere kesgitlenilýär. Bu nyrhlar önümleri taýýarlamak üçin zerur bolan wagtyň dowamynda önümçilik harajatlaryndaky üýtgemeleri nazara almaklyga kömek edýär.

Nyrhlaryň synplaşdyrylmagynda statistikada ulanylýan nyrhlar aýratyn tapawutlandyrylýar:
- ☑ Häzirki;
- ☑ Ortaça;
- ☑ Deňeşdirip bolýan;
- ☑ Üýtgemeýän.

Statistiki nyrhlar umumylaşdyrylandyr, agregirlenendir. Olar nyrhlaryň ösüşinde (dinamikasynda) tendensiýalary seljermäge we ýüze çykarmaga, önümçiligiň we harytlaryň realizasiýasynyň fiziki göwrümleriniň ösüşinde (dinamikasynda) üýtgemeleri kesgitlemäge, şeýle-de bahalar bilen baglanyşykly görkezijileriň seljerilişini amala aşyrmaga kömek edýär.

Firmanyň effektiw nyrh syýasatyny işläp düzmek üçin nyrhlaryň derejesine täsir edýän faktorlary hemme taraplaýyn seljermek hökmanydyr. Olardan esasylary:
- ☑ Önüme isleg;
- ☑ Nyrhlaryň döwlet tarapyndan sazlaşdyrylyşy;
- ☑ Önümçilik we önümi ýerleşdirmek (realizasiýa) boýunça harajatlar;
- ☑ Bäsdeşlik;
- ☑ Beýleki faktorlar.

Harydyň nyrhyna **isleg** düýpli täsir edýär. Harydyň nyrhy näçe ýokary boldugyça, alyjylar şol nyrhdan hödürlenýän harytlary şonça-da az edinip bilerler. Harydyň nyrhy we oňa bolan islegiň arasyndaky baglylyk islegiň egrisinde şekillendirilýär (4-nji şekil).

Islegiň egrisi harydyň nyrhy we oňa bolan islegiň arasynda öňküsi ýaly proporsional baglylygy görkezýär.

Eger nyrhyň ýokarlanmagy bilen isleg peselýän bolsa, onda teklibiň egrisi, tersine, ýokarlanýar. Bu bolsa nyrhyň ýokarlandyrylmagy öndürijileriň satuwyň göwrümini giňeltmekde gyzyklanýandygy bilen düşündirilýar. Harydyň nyrhy bilen onuň teklibiniň arasyndaky baglylyk 5-nji şekilde görkezilýär. Islegde we teklipde deň bolan nyrha **deňagramly nyrh** diýilýär. Şol nyrh bilen hem haryt astylar (6-njy şekil). Hakykatda islegiň we teklibiň gatnaşygy olara dürli faktorlaryň täsiri netijesinde mydama üýtgeýär.

Dürli faktorlaryň täsiri astynda islegiň we teklibiň üýtgäp durmasynyň mukdar ölçegi üçin **çeýelik** düşünjesi ulanylýar. Çeýelik nyrhyň nähili derejede üýtgemegi islegiň derejesine täsir edýändigi hakynda düşünje berýär.

Nyrhyň çeýelik derejesi çeýelik koeffisiýentiniň ($K_e$) esasynda ölçenilýär:

$$K_e = \frac{Q_2 - Q_1}{Q_1 + Q_2} : \frac{P_2 - P_1}{P_1 + P_2}$$

bu ýerde: $Q_1$ – öňki nyrhlar boýunça satuwyň göwrümi;
$Q_2$ – täze nyrhlar boýunça satuwyň göwrümi;
$P_1$ – önümiň öňki nyrhy;
$P_2$ – önümiň täze nyrhy.

Dürli harytlara isleg çeýe we çeýe däl bolup biler. Çeýe islegde çeýelik koeffisiýantiniň alamaty 1-den köpdür. Hem-de tersine, çeýe däl islegde, haçan-da nyrhyň üýtgemegi şol haryda bolan islegde kän bir üýtgemeleri ýüze çykarmaýan bolsa, onda çeýelik koeffisiýenti 1-den azdyr. Çeýe däl islegli harytlara, mysal üçin, gündelik islegli harytlar, esasanam gymmat bolmadyk harytlar we ş.m. degişlidir.

Nyrh emele getirmekde döwlet düýpli rol oýnaýar, ol dolandyryjy funksiýasyny (wezipesini) amala aşyrýar. Kämilleşmedik bazar şertlerinde ýüze çykýan deňagramly nyrh jemgyýetde optimal ýagdaýa we durnuklylyga ýardam bermeýär. Şonuň üçin döwlet dolandyrylýan nyrhlary kesgitlemek bilen deňargamlylygyň täze şertlerini maksadalaýyk döredýär. Şeýle bolsa-da aşakdaky ýagdaýlary göz öňunde tutmak hökmanydyr:

- ☑ Birinjiden, döwlet tarapyndan kesgitlene nyrh islegiň we teklibiň üýtgemeginiň täsiri astynda ýeterlik derejede çalt üýtgemeýär, şol sebäpli harytlaryň gytçylygy ýa-da agdyklyk etmegi mümkin;
- ☑ Ikinjiden, nyrh emele getirmek prosesinde döwletiň goşulmagyndan doly boýun gaçyrmagy jemgyýeti pudaklaryň we monopol-kärhanalaryň nyrh derejesine täsir etmek mümkinçiliginden mahrum edýär, şeýle-de ilaty, aýratynam onuň pes üpjünçilikli gatlaklaryny durmuş taýdan goldawyndan mahrum edýär.

Şonuň üçin bazar şertlerinde, aýratynam geçiş döwründe, nyrh emele getirmegi döwletiň düzgünleşdirmegi güýçlenýär.

Nyrh derejesine, şeýle-de bäsdeşlik täsir edýär, ol firmanyň özüniň harytlaryny kämilleşdirmegine, oňa nyrhyň jikme-jik esaslandyrylmagyna itergi berýär. Şunuň bilen birlikde firma ýa satyjynyň bazaryna, ýa-da alyjynyň bazaryna ugrugyp biler.

Nyr derejesine

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhananyň maliýe ýagdaýyna düýpli täsir edýän has wajyp sintetiki görkezijileriň biri nyhrdyr. Şonuň üçin, önümiň nyrhyny hasaplamak bilen, telekeçiler onuň optimal bolmagyna çalyşýarlar.

Kärhana tarapyndan kesgitlenýän önümiň nyrh derejesi, köplenç, kärhananyň golaý wagtda we gelejekde nähili maksatlary goýýanlygy bilen kesgitlenilýär. Tejribäniň görkezişi ýaly, bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhananyň şu aşakdaky nyrh strategiýalary has ýaýrandyrlar:

- ☑ Ortaça (aram) düşewüntlilikde bazarda durnukly ýagdaýy saklamak;
- ☑ Bazardan “saýlamalary (gaýmagy) aýyrmak” ýoly bilen ýokary girdeji almak;
- ☑ Bäsdeşleri gysyp çykarmak;
- ☑ Bazar şertlerinde galmagy (gysyp çygarylmagyndan üstün çykmak) üpjün etmek we bankrotlygyň (batmaklygyň) öňüni almak;
- ☑ Täze önümi bazarda ornaşdyrmak;
- ☑ Hil görkezijileri boýunça liderligi gazanmak we ş.m.

Kärhananyň işiniň bahalarynda nyrh syýasatynyň saýlawy esaslandyrylandyr. Her bir nyrh strategiýasy položitel we otrisatel häsiýetleriniň jemine eýedir. Şonuň üçin, mysal üçin, olaryň biriniň Kabul edilmegi beýlekisiniň artykmaçlygynyň inkär edilmegi getirýär. Netijede hakykatyň real bahalandyrylyşy kärhananyň işinde nyrh emele getirmegiň garyşyk strategiýasyna ugrukmaklygyň zerurlygyna getirýär.

Her bir firmanyň öz önüminiň goýberiş nyrhyny kesgitlemeginiň anyk we tertipleşdirilen usulyýeti bolmalydyr. Anyk kesgitlenen nyrh syýasatynyň ýoklugy kärhananyň dürli gulluklarynyň şol ugurlarda çözgütleri kabul etmeginde kesgitsizligi ýüze çykarýar, bu çözgütleriň ylalaşylmazlygyna getirip biler. Netijede kärhanalar bazarda has gowşak bolup başlaýar, kärhana peýdada we düşewüntde ýitgileri çeker.

**Kärhanada nyrh emele getirmek** prosesini şu aşakdaky esasy tapgyrlarda görkezmek bolar:

- ☑ Nyrh emele getirmegiň maksatlaryny (meselelerini) goýmak;
- ☑ Önümiň şol görnüşine islegiň derejesini kesgitlemek;
- ☑ Önümçilik harajatlarynyň bahasy we önüme nyrhlaryň sazlaşdyrylyşynyň derejesi;
- ☑ Nyrhlaryň we bäsdeşleriň harytlarynyň seljerilişi;
- ☑ Nyrh emele getirmek usulyny saýlamak;
- ☑ Önümiň başlangyç nyrhynyň hasaplaşygy;
- ☑ Goşmaça faktorlaryň önümiň nyrhyna täsiriniň hasaby;
- ☑ Gutarnykly nyrhy kesgitlemek.

Nyrh emele getirmekde kärhananyň strategiýasynyň saýlanyşy we bahalandyrylyşy örän çylşyrymlydyr, ol köp ünsi we prosesiň köpçülikleýin tagallalaryny talap edýär. Kärhana saýlaw etmek bilen ösüşiň şol ýa-da başga

wariantyny ileri tutýar. Ösüşiň her bir ugrunyň öz artykmaçlyklary we kemçilikleri (plýuslary we minuslary) bardyr. Mysal üçin, önümi ýerlemekde bazar paýyny ulaltmak strategiýasyny kärhananyň kabul etmegi, esasanam, bäsdeşleriň nyrhyna garşy nyrhlary peseltmek bilen baglanyşyklydyr. Bu bolsa girdejiniň azalmagyna getirýär. Ygtybarly tölege ukyply buýrujylara gönükmeklik şeýle-de kärhanany nyrh derejesinden el çekmeklige mejbur edýär. Aýry ýagdaýlarda firma bir wagtda birnäçe maksatlary öz öňünde goýup biler, mysal üçin, önümiň hilini gowulandyrmak bilen önümiň satuw göwrümini ýokarlandyrmak we goýlan kapitala düşewündiň kesgitli derejesini üpjün etmek. Islendik ýagdaýda kärhananyň nyrh syýasaty berk fiksirlenen däldir, mizemez däldir. Ol bazar ýagdaýynyň üýtgemegi bilen elmydama üýtgäp durýar, şonuň üçin ulgamlaýyn dessin gönükdirmä (operatiw korrektirlemä) mätäçdir.

Nyrh emele getirmek we harytlara nyrhlary esaslandyrmak strategiýalarynyň effektiw amal edilmegi (realizasiýasy) üçin kärhananyň işlejek bazarlaryny kesgitlemek zerurdyr. Bu dürli bazarlaryň mümkinçiliklerini we bazar islegini kanagatlandyrmakda kärhananyň mümkinçiliklerini deňeşdirmäge kömek edýär.

**Satuw bazaryny kesgitlemekde** şu aşakdakylary göz öňünde tutmalydyr:

- ☑ Ýurduň içerki bazarynda kärhananyň iş gurşawy. Bu bazarlar iş şertleri we hukuk dolandyryş normalary boýunça düýpli tapawutlandyrylýar;
- ☑ Bazarlaryň territorial geografiýasy;
- ☑ Şäher we oba bazarlarynyň aýratynlyklary;
- ☑ Gündelik isleg bazarlarynyň we maliýe isleg bazarynyň tapawutlary. Gündelik isleg bazarlaryna sarp edişe gidýän harytlaryň satylýan bazarlary degişlidir. Maliýe isleg bazarlaryna – esasy serişdeleriň we maddy aýlanyşyk serişdeler bazarlary degişlidir.

Kärhananyň nyrh strategiýasy harydyň haýsy durmuş sikliniň fazasyndadygyna baglydyr. Nyrh täze harydy ornaşdyrmak fazasynda, düzgün bolşy ýaly, ýokary; ösüş fazasynda – birnäçe aşakda; ýetişik we pese gaçyş fazasynda ol peselmegi dowam edýär.

Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş faktorynyň hasaba alynmagy kärhana üçin wajypdyr. Döwlet işjeň nyrh syýasatynyň kömegi bilen arassa bazar hojalygy üçin peýdaly bolmadyk işewürligi (uzak möhletleýin ylmy-tehniki işläp taýýarlamalar, ulag, aragatnaşyk, şäher hojalygy er we ş.m.) öndürijiler üçin girdejili edip biler. Bu ylalaşyk nyrhlarynyň dürli görnüşleri arkaly hem-de döwlet tarapyndan buýurmalary we satyn alynmalary arkaly amala aşylýar.

Haryda maksimal nyrh – islege laýyklykda, minimal nyrh bolsa – önümçilik harajatlaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Emma harydyň nyrhyna bäsdeşleriň harytlarynyň nyrhy we hili düýpli täsir edýär. Şu maksat bilen deňeşdirme satyn almalar amala aşyrylýar, olary seljermegiň esasynda bäsdeşleriň önüniniň nyrhy we hili barada netije çykarylýar.

Telekeçiler bäsdeşlik şertlerinde öz önümini ýerleşdirmekde harydyň optimal nyrhyny tapmaga çalyşýarlar. Harydyň hakyky nyrhy islegiň we teklibiň deňeşdirilmeginiň esasynda bazarda kesgitlenilýär. kärhananyň hasaplan optimal nyrhynyň hakyky nyrh derejesine ymtylmagy wajypdyr.

Kärhananyň anyk şertlerine we maksatlaryna baglylykda tejribede haryda çak edilýän nyrhy hasaplamagyň dürli usullary ulanylýar. Bu usullaryň ählisi 2 toparda birleşýärler:

- ☑ Çykdajyly çemeleşmeleriň esasyndaky usul;
- ☑ "Maksatlaýyn nyrh emele getirmek" esasyndaky usul.

Usullaryň birinji topary hasaplaşyklaryň ýönekeýligi bilen tapawutlanýar. Bu hasaplaşyklaryň esasy prinsipi firmanyň almaklygy meýilleşdirýän girdejisiniň kesgitli bir jemini, önümi öndürmeklige edilýän harajatlara goşmaklykdan ybaratdyr. Çykdajyly çemeleşmede esaslandyrylan nyrhlaryň hasaplaşyklarynyň birnäçe dürli görnüşleri bardyr.

**"Doly çykdajyly"** usuly boýunça önümçiligiň harajatlarynyň kalkulýasiýasyna üýtgeýän we hemişelik harajatlar girizilýär. Girdejiniň göwrümi fiksirlenen hem-de üýtgeýän bolup biler. Bu usul boýunça nyrhlary kesgitlemekde bazar şertleriniň we talaplarynyň hasaby kän bir ähmiýete eýe däldigi çak edilýär. Şeýlelikde, firma özüniň harydynyň ýerleşdirilişine ynanýar.

"Doly çykdajyly" usul döwlet şertnamalary, täze ýa-da unikal enjamlaryň üpjün edilişine şertnamalary baglaşmakda ulanylýar. Mysal üçin, Beýik Britaniýada "harajatlaryň doly öwezini dolmak" bilen şertnamalary baglaşmak enjam gurluşyk, maşyn gurluşyk, himiýa senagatynda ulanylýar, olarda nyrhlar şertnamanyň ýerine ýetirilişinde ýa-da haryt bilen üpjün edilende kesgitlenilýär.

**"Ortaçalaşdyrylan çykdajylar"** usuly nyrhlar kesgitlenilende kalkulýasiýa önümiň bir birligini öndürmekde doly däl-de, ortaça çykdajylaryň goşulmagyndan ybaratdyr. Ortaçalaşdyrylan çykdajylar köplenç ykdysady sikliň dowamynda kesgitlenýäler. Ortaçalaşdyrylan çykdajylaryň göwrümi öndürilýän önümiň göwrüminiň näçe ýokary boldugyça, şonça-da azdyr, sebäbi ortaça hemişelik çykdajylar önümçiligiň göwrümine baglylykda tersdirler.

**"Önümçiligiň standart harajatlary"** usulynda çykdajylar önümçilik prosesiniň başlamazyndan öň hasaplanylýar. Bu usul esasanam senagatyň ýokary monopolizirlenen pudaklarynda ulanylýar. Köplenç, ABŞ-da ol himiýa senagatynda, oba hojalyk maşyngurluşygynda, gara metallurgiýada ulanylýar.

**"Maksatly nyrh emele getirmekde"** önümçilik harajatlary şeýle-de hasaplaşyklaryň başlangyç elementi bolup durýarlar. Emma çykdajyly usuldan tapawutlylykda girdeji önümçilik harajatlaryna göterim gatnaşygynda kesgitlenilmän, eýsem her bir anyk önümiň özbaşdak ululygy bolup durýar. Bu usulyýet önümçiligiň ýitgisizliginiň seljerilişine esaslanýar. Nyrh emele getirmegiň bu usuly ABŞ-nyň iri korporasiýalarynda ulanylýar. Köplenç, "General Motors" öňdebaryjy awtomobil korporasiýasy öz awtomobillerine nyrhlary özi kesgitleýär, ýagny goýlan kapitala laýyklykda 15-20% girdeji almaklygy göz öňünde tutmak bilen.

"Maksatly nyrh emele getirmek" usulynyň ulanylmagy "direkt-kosting" göni çykdajylary hasaba almak ulgamyny ulanmak bilen berk baglanyşyklydyr. Başgaça aýdylanda, bu ulgama "özüne düşýän gymmaty dolandyrmak ulgamy" diýilýär. "Direkt-kosting" ulgamy bazar ykdysadyýetiniň atributy bolup durýar. Bu ulgamyň manysy – çykdajylary önümçiligiň göwrüminiň üýtgemelerine baglylykda üýtgeýän we hemişelik önümçilige bölmekdir. Bu ulgamyň has wajyp analitiki

mümkinçilikleri şu aşakdakylardan ybaratdyr: öndürilýän önümiň girdejisini we assortimentini optimallaşdyrmak; täze önüme nyrhy kesgitlemek; kärhananyň öndüriji kuwwatlyklarynyň üýtgeme wariantlaryny hasaplamak we ş.m.

“Maksatly nyrh emele getirmek” usulynda firma nyrhyň haýsy derejesinde saöwda göwrümini gazanyp boljakdygyny göz öňünde tutmaly, ýagny bu söwda göwrümi jemi harajatlaryň öwezini dolmaga we maksatly girdejini almaga kömek edýär. Eger hemişelik çykdajylar, önümiň birliginiň nyrhy, önümiň birligine üýtgeýän çykdajylar, şeýle-de girdejiniň hasaplaşyk (garaşylýan) jemi belli bolsa, onda söwda göwrümi şu aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$g_{pl} = \frac{Z_c + R_{pl}}{C - Z_v}$$

bu ýerde: $g_{pl}$ – söwda göwrümi, maksatly girdejini almagy üpjün edýär;
$R_{pl}$ – girdejiniň meýilnama jemi;
$Z_c$ – önümiöndürmegiň tutuş göwrümine hemişelik çykdajylar;
$Z_v$ – önüm birligine hasaplanylan üýtgeýän çykdajylar;
C – önümiň nyrhy.

Ösen bazarda öndüriji özüniň ýagdaýyny önümine bolan isleg, onuň bäsleşik häsiýetleri we birnäçe beýleki görkezijileri bilen kesgitleýär. Kärhanalar harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhyna diňe bir häzirki däl, eýsem geljek döwrüň çykdajylaryny hem goşýär, ýagny gelejekde çig mala, önümi ýygnaýjylara, işçi güýjüne nyrhyň galmagyny hem göz öňünde tutýar.

Önümiň nyrh derejesi kärhananyň işiniň maliýe derejesine gönüden-göni täsirini ýetirýär. Nyrh näçe ýokary boldugyça, şonça-da girdejiniň jemi ýokarydyr. Goýberiş nyrhyň üýtgemeginiň täsiri astynda önümiň satylmagyndan alynýan girdejiniň üýtgemegi şu usul boýunça kesgitlenilýär:

$$\triangleleft C_1 = \sum C_1 g_1 - \sum C_0 g_1$$

bu ýerde: $\Sigma C_1 g_1$ – hasabatlylyk ýylyň nyrhlarynda hasabatlylyk ýylynda realizasiýa (C – önümiň nyrhy, g – önümiň mukdary);
$\Sigma C_0 g_1$ – bazis ýylyň nyrhlarynda hasabatlylyk ýylynda realizasiýa.

Şekil – 1.

**Nyrhyň emele gelşiniň yzygiderligi**



Şekil – 2.

**Firmanyň nyrh syýasaty**



Şekil – 3.

**Firmanyň nyrh syýasaty**

<table>
<tr><td>Önümiň özüne düşýän gymmaty</td><td>Kärha-nanyň peýdasy</td><td>Aksiz (aksize degişli harytlar)</td><td>Goşulan gymmata salgyt</td><td>Araçyl guramalaryň çykdajylary</td><td>Söwda gurama-laryň çykdajy-lary</td></tr>
<tr><td colspan="4">Kärhananyň goýberiş nyrhy</td><td></td><td rowspan="2"></td></tr>
<tr><td colspan="5">Lomaý bazar nyrhy</td></tr>
<tr><td colspan="6">Bölek satuw nyrhy</td></tr>
</table>

Şekil – 4.

**Islegiň egrisi**




Şekil – 5.

**Teklibiň egrisi**



Şekil – 6.

**Deňagramly nyrh**




## Tema: Kärhanalarda zähmet haky

Zähmet haky durmuş-ykdysady kategoriýa ýaly hökmünde iş berijä we işgäre roly we ähmiýeti garaýyşdan seredilmegini talap edýär. Işgär üçin – zähmet haky şahsy girdeýjisiniň baş we esasy maddasy bolup durýar, onuň we maşgala agzalarynyň hal ýagdaýynyň derejesini ýokarlandyrmagyň serişdesidir. Şu ýerden hem zähmet hakynyň höweslendiriji roly ýüze çykýar ýagny gazanýan sylaglarynyň ululygyny ösdürmek üçin ol iş netijelerini gowlandyrmalydyr. Iş beriji üçin – işgäriň iş haky önümçilik harajatlarynyň esasy maddalarynyň biridir.

Bir tarapdan, iş beriji üçin önüm birligine işçi güýjüniň udel çykdajylarynyň peselmegini gazanmakdyr, beýleki tarapdan-onuň hilini ýokarlandyrmaga höweslidir, diýmek, eder-de işgärleriň inisiatiwasyny (başlangyçlary) höweslendirmegiň hasabyna, kärhananyň peýdasy ösdürülýän bolsa, ol hemme çykdajylary amala aşyrar.

Zähmet haky esasy üç funksiýany (wezipäni) ýerine ýetirýär:
- üznüksiz önümçilik;
- motiwasiýa (fransuz sözi-motif-herekede itergi berýän güýçler);
- sazlaşdyryjy.

Üznüksüz önümçilik funksiýa işgäre, ýeterlik derejede maddy eşretleri we hyzmatlary sarp etmegi üpjün edýär, ol bolsa öz gezeginde önümçüligiň tehniki we durmuş faktorlarynyň üýtgeýän şertlerinde işçi güýjüni kadaly üznüksiz öndürmäge we intellectual (aň) potensialyny (mümkünçiliklerini) ýokarlandyrmaga mümkünçilik berýär.

Motiwasiýa funksiýa işgärleri zähmet aktiwlige (işjeňlige) zähmetiň netijelligini ýokarlandyrmaga höwesini artdyrmakdan ybaratdyr. Şu maksada, zähmet hakynyň ululygynyň zähmetiň netijesine baglylygyň ýola goýulmagyny üpjün edýär. Şu funksiýany kärhananyň ýolbaşçylary anyk zähmet haky ulgamlaryň üsti bilen amala aşyrylýar.

Sazlaýjy funksiýa işgärleriň we iş berijileriň bähbitlerini balanslaşdyrmak roluny ýerine ýetirýär. Ol kärhananyň önümine we hyzmatlaryna islegi, şeýle-de zähmet bazarynda işçi güýjini kadalaşdyryjy bolýar.

Kärhanalarda zähmet hakyny guramak mehanizimi göniden-göni işçi güýjüniň bahasynyň hähmet hakyna öwrülmek prosesini aňladýar. Zähmet hakyny guramagyň üsti bilen, işgäriň we iş berijiniň bähbitlerinde kompromiss (ylalaşyk) gazanylýar. Bu bolsa öz gezeginde bazaar ykdysadyýetini herekete getiriji iki güýjüň durmuş partnerlik gatnaşyklarynyň ösmegine ýardam berýär.

Zähmet hakynyň ululygyny diňe bir işgäriň alýan puly kesgilemän, eýsem, ol şol pula alyp biljek zatlarynyňam möçberini kesgitleýär, ýagny puluň satyn alyp bilijilik ukyby zähmet hakynyň nominal we real gatnaşyklary bilen kesgitlenýär.

Nominal zähmet haky – bu salgytlara we hökmany töleglere bagly bolman işgärleriň zähmet hakyna hasaplanyp çykarylan pullaryň jemidir.

Ygtyýaryndaky garamagyndaky zähmet haky- bu girdeji, salgydyň we hökmany tölegleriň aýrylmagynda zähmete hasaplanyp çykarylan tölegleriň jemidir.

Real zähmet haky – bu nominal zähmet hakyna alyp boljak maddy eşretleriň we hyzmatlaryň sanydyr, ýagny nominal zähmet hakynyň satyn alyp bilijilik ukybydyr. Mysal üçin, nominal iş hakynyň 15% ýokarlanmagynda, nyrhlaryň 20% ösmegi (salgyt tölegleriniň ütgemeýän şertlerinde), real zähmet hakynyň 4.2% peselmegine getirer (115:120*100-95,8).

Şeýle-de zähmet hakynyň pul we pul däl formalaryny tapawutlandyrmalydyr. Pul formasy esasydyr, sebäbi bazaar ykdysadyýetinde, haryt-pul gatnaşyklarynda, pul ähliumumy ekwiwalentlik roluny ýerine ýetirýär. Haçan-da nagt pullaryň ýok wagtynda, kärhana, işgärler bilen öndürýän önümi bilen hasaplaşyp biler, ol bolsa öz gezeginde öz maşgalasy bilen şahsy sarp edip biler ýa-da satyp bile (ýa-da başga haryda çalşyp biler).

Zähmede tölegleriň gurluşy (struktura), zähmet hakynyň umumy ululygynda anyk elementiň paýyny özüne düşýän gymmadyň we peýdanyň haýsy maddalarda görülýändigini, nähili, esasy elementleriň zähmet töleglerine girýändigini kesgitlemäge mümkünçilik berýär.

Suratda kärhananyň işgärleriniň zähmede tölegleriniň gurluşy umumy görnüşde görkezilýär.

Surat1. Kärhananyň işgärleriniň zähmete tölegleriniň gurluşy.




**Esasy iş haky** – bu tariflaryň stawkalaryň we okladlaryň (aýlyklaryň) kömegi bilen zähmete tölegleri aňladýar. Esasy zähmet hakyny hasaplap çykarmak metody, zähmete töleg metodyna bagly bolýar.

Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda zähmete tölegleriň düzüminde esasy zähmet haky 80-90% tutýar. Şeýle ýagdaýa işgärleriň iş berijisi hem höwesli.

Belli bolşy ýaly peýda köplenç ýokary düşewintliligiň hasabyna üpjün edilmän eýsem, ýerleşdirilen önümüň göwrünininiň ösmeginiň hasabyna üpjün edilýär. Şonuň üçin-de kärhananyň zähmet hakynyň hemişelik böleginiň paýynyň ýokary bolmagyna höweslidir. Mundae başga-da üýtgeýän bölegi sazlaşdyrmak işiň köp görkezijilerini, hasaba almagy we zähmet talap ediji işdir, özem dolandyryş çykdajylaryň ösmegine getirýär. Goşmaça zähmet haky artdyrlan pullaryň we goça tölegleriň dürli görnüşlerini öz içine alýar. Goşmaça tölegleriň maksady-zähmet şertleriniň obýektiw tapawutlylygynda işçi güýjüniň goşmaça çykdajylarynyň öwezini dolmakdyr. Olara şular degişli diýip bolar: zähmete amatly we zyýanly şretlere goşmaça tölegler, agşamky we gijeki çalşykdaky işlere goşmaça tölegler, çalşygyň dogamynda iş bilen meşgullanýan derejesine goşmaça tölegler we başgalar.

Köplenç artdyrlan pullar we goşmaça tölegler otnositel ululykda kesgitlenýär we inflýasiýa hasaba alnyp, tarif stawkalara we okladlara düzediş girizilýär.

Artdyrlan pullar önümüň hilini we şahsy zähmetiň netijeliligini ýokarlandyrmagy höweslendirmek üçin ulanylýar. Olara degişlidir: Ýolbaşçylara we hünärmenlere kwalifikasiýasy üçin personal (ýörite) artdyrlan pullar; işleri bilelikde alyp barýany we goşmaça borçlary ýerine ýetireni üçin artdyrlan pullar.

<u>Ahyrky netijeler üçin sylaglar</u> – kärhananyň işinde we aýry bölümlerde ýetilen belli bir netijelere töleglerdir. Şeýle sylaglar, ahyrky netijäni höweslendirmäge ugrukdyrylandyr. Şeýle netijelere tölenýär: zähmet öndürüjini

öndüreni üçin; önümüň hilini ýokarlandyrany üçin; resurslary tygşytlany we beýleki üstünlükler üçin.

Köplenç, netijeli görkezijiler yyllyk we kwartallyk meýilnamada görkezilýär. Eger-de olar meýilnamadan artyk ýerine ýetirilende, goşmaça zähmet töleg fondy döreýär, ol bolsa sylaglara gönükdirilýär.

Esasy netijelere sylaglar, ýylyň dowamyndaky işleriň jemine, kärhananyň alan peýdasynyň hasabyna tölenýär we ýokary, ahyrky iş netijeleri höweslendirilýär. Peýdadan diwidentlerem tölenýär.

Durmuş tölegleri – otnositel uly bolmadyk, ýöne zähmet hakynyň özbaşdak elementi. Şeýle maddalar çykdajylara doly ýa-da bölekleýin tölenip biliner: ulag, lukmançylyga tölegler we dermanlara, işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň ömrüni meýletin ätiýaçlandyrmaga, aýry işgärlere maddy kömekler we başgalar. Durmuş tölegleri, kärhananyň peýdasyndan amala aşyrylýar we onuň maksady kärhananyň hasabyna, işgärlere durmuş kepilliklerini we eşretleri üpjün etmekdir.

**Zähmet hakyny guramagyň mehanizmi** diýip, işgärlere nominal iş hakyny kesgitlemegiň we tölemegiň düzgünine düşünilýär.

Kärhanada zähmet hakyny guramak şulary öz içine alýar:

- esaslandyrylan zähmet normany kesgitlemäni (wagt normany, öndürmek normany, hyzmat etmek normany, işgärleriň san normasyny, dolandyryş normasy);
- tarif ulgamyny işläp taýýarlamagy;
- zähmete tölegleriň formalaryny we ulgamlaryny kesgitlemäni.

Zähmet normalary, zähmediň dürli görnüşleriniň arasyndaky gatnaşyklary optimallaşdyrmakda esas bolýar, olar anyk iş ýerine ýetirilende zähmet çykdajylaryny obýektiw san boýunça baha berilende hökmandyr.

**Zähmete tölegleriň tarif ulgamy** – bu işgärleriň dürli toparlarynyň we kategoriýalarynyň, zähmediniň hil häsiýetnamasyna baglylykda, zähmet hakyny sazlaşdyrmagy we diferensirlemegi amala aşyrmaga mümkinçilik berýän normatiwleriň jemidir.

Tarif ulgamy şeýle elementleri öz içine alýar: tarif setkasyny (toruny), tarif stawkasyny, tarif-kwalifikasiýa sprawoçnigini (maglumatlar depderçesi).

**Tarif tory (setka)** – razrýadlaryň şkalasy (ululyklaryň hatary), olaryň hersine zähmede tölegleriň koeffisiýentleri berilendir. Koeffisiýent, belli bir razrýadly işçiniň zähmeti, birinji razrýadly işçiniň zähmet hakyndan näçe esse köp hak töleýändigini görkezýär. Kärhana razrýatdan razrýada ösüş düzgünini özbaşdak kesgitläp bilýär (deň ýa-da çaltlandyrlan).

**Tarif stawkasy (haky)** – işçileriň, dürli toparlarynyň zähmedine işiň wagt birliginde tölegleriň ululygydyr.Ol sagatlaýyn, günlaýin, aýlaýyn bolup biler.Başlangyç bolup birinji razrýadyň tarif stawkasy (haky) ulanylýar, sebäbi ol iň ýönekeý zähmediň töleg derejesini kesgitleýär.

**Tarif kwalifikasiýa sprawoçnigi (maglumat beriji kitapça)** – işgärleriň kwalifikasiýasy baradaky häsiýetnama saklanýan normatiw resminamalarynyň (jemidir) ýygyndysydyr. Hereket edýän kitapçada, işçileriň ýörite bilimine ýokary talaplar bildirilýär. Kitapçada kwalifikasiýa häsiýetnamalar köplenç üç bölümden durýar.

1. “Işiň häsiýeti we şertleri” – bu bölümde işleýaniň razarýadyna baglylykda ýerine ýetirmeli işine borçlulygy, özbaşdak ýerine ýetirip bilmeginiň derejesi görkezilýär hem-de işleýäniň guralyny sazlap bilmegi, gerek materiallary işläp bejermäge taýýarlamagyň tertibi we başgalar görkezilýär.

2. “Bilmäne borçly” – bu bölümde, şol şleri ýerine ýetirmek üçin işçä gerekli nazary we tejribe bilim minimumy görkezilýär.

3.“Iş mysallary” – şol razrýada degişli anyk işleriň sany we örän häsiýetli işleriň mysallary getirilýär.

Häzirki döwürde kärhanalar özüniň zähmede töleg syýasatyny özbaşdak guraýar, özem ol syýasat aýratyn maslahat beriji häsiýetde bolmalydyr. Şeýle ýagadaýda, ol eýeçiligiň islendik görnüşinde ulanyp biliner.

Häzirki döwürde zähmete tölegleriň tarifsiz ulgamy giň gerim aldy. Bu ulgamda kepillendirilen stawkalardan ýüz öwürmek we zähmet hakyny kärhananyň harytlaryna (hyzmatlaryna) isleg bilen baglaşdyrmak synanşygy amala aşyrylýar.

Kärhananyň tutuş zähmete töleg syýasatyny şeýle faktorlar kesgitlemelidir:

- kärhananyň maliýe ýagadaýy ony hojalyk işiniň netijeleri kesgitleýär;
- hünäre degişlilikde sebitdäki işgärleriň arasyndaky işsizligiň derejesi;
- zähmet hakyny döwlediň sazlaşdyryşynyň derejesi;
- bäsdeşleriň (basdaşlaryň) töleýän zähmet hakynyň derejesi;
- iş berijileriň birleşiginiň we arkalaşygyň täsiri.

Iş hakynyň adaty iki formasy bardyr.Birinjisi wagt hasabynda tölenýän zähmet haky, ikinjisi – ýerine ýetirilen işe ýa-da zähmete potratlaýyn hak tölemek. Zähmete tölegiň ikinjisi birnäçe ulgamlara bölünýär: göni potrat, sylagly potrat, progressiw potrat, gytaklaýyn ýa-da ikinji derejeli potrat, akkord ýa-da şertnamaly, şertleşikili.

Wagt hasabynda tölenýän zähmet haky şeýle görnüşlere bölünýär: ýönekeý, wagt hasabyndaky sylagly, wagt hasabynda normirlenen tabşyryk ýerine ýetirilende sylagly görnüşi.

Surat 2. Zähmet hakynynyň formalary we ulgamlary



**Ýönekeý potrat** şeýle kesgitlenýär, ýagny hemme öndürilen önümi önümiň birligine goýlan baha köpeldilýär.

**Sylagly potrat** ýönekeý potradyň üstüne öndürilen önümiň hilini we sanyny artdyrany üçin işçä berilýän sylaglaryň goşulmagydyr.

**Progressiw potrat** esasy önümçilik bölimlerinde ulanylyar, sebäbi olar beýleki aýratyn bölimleriň işini kesgitleýär. Bu ulgamda işçilere iş şertnamalaryny artygy bilen ýerine ýetireni üçin prograssiw ösýän bahalarda iş haky tölenýär, şeýle ulgamda zähmet haky,zähmet öndürjiliginden çalt ösýär.Örän çäkli ulanylýar.

**Gytaklaýyn** potratça işçiniň iş haky onuň hyzmat edýän potratçylarynyň iş netijelerine bagly bolýar. Köplenç şeýle iş haky kömekçi işçilere tölenýär, sebäbi olaryň işi köp derejede potratçylaryň iş netijeliligine uly täsir edýär.

**Zähmet hakynyň akkort ulgamy** – bu ýerini ýetirilen işe hak tölemäniň bir görnüsidir.u ulgamda yerine yetirilmeli işiutuş göwrumine baha kesilýär, özem yerine yetirilmeli möhleti görkezilyär. Şeyle toleg ulgamynda gysga dowur icinde we az sanly işgärler bilen hemme iş göwrimine yerine yetirmäge gyzyklanma döreýär.

**Ýonekeý wagt hasabyndan tölenýän zähmet haky** – bu hakykatda işlenen iş wagtyny bir sagada degişli tariff stawkasyna köpeldilmegidir.

**Sylagly wagt hasabyndan tolenyän zähmet haky** şeyle kesgitlenýär, yagny esasy zahmet hakyny jemläp, onuň üstine zähmetde gazanan ýokary gorkezijileri üçin berilyän sylaglar goşulyar.

Bu ulgamyň üçünji görnüşi üç bolekden emele gelyär:

**Birinjisi –** wagt hasabyndan zähmet hakynuň üstine professional (kär, hünär) ussatlygyna we iş şertlerine baglylykda berilyan goşmaça hak;

**Ikinjisi –** normirlenen tabşyrygy yerine yetireni üçin berilýän goşmaca hak;

**Ücinjisi –** zähmet öndürijiligini ýokarlandyrany we önümiada isin zähmet talap edijiligini peseldeni üçin berilyan sylaglar.

**Potratlayyn zahmet haky ulanylýar**, haçan-da işler gaýtalanyp duranda we sol işler tehniki normirlemä gabat gelyän wagty, yerine yetirilyan işem esasan işçä bagly bolanda.

**Wagt hasabyndan tolenyan zahmet haky ulanylýar**, haçan-da operasiyalaryň (işiň) mazmuny we yzygiderligi tiz üýtgap duranda.Şu sebapli olary normirlemek öran kyn we gwrwkmwsiz bolyar. Şol bir wagtyň özünde-de bu iş haky önümiň takyklygyna we hiline ýokary talaplar şertlerine ulanylyar.

Zähmet hakynyň täze ulgamlaram bardyr. Olara tarifsiz, kontraktly, komissiya we çeye ulgamlary degişlidir.

Senagat taýdan ösen ýurtlarda, işgärleri maddy höweslendirmäniň dürli, köp görnüşleri ulanylyar. Ösen ýurtlaryň zähmet hakyny goramakda özlerine mahsus aýratynlyklary bardyr. Mysal üçin şwed nusgasynyň esasynda – rayatdaşlyk zähmet haky, Beyik Britaniyada – indiwidual kontraktlar boýunça tölegler, Italiyada – durmuş ýagdaylarynyň gummatynyň ösmegi sebäpli, pudaklaýyn tarif stawkalaryna we artdyrmalaryna kollektiw we indiwidual artdyrmalary tölemek ulanylýar.

Ýaponiyada ýokary öndürjilikli zähmedi höweslendirmegiň ýeterlik derejede köp görnişi bardyr. Yöne olaryň hemmesinde özüniň milli aýratynlygy bardyr,

şonuň üçin-de olary zähmet tölegleriniň daşary ýurt ulgamynyň haýsy-da bolsa birine degişli diyip bolmaýar.

Zähmede tolegiň Ýapon tipi işgäriň anket maglumatlarynyň bazasynda (esasynda) guralýar: jynsy, ýaşy, bölümi, iş ýyllary we işçi güýjüni işe almak formasy (hemişelik ýa-da wagtlaýynça). Hemişelik işleýän işgärler diýip hasaplanýar, haçan-da ol kärhana bilen ömürlik hemişelik zähmet kontraktyny baglaşan bolsa, onuň esasy şerti bolup, bir telekeçiniň 55 ýaşa çenli işlemegidir.

Onuň üçin oňa doly iş bilen üpjün etmek, iş ýerine professional taýýarlyk, gulluk ýerinde ýokary çekmek we kontrakt möhleti tamamlananda berilýän pul kömegini kepillendirilýär (iki ýyl zähmet tolegi). Firmanyň gullukçysynyň zähmet hakynyň ululygy, onuň ýaşy, iş ýyllary we zähmetiň hakykatdaky netijelerine bagly bolyar. Işleýän zähmet hakynyň ululygyna "durmuşynyň yokary derejesi" täsir edýär (okuw mekdebi tamamlamagy, öýlenmegi, çagasynyň dünýä inmegi, jaý satyn almagy we başgalar) şeýle ýagdaylaryň bolmagy, zähmet hakynyň derejesinde ýeterlik ýokarlanmada bolup geçýär.

Ýapon kärhanalarynda esasy zähmet hakyndan başga-da ýylda iki gezek bonuslar (sylaglar, baýraklar) tölenyär, şeýle-de täzeçilligi we döredijilikli başlangyjy üçin maddy tölegler.

Mysal: ätiýaçlyk şaýlaryny öndürýän zawod (elektromehaniki senagat. Ýokama şäher 1700 adam). Zawodda işleýänleriň hemme kategoriýalary üçin 10 razrýad tariff setkasy (tory) hereket edýär: 1-njiden 4-nji – işçiler üçin; 5-den 7-i orta dolandyryş personally üçin; 8-den 10 – menejerleriň ýokary dolandyryş zwenosy üçin. Tariflere täzeden seretmek her ýylda geçirilýär – synag tabşyrýarlar. Kärhananyň zähmet hakynyň düzümine şeýle düzüjiler girýär:

$$Z = Z_e + Z_g + \text{Bonus} + \text{Bir gezek tölegler} + \text{Sylag tölegleri}$$

Nirede:

$Z_e$ – ýaşaýyş (güzeran) minimumynyň esasynda kesgitlenýän esasy iş haky (maşgala ýagdaýyna we ýaşyna baglylykda döwlet tarapyndan kesgitlenýän ülňe) we ol hemme zähmet hakynyň 60% tutýar.

$Z_g$ – ukyplylygyna, başarjaňlygyna goşmaça zähmet haky (işgär kemala geldigiçe bu goşmaça hak köpelýär).

Bonus – ýylda iki gezek tölenýär (Iýunda we Dekabrda) we firmanyň iş netijelerine bagly bolýar.

Bir gezek tölegler – firmada, üznüksiz işlän ýyllaryna tölenýär (2 ýyldan köp işlände tölenip başlaýar). Eger-de işgär firmada 60 ýaşa çenli işlän bolsa, hormatly dynç alşyna (pensiýa) gidende 4-5 ýylyň zähmet hakyny bir gezekde alýar.

Sylagly tölegler – ideýa, täzeçillige, döredijilikli başlangyçlara tölegler. Täzeçillige tölegleriň ululygy teklipleriň netijeliligine bagly bolýar.

Şeýlelikde, Ýaponiýadaky maddy höweslendirme ulgamy şeýle maksatlara ýetmäge ugrukdyrylandyr:

1) Işgär bilen firmanyň uzak döwürli (ömürlik) hyzmatdaşlygyny üpjün etmek (patarnalizm).

2) Firmanyň ýeten derejeleri, üstünlikleri bilen her bir işgäriň netijeleriniň aragatnaşygyny baglaşdyrmak, ýagny her bir işgäriň anyk işi bilen umumy netijelere maksatlylygy gazanmak.

3) Firmanyň üstünligine, işgäriň maşgalasynyň eşretiniň we durmuş derejesiniň bagly bolmagy we firmanyň üstünliklerine işgariň wepaly bolmagyna.

Zähmete tölegi guramagyň Amerikan tipi işiň manysyna we ony ýerine ýetirijä bildirilýän talaplara baha bermäge esaslanandyr. Şu ýerden işlere hemme taraplaýyn baha kesişi ulanmak we ony ýazyp beýan etmek, tariff torlaryny we wezipe haklarynyň shemasyny işläp taýýarlamak, olary zähmediň netijesini, ykdysady we önümçilik şertlerini hasaba alyp düzedişler girizmek we sazlaşdyrmakdan durýandyr.

Bäsleşigiň ösýän we tehniki progresiň çaltlaşýan häzirki zaman şertlerinde, kärhananyň üstünligi köp derejede işgärleriň ösüşe, hünärleriň we işleriň täze usullaryny özleşdirip bilmek başarjaňlygyna bagly bolýar. Şeýle özgertmeler ABŞ-da we Günbatar Ýewropa ýurtlarynda bilime töleg atly zähmet hakynyň ýaýramagyna getirdi. Bu ulgamda işläp taýýarlaýja diňe bir iş ýerinde ýerine ýetirýän işine tölenmän, eýsem belli bir bilim toplumynda, potensial ýerine ýetirip biljek işine-de hak tölenýär. Zähmete hak tölegiň şeýle ulgamy, önümçiligiň çalt döwrebaplaşdyrylýan we täze önümi öndürmäge geçilýän şertlerde örän netijelidir.

Şeýlelikde, bazaar ykdysadyýeti ösen daşary ýurt tejribesi, ýurdumyzyň kärhanalarynda maddy höweslendirmeleriň dürli görnüşleriniň ösmegine amatly täsirini ýetirip biler.

## Tema: Kärhananyň daşky gurşawy

Kärhananyň daşky işiniň netijesi köp derejede daşarky gurşawa bagly bolýar. Şnuň üçin-de bu gurşawy bilmek we onuň üýtgemegine üns bermegi öwrenmek, kärhananyň içerki gurluşyna täsirini bilmek hökmandyr.

Kärhana açyk ulgam bolmak bilen ol daşarky gurşawa, resurslary, energiýany, kadrlary üpjün etmek, şeýle-de sarp edijilere bagly bolýar. Şonuň üçin-de kärhana bäsdeşlige ukyplylygy we netijeliligi saklamak üçin öz gurşawyna uýgunlaşmaga mejbur bolýar.

Daşarky gurşawyň esasy faktorlary 1-nji şekilde görkezilen.

Şekil-1




 - gytaklaýyn täsir edýän faktorlar

 - göni täsir edýän faktorlar

Daşarky gurşawyň esasy häsiýetnamasyna  faktorlaryň arabaglanyşygy, çylşyrymlylygy, hereketliligii we näbelliligi degişlidir.

***Daşarky gurşawyň faktorlarynyň arabaglanyşygy –*** bu daşarky gurşawyň bir faktorynyň üýtgemegi beýleki faktorlara täsir edýän güýjüniň derejesidir. Daşarky gurşawyň şeýle mahsus aýratynlygyna degişlilikde gurşawyň faktorlaryna biri-birinden aýry seretmekdir nädogrydyr, diňe beýlekiler bilen baglanyşykda, özem olaryň üýtgeýiş dinamikasyny hasaba alyp.

***Daşarky gurşawyň çylşyrymlylygy*** diýip, önümçilik ulgamynyň kyn ýagdaýdan tozman galmakda hökmany üns bermeli faktorlaryň sanyna, şeýle-de her faktoryň üýtgeýän görnüşleriniň derejesine aýdylýar.

***Dşarky gurşawyň hereketliligi (dinamoçnost) –*** bu guramanyň daş – töwereginde bolup geçýän üýtgemäniň tizligidir. Köp barlagçylaryň nygtamagyna görä, önümçilik ulgamyň daş – töweregi çaltlanýan tizlik bilen üýtgeýär. Dürli pudaklarda gurşawyň üýtgeýiş tizligi tapawutlydyr.

Daşarky gurşawyň näbelliligi – bu kärhananyň daşarky gurşawyň anyk faktorlary baradaky maglumatlaryň mukdary. Daş – töwerek näçe näbelli bolsa, şonçada netijeli çözgüt kabul etmek kyn bolýar.

Daşarky gurşawyň faktorlary bölünýärler:

- Göni  (göniden – göni) täsir edýän faktorlara;

- Gytaklaýyn täsir edýän faktorlara.

*Göni (gönüden-göni) täsir edýän faktorlara* degişlidir:
- Döwlet (döwlet organlary);
- Üpjün edijiler;
- Sarp edijiler;
- Bäsdeşler.

Göni täsir edýän faktorlar kärhananyň hojalyk işinde kabul edilmeli çözgütlere gönüden – göni täsirini ýetirýär. Göni täsir edýän daşarky gurşawyň faktorlary käbir çäklendirijileriň spektridir (spektor). Döwlet kärhana üçin sazlaşdyryjy, goraýjy we ýolbaşçy zweno hökmünde çykyş edýär. Şeýle rol dürli görnüşleri kabul edip biler: salgyt ýeňillikleri, subsidiýalary, sazlaşdyrylmaýan bazarda hukuk (ýuridiki) gözegçiligini, göterimiň (stawkasy) derejesini we ş.m.

***Üpjün edijiler –*** diýip, kärhananyň önümçilik işinde maddy-tehniki üpjünçilik prosesine gatnaşýan kärhanalara we aýry şahslara aýdylýar. Üpjün edijiler tarapyndan düýpli çäklendirme bolup maddy resurslaryň nyrhlary, üpjün edilýän harytlaryň, hyzmatlaryň, çig mallaryň hili, şertnama şertleri bolup biler.

*Gytaklaýyn täsir edýän daşarky faktorlara* degişlidir: ykdysadyýetiň ýagdaýy (ykdysady faktorlar), tehniki faktorlar (käbir edebiýatlarda olara 8tehnologik hem diýip aýdylýar), durmuş (sosiomedeniýet) faktorlary; syýasy faktorlar.

Gytaklaýyn täsir edýän gurşaw faktorlary köplenç göni täsir edýän faktorlar ýaly, düýplíräk täsirini ýetirýär. Gytaklaýyn faktorlar göni faktorlardan netijesini ýazyp beýan etmek, häsiýetnama bermek we çaklamak örän kyndyr we köp zähmet talap edijiler. Şwýle faktorlar hakykatda resmi ýazyp beýan etmäge mümkinçilik bermeýär, maglumatlaryň uly göwrümini talap edýär, ol maglumatlar kä halatlarda sa taýdan we bir manyly düşündirilişini berip bolmaýar.

Ykdysadyýetiň ýagdaýy esasan adamy kategoriýalar bilen häsiýetlendirilýär: ykdysady ösüşiň depginleri, töleg balansy; meşgullygyň derejesi. Ykdysady gurşaw asuda ýagdaýda bolmaýar we onuň özüniň dinamiki üýtgetme ýagdaýyna baglylykda kärhana işjeň täsir edýär, özem şu täsirler negatiw (amatsyz) ýa-da pozitiw (amatly) netije (yzgaldyrma) berip biler. Kärhananyň üstünlikli işlemegine  kepilnama bolup onuň üýtgäp duryan ykdysady gurşawyň tendensiýasyny (интерпретировать) üýtgemäni, seljermäni we çaklamany başarmagy we üýtgemelere uýgunlaşmagy çykyş edýär.

**Ykdysady ösüş** häkimiýetiň umumy maksatnamalaryň biridir. Şuňa meňzeş maksatlar bolup biler – inflýasiýany peseltmek ýa-da saklamak we töleg balansyna düzediş girizmek (korektirlemek). Ykdysady ösüş ilatyň jan başyna milli önümiň ösüşini häsiýetlendirýär, ol bolsa hemmeler üçin durmuş derejäniň ýokarlanmagyny aňladýar.

Ykdysady ösüş ykdysadyýetiň telekeçilik sktoryna belli bir bähbitlerini getirýär, sebäbi ösýän – giňelýän ykdysadyýetde täze bazar alternatiwalaryny açýar. Beýle diýildigi bazar şertleriniň gurşawy bilen goşulýandygyny ýa-da ýönekeleşýändigini

aňlatmaýar. Ykdysady ösüş düzgün bolşy ýaly, ektrial çykdajylar bilen bagly bolýar (mysal üçin tebigy sredany, daş-töwerek sredany goramak bilen bagly çykdajylar).

Ykdysadyýetiň ýagdaýy hemme sarp edilýän resurslaryň gymmatyna we sarp edijileriň islegini emele getirmek mümkinçiligine täsir edýär (töleg emele getirip bilmek talaplary). Ykdysadyýetiň peselmegi çaklananda kärhanalar taýýar önümleri ätiýaçlyklaryny (zapasyny) azaldýar, önümçiligi peseldýärler (hyzmatlary) we işçileriň sanyny azaldýar.

Ykdysadyýetňiň ýagdaýy, kärhanalaryň goşmaça kapitaly çekmek mümkinçiligine täsir edýär, sebäbi häkimiýet ykdysadyýetiň peselmeginde emele gelen ýagdaýy gowulaşdyrmak üçin salgytlary, pul massalaryny, karz üçin gööterimiň derejesini sazlaşdyrýar.

Töleg balansy resmi statistiki resminama bolup, ol belli bir döwür içinde ýurduň daşarky ykdysady amallarynyň balansyny görkezýär.

Ýurduň töleg balansynyň deňagramsyzlygy içerki ykdysady prosessleriň regulýatory bolmak bilen ol ykdysadyýet käbir täsirlerini ýetirýär. Şeýle, mysal üçin, balansyň gündelik amallary boýunça durnukly položitel saldosy, bar bolan milli walýutanyň güýjüni (pozisiýasyny) berkidýär we şol bir wagtda-da ýurtdan kapitaly çykarmaga berk maliýe bazanyň bolamgyny üpjün edýär.

Eger-de, tersine, balansyň gündelik amallar boýunça durnukly otrisatel saldosy bolsa, onda milli walýutanyň güýjini gowşadýar we ýurdy, daşary ýurt kapitalynyň köp çekilmegine itergi berýär. Döwlet ýurduň töleg balansyny sazlaşdyrýar.

Meşgullylygyň derejesi gytaklaýyn, ýöne köp derejede kärhana täsir edýär.

Işsizlik kärhana negatiw täsirini ýetirýär, özem ilkinji nobatda harytlara we hyzmatlara isleg nugdaý nazardan: işsizlik naçe ýokary bolsa, şonça-da isleg pes we ondanam köp haryt satmak problemasy.

Makroykdysady derejede işsizligiň depginlerini peseltmek üçin çäreler görilip bilner, sebäbi bu çäreler gönüden-göni kärhanalara degişli bolar (mysal üçin, bu ýeňillikler, çäklendirmeleri aýyrmak, salgyt ýüklerini ýeňilletmek, söwdany sazlaşdyryjy çäreleri ýeňilletmek we ş.m).

**Durmuş faktorlary** kärhana üçin özboluşly ugurlary kesgitleýär. Kärhana medeniýet sredada işleýär we şonuň üçin-de kabul edilen ugurlar, durmuş gymmatlyklary we adatlar onuň üstünlikli işlemegine täsir edýär.

Tehniki faktorlar we tehnologiýa bir wagtyň özünde kärhananyň içerki görkezijisi we uly ähmiýetli daşarky faktorlar bolýar. Kärhananyň işleýän tehnologiki gurşawy üýtgemä, kämilleşmä ymtylýar (ugrugýar) we şol bir wagtda-da goşmaça mümkinçilikleri we çäklendirmelri döredýär. Kärhana üstünlikli üýtgmelere uýgunlaşmaly we olara bäsdeşlik gurşawda artykmaçlyk gazanmak üçin ulanylamlydyr.

Tehnologiýanyň ýokary derejesinde işleýän kärhanalar täze işlenip taýýarlanan zatlara çalt üns berýärler we özleri- de şol zatlary teklip edýärler. Bäsdeşligiň güýji tehnologiki prosesi höweslendirýär.

**Tehnologiki täze girizmeler** nähili önümleri taýýarlamanyň we ýerleşdirmäniň, önümiň könelmeginiň tizliginiň, şeýle-de nähili maglumatlary ýygnamanyň, saklamanyň we paýlamanyň, sarp edijileriň kärhanadan garaşýan täze önümleriniň we hyzmatlarynyň netijeliligine täsir edýär.

**Şahsy faktorlar** möhüm rol oýnaýar, jemgyýetdäki syaýasy ýagdaýy we durnuklylygyň derejesini kesgitleýärler. Ýurtdaky syýasy ýagdaýlar kärhanalar üçin möhüm ähmiýete eýedir. Häkimiýetiň alyp barýan girdejilere salgyt salma, salgyt ýeňillikleriň kesgitlenmesi, sarp edijileri goramak, daşarky gurşawyň arassalygy, nyrhlary we iş hakyna gözegçiligi, ýurtdaky syýasy durnuklylyk kärhanalar üçin uly ähmiýete eýedir.

## 2. Kärhana we döwlet

Karhananyň işleýşine döwlet hukuk kadalaryny (esasy "düzgünleri") kesgitleýär (goýýar). Ol daşarky gurşawyň möhüm elementidir.

Häzirki pursat wagtda kärhana belli bir kanunçylyk gurşawda bolýar. Kanun çykaryjylygyň ýagdaýy köplenç diňe bir çylşyrymlylyk bilen häsiýetlendirilmän, eýsem hereketlilik bilen, kä wagtam näbellilik bilen häsiýetlendirilýär.

Hukuk statusy belli bir kärhananyň öz işini alyp baryşyny, nähili we haýsy döwüre salgytlary tölemelidigini kesgitleýär. Şeýle-de döwlet bäsdeşleriň arasyndaky antimonopoly kadalary we bazar gatnaşyklarynyň siwil gatnaşykalryny kadalaşdyrýar.

Inwestisiýa syýasatynam döwlet kadalaşdyrýar. Döwlet özüniň we pul karz syýasatynyň üsti bilen inwestisiýa isleginiň we teklibiň gatnaşygy we gurluşyna täsir edip bilýär. Netijede, dürli maliýe aktiwlerden gelýän girdejiniň normasynyň ululygyna. Ol inwestisiýa harytlaryň bazarynda, inwestorlaryň özüni alyp baryş strategiýasyny kesgitleýär. Ykdysadyýetiň ýagdaýyndan ugur alyp (inflýasiýanyň derejesi, býujet ulgamynyň ýetmezçiligi, hereket edýän önümçiligiň gurluşy) konsepsiýa iki derejäniň maksatlaryna esaslanýar:

1. Ahyrky maksatlara (milli girdejiniň ösüşi, ilatyň meşgullylygynyň artmagy, inflýasiýanyň peselmegi).
2. Aralyk maksatlara (kapitala islegiň we teklibiň arasyndaky gatnaşyga, stawkalaryň göterimleriň, pul massasynyň dinamikasy).

Döwlet tarapyndan ykdysadyýeti

## Tema: Kärhanalaryň dolanşyk serişdeleri

Esasy fondlar we işçi güýji bilen bir hatarda dolanşyk serişdeleri önümçiligiň möhüm elementi (faktory) bolup durýar. Kärhana dolanşyk serişdeleri bilen ýeterlik derejede üpjün edilmese, ol önümçiligi kyn ýagdaýlara getirýär we şonuň netijesinde maliýe ýagdaýlary erbetleşýär.

Iki düşünje tapawutlandyrylýar: dolanşyk serişdeleri we dolanşyk fondlary.

Dolanşyk fondlary diýip, önümçilik prosesine bir gezek gatnaşýan, özem öndürilen önüme öz gymmatyny şol bir wagtda we doly geçirýän önümçilik serişdeleriniň bir bölegine aýdylýar.

Dolanşyk fondlaryna degişlidir: çig-mal, esasy we kömekçi materiallar, komplekt materiallar, önümçilikde tapawutlanmadyk önüm, ýangyç we beýleki zähmt predmetleri.

Dolanşyk serişdeleri ykdysady kategoriýa hökmünde dolanşyk fondlaryndan has giň düşünjedir. Dolanşyk serişdeleri dolanşyk fondlaryndan we aýlanşyk fondlaryndan emele gelýär.

Aýlanşyk fondlaryna önüm ýerleşdirmek prosesine hyzmat edýän serişdeler degişlidir, ýagny ammarlardaky taýýar önümler, sargytçylara iberilen harytlar, ýöne olar tarapyndan pul töenmedik, hasaplaşykdaky serişdeler, kärhananyň kassalaryndaky we bank hasaplaryndaky pul serişdeler.

Şeýlelikde, ***dolanşyk serişdeler*** – bu önümçilik dolanşyk fondlaryny emele getirmäge niýetlenen kärhananyň pul serişdeleridir (şekil-3).

Dolanşyk serişdeleriniň düzümini we gurluşyny öwrenmek üçin ony dört alamat boýunça toparlandyrýarlar:

1). Aýlanýan gurşawlary;
2). Elementler;
3). Normalaşdyrmaga degişliligi;
4). Maliýeleşdirmegiň çeşmeleri (şekil-4).

Dolanşyk serişdeleri aýlanýan gurşawy boýunça önümçilik dolanşyk fondlaryna (önümçilik sfera) we aýlanşyk fondlaryna (aýlanşyk sfera) bölünýärler.

Dolanşyk serişdeleri bir wagtda önümçilik sferada we aýlanşyk sferada hereket edýärler, olar aýlanşygyň üç tapgyryny geçýärler: üpjünçilik, önümçilik we ýerleşdirmek. Dolanşyk serişdeleriniň aýlanşygyny şeýle görkezip bolar:

$$P – ÖÄ \ldots Ö \ldots TÖ – P^{1}$$

Kärhana önüm öndürmek üçin pul serişdelerine (P) hemme gerekli zähmet predmetlerini satyn alýar, olar öz gezeginde önümçilik ätiýaçlyklaryň (ÖÄ) formasyny kabul edýär, soňra gönüden-göni önümçilik (Ö) prosesi başlanýar, onuň netijesinde taýýar önüm (TÖ) emele gelýär, olar ýerleşdirilýär we kärhana onuň üçin belli bir pul ($P^1$) pul serişdeleri alýar. Şeýlelikde, serişdeler bir aýlanşyk geçýärler, soňra täzeden gaýtalanýar.

Dolanşyk serişdeleriniň aýry düşünjeleri, dürli niýetlenilişi bardyr we önümçilik-hojalyk işinde dürli-dürli ulanylýar, şonuň üçin-de olar şeýle elementler boýunça synplaşdyrylýar.

1. Önümçilik ätiýaçlyklary (çig-mal, esasy materiallar, satyn alynýan ýarym fabrikatlar, kömekçi materiallar, ýangyç, ätiýaçlyk şaýlary, arzan bahaly we basym könelýän predmetler).
2. Tamamlanmadyk önümçilik we özünde öndürilen ýarym fabrikatlar.
3. Geljek döwrüň çykdajylary.
4. Dolanşyk fondlary (1+2+3).
5. Ugradylan önüm, ýöne entäk tölenmedik.
6. Hasaplaşykdaky serişdeler.
7. Kärhananyň kassasyndaky we banklaryň hasabyndaky pul serişdeleri.

Aýlanşyk serişdeleri (4+5+6+7).
Dolanşyk serişdeleri (1+2+3+4+5+6+7).

Tamamlanmadyk önümçiligiň gymmaty şeýle gymmatlary öz içine alýar: sarp edilýän çig-malyň, esasy we kömekçi materiallaryň, ýangyjyň, suwuň, gysylan howanyň, buguň, amortizasiýa tölegleriniň, şeýle-de işgärleriň iş hakyny.

Kärhana önüm öndürmekde satyn alynýan ýarym fabrikatlardan başga-da özünde öndürilen ýarym fabrikatlaram ulanýar, olar bolsa tebigaty boýunça tamamlanmadyk önüme ýakyndyr.

Uzak döwre hasaplanan täze önümi özleşdirmäge, taýýarlaýyşa we beýleki işlere çykdajylar – geljek döwrüň çykdajylaryny emele getirýärler we geljek döwürdäki önümleriň özüne düşýän gymmatyna geçirilýär.

Normirlemä degişlilikde dolanşyk serişdeleri normirlenýän dolanşyk serişdelerine (maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklaryndaky dolanşyk serişdeler) we normirlenmeýän dolnşyk serişdelerine (debitor bergililik, hasaplaşykdaky serişdeler, kärhananyň kassasyndaky we bankyň hasabyndaky pul serişdeleri) bölünýär.

Emele getiriş çeşmeleri boýunça dolanşyk serişdeleri kärhananyň hususy we karz alnan dolanşyk serişdelerine bölünýärler. Önümçiligiň talaplaryny maliýeleşdirmegiň serişdeleriň hemişelik minimal möçberi, kärhananyň hususy dolanşyk serişdeleri bilen üpjün edilýär. Serişdelere wagtlaýyn talaplar ýüze çykanda (kärhana bagly ýa-da bagly däl ýagdaýlarda) karzyň ýa-da beýleki çeşmeleriň hasabyna ýapylýar.

***Dolanşyk serişdeleriň gurluşy (strukturasy)*** diýip, dürli elementleriň umumy jeme gatnaşygyna aýdylýar.

Kärhanada dolanşyk serişdeleriniň gurluşyny bilmek we seljermek örän möhüm ähmiýete eýedir. Sebäbi ol belli bir derejede kärhananyň belli bir döwürdäki maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýär. Mysal üçin gereginden artyk debitor bergileri, ammarlardaky taýýar önümiň, tamamlanmadyk önümçiligi artdyrmak kärhananyň maliýe ýagdaýynyň erbetleşýändigine şaýatlyk edýär. Şonuň üçin-de kärhanalarda dolanşyk serişdeleri netijeli dolandyrylmalydyr, ýagny onuň gurluşy amatly gatnaşykda bolmalydyr we olaryň aýlanşygy ýokarlandyrylmalydyr.

Kärhananyň dolanşyk serişdeleriniň gurluşy hemişelik däldir we ol köp sebäpleriň täsiri astynda dinamikada üýtgeýär.

Senagatyň dürli pudaklarynyň kärhanalarynda dolanşyk serişdeleriniň gurluşy köp ýagdaýda deň däldir we şulara baglydyr:

- Kärhänanyň aýratynlygy – ýöriteliligi. Uzak önümçilik siklli kärhanalarda tamamlanmadyk önümçiligiň paýy ýokarydyr. Önüm öndürmek prosesi çalt geçýän kärhanalarda önümçilik atiýaçlyklaryň paýý ýokarydyr.
- Taýýar önümiň hili. Eger-de kärhanada alyjylaryň islegini kanagatlandyrmaýan, pes hilli önüm öndürilýän bolsa, onda ammarlarda taýýar önümiň paýy örän ýokary bolýar.
- Önümçiligiň toplanmasynyň, ýerleşdirmesiniň, kooperatiwleşdirmesiniň, kombinirlenmesiniň derejesi.
- Ylmy-tehniki progresi çaltlandyrmak. Dolanşyk serişdelerine bu factor dürli hilli täsir edýär we hemme elementleriň gatnaşygyna-da. Eger-de kärhanada

ýangyç tygşytlanýan tehnika we tehnologiýa, galyndysyz önümçiligik ornaşdyrylan bolsa, onda dolanşyk serişdeleriniň gurluşynda önümçilik ätiýaşlyklaryň paýynyň peselmegine täsirini ýetirýär. Şu ýerde bellemeli zat – ol hem käbir faktoryň täsirini uzak döwürli, käbiri gysga döwürli.

Kärhanalarda dolanşyk serişdeleriniň ulanylysynyň möhüm görkezijisi – dolanşyk serişdeleriniň dolanşyk koeffisiýenti we bir aýlanyşyň uzaklylygy.

Dolanşyk serişdeleriniň aýlanyş koeffisiýenti (Ka) bu seljeriş döwründe (kwartal, ýarym ýyl, ýyl) dolanşyk serişdeleriniň näçe aýlanyş edýändigini görkezýär:

$$Ka = \frac{Vp}{Do}$$

Nirede: Vp – hasabat döwründe ýerleşdirilen önümiň göwrümi .
Do – hasabat döwründe ortaça galan dolanşyk serişdeleri.

Bir aýlanşygynyň günlerdäki dowamlygy (G) – bu önüm ýerleşdirilip girdeýji görnüşinde dolanşyk serişdeleriniň näçe möhletde kärhana gaýdyp gelşini görkezýär.

$$G = \frac{T}{Ka}$$

nirede T – hasabat döwründäki günleriň sany ýa-da

$$G = \frac{T * Do}{Vp}$$

Dolanşyk serişeleriniň netijeli ulanylşynyň möhüm görkeziji – aýlanşykdaky serişdeleriň ýükleniş koeffisiýenti

$$Ky = \frac{Do}{Vp} *100$$

$K_Y$ – aýlanşykdaky serişdeleriň ýükleniş koeffisiýenti (teňňe).
100-manatlary teňňä öwürmek.

Bu görkeziji bir manatlyk ýerleşdirilen önüm (iş, hyzmat) almak, gazanmak üçin näçe dolansyk serişdeleriň (teňňede) harçlanandygyny görkezýär. Bu görkeziji näçe pes bolsa şonça-da kärhanada dolanşyk serişdeleri netijeli ulanylýar, maliýe ýagdaýy gowulaşýar.

Mysal. Hasabat ýylynda ýerleşdirilen önümiň göwrümi 20 mlrd.man dolanşyk serişdeleriniň bir ýyldaky ortaça galany – 5mlrd.man. Meýilnama döwre ýerleşdirmegiň göwrümi 20 % artmak göz öňünde tutulýar, aýlanyş koffisiýenti – bir aýlanyş artdyrmak.

Kesgitlemeli. Hasabat we meýilnama döwürlerde dolanşyk serişdeleriň ulanylşynyň görkezijilerini we olaryň önümçilikden aýrylmagyny.

Çözgidi:

1.Hasabat döwürde dolanşyk serişdeleriniň ulanylşynyň görkezijilerini kesgitleýäris.

$$Ka = \frac{20}{5} = 4 \; gezek \; dolanma \qquad G = \frac{360}{4} = 90 \; gün$$

2. Meýilnama döwürde dolanşyk serişdeleriniň ulanylşynyň görkezijilerini kesgitleýäris.

($K_a$= 24 / 5 = 4.8) $K_a$=4+1=5 G= 360 / 5 = 72 gün

3. Dolanşyk serişdeleleriň önümçilik aýrylýan bölegi.

$\Delta$ Q = Qn – Qm; $\Delta$ Q = 24 / 4 – 24 / 5 = 6 – 4.8 = 1.2 mlrd.man

Qn – meýilnama döwürde dolanma çaltlanmadyk ýagdaýynda kärhana gerek bolan dolanşyk serişdeleri.

Qm – meýilnama döwürde dolanmanyň çaltlandyrylşyny hasaba alanyňda kärhana gerekli dolanşyk serişdeleri.

Kärhanalaryň dolanşyk serişdeleriniň dolanşygyna şeýle faktorlar täsir edýär: önümçilik sikliniň uzaklygy; öndürilýän önümiň hili we bäsdeşlige ukyplylygy; kärhanalarda dolanşyk serişdelerini minimallaşdyrmak maksady bilen dolandyryjynyň netijeliligi, önümiň material talap edijiligini peseltmek problemasyny çözmek; önümi ýerleşdirmek we üpjün etmegiň usullary; dolanşyk serişdeleriň gurluşy we başg.

Material resurslara ulanylşynyň derejesi köplenç kärhananyň normatiw bazasynyň ýagdaýy bilen kesgitlenýär. ***Normatiw baza*** diýip, kärhanada material resurslaryň harçlanyşyny meýilnamalaşdyrmakda we seljerme geçirmekde ulanylýan hemme normalaryň we normatiwleriň jemine aýdylýar.

***Material resurslaryň harçlanylyşynyň normasy*** – bu çig malyň harçlanylyşynyň maksimal rugsat edilen meýilnama ululykdyr (materiallar ýa-da ýangyç), ol bolsa önümiň birligini (ýa-da işiň) öndürmäge harçlanyp bilner.

Material resurslaryň harçlanylyşynyň normasy şeýle kesgitlenýär:

$$N_n = q_N + \sum_{i=1}^{n} q_1 + \sum_{i=1}^{k} q_2$$

Nirede Nn – harçlamanyň normasynyň ululygy.

$q_n$ – arassa massa ýa-da peýdaly harçlama.

$\sum_{i=1}^{n} q_1$ - Tehnologik galyndylaryň we ýitgileriň jemi.

$\sum_{i=1}^{k} q_2$ - Beýleki guramaçylyk-thniki galyndylar we ýitgiler.

Normanyň birinji we esasy elementi önümiň arassa massasydyr, ýagny önüm ýa-da işiň göwrümini (hiç bir galyndyny we ýitgini hasaba alman) öndürmäge peýdaly sarp edilen material resurslar.

Harçlama normanyň 2-nji elementi – tehnologik galyndylaryň we ýitgileriň jemi – önüm öndürmekde tehnologiki aýratynlyklary göz öňünde tutup, goşmaça material çykdajylary hasaba alýar.

Galyndylar – bu ilki başky materiallaryň galyndysydyr, olar önüm öndürilende ýüze çykýar we şol önümi öndürmäge ulanyp bolmaýar. Galyndylaryň mümkin bolaýjak ulanyş häsiýetine baglylykda, olar ulanylýan (yzyna gaýtarylýan) we ulanylmaýan (yzyna gaýtarylmaýanlar) toparlara bölünýärler.

Yzyna gaýtarylýan galyndylar – bu material resurslaryň galyndysydyr, olar şol emele gelen kärhanasynda ulanylyp bilner, ýa-da ilata we beýleki kärhanalara soňraky ulanyş üçin satylyp bilner.

Ulanylmaýan galyndylara önümçilikde ilki başky material hökmünde ulanyşa ýaramaýanlar degişlidir, ýöne olar hökmünde ulanyşa ýaramaýanlar degişlidir, ýöne olar 2-nji derejeli resurslar hökmünde ulanylyp bilner (metal dükleri, makulatura).

Ỳitgiler – önümçiligiň tehniki ösüşiniň häzirki döwründe ulanyp bolmajak materiallaryň bölegi. Olara tokaý materiallarynyň guradylanda, demir eredilende ýitgiler degişlidir.

Normanyň üçünji elementine tehnologik prossese bagly däl ýüze çykýan material resurslaryň galyndylary we ýitgiler.

***Harç etmäniň gurluş normasy*** diýip, önüm birligini öndürmäge material resurslaryň harç etme normasyny emele getirýän aýry elementleriň düzümüne we san gatnaşygyna düşünilýär. Ony kämilleşdirmek üçin normanyň düzüminde peýdaly harçlamalaryň paýyna artdyrmak hökmandyr.

Normadan başga-da „Normatiw“ diýen düşunje bar. Norma we Normatiw diýen düşünjeler belli bir umumylygy bar bolsa-da olaryň manysyny we hasaplaýyş metodikasyny tapawutlandyrylmalydyr.

***Harçlamalaryň normatiwi*** – bu normanyň elementler boýunça düzüjilerdir. Olar fiziki birligi ölçemäge ýa-da tehniki parametri degişli material harajatlaryň umumylaşdyrylan ähmiýetini aňladýar ($m^3$, $m^2$, podon.m. ýa-da kuwwatlylygyň birligine, ulag serişdeleriniň işine we geçen ýoluna). Normatiwler norma kesgitlenende esas bolýar ýa-da ýokary gatyň, massanyň, uzynlygyň birligine ol ýa-da başga material resurslaryň harçlanyşynyň normasy bolup bilýär. Ỳöne harç etmäniň normatiwi tehniki serişdeleriň niýetlenişine, özem olaryň aýratynlygyny hasaba alyp we ýerine ýetirýän funkýalaryň häsýetine baglylykda kesgitleýärler. Mysal üçin, işçi we güýç berýän maşynlar material çykdajylar boýunça kuwwatlylygyň birligine harç normatiwy bolup biler, ulag serişdeleri – kuwwatlylygyň birligine we ş.m

Material resurslary normatiwlemäniň şeýle usullary bar.

**Hasaplama – seljeriş usuly.** Çig-malyň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň indiwidual harç ediş normasynyň hasaplanyşy taslama – konstruktorçylyk, tehnologik we beýleki tehniki dokumentleriň maglumatlarynyň esasynda elementler boýunça hasaplamalaryň ýerine ýetirilmegine esaslanandyr. Şu usulda önümiň birligine, detala, material resurslaryň peýdaly harç edilişi işçi çyzgylaryň, tehnologik reglamentleriň maglumatlarynyň esasynda hasaplanýar. Normalaşdyrylan aýrylmasy kyn tehnologik galyndylaryň we ýitgileriň ululygy tehnologiki prosesleriň kartalarynyň, taýýarlaýyş ölçegleriň esasynda kesgitlenýär.

Şu usul has progressiw hasaplanýar., ol ylma esaslanan harç ediş normalaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär, sebäbi ol tehniki-ykdysady hasaplamalary anyk önümçilik şertleriniň seljerişini baglaşdyrýar. Şonuň üçin-de onuň ulanylmagy çig-maly, esasy materiallary we ýangyç-energetiki resurslary normalaşdyrmakda, ulanmakda maksadalaýykdyr.

**Tejribe usuly** – bu çig-malyň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň harç edilişiniň indiwidual normasyny tejribe – önümçilik we laboratoriýa şertlerinde harçlanylyşynyň we öndürilen önümiň göwrümini ölçeglere esaslanyp, işläp taýýarlamak usulydyr.

Tejribe geçirmek şertleri önümçiligiň häzirki tehnologiýasyna örän tipiki bolmalydyr we şol bir wagtda-da meýilnama döwürde önümçiligi kämilleşdirmek çäreleri amala aşyrylanda şol şertlere maksimal ýakyn bolmalydyr. Tejribe tehniki abat we sazlaşdyrylan enjamlarda maksimal mümkin gezek geçirilmelidir we özem tehnologiki reglamentler we režimler göz öňünde tutulmalydyr. Harçlanylyşyň normasy matematika statistikasynyň usuly bilen ortaça ähmiýet hasaplanyp we örän şübhesiz maglumatlar saýlap lnyp kesgitlenýär. Bu usuly ulanmak himiki tehnologiýa esaslanan önümçilikde, gurluşykda kömekçi materiallaryň çig-malyň harçlanylyşyny normalaşdyrmakda maksadalaýykdyr.

**Hasabat-statistiki usul** – bu çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň harç edilişiniň indiwidual we toparlaýyn usulyny işläp taýýarlamagyň usulydyr. Bu usul geçen döwürdäki önümiň birligine (işe) hakykatda harçlanan material serişdeleriniň statistiki hasabatyny maglumatlarynyň seljermesine esaslanandyr. Şu usul bilen hasaplananda konstruksiýanyň, tehnologiýanyň we önümçiligiň guralyşy deňeşdirip bolujylygy hökmany göz öňünde tutulmalydyr.

Material resurslaryň harçlanylyşy köp derejede kärhananyň normatiw bazasynyň kämilleşdirilmegine baglydyr. Şonuň üçin-de onuň yzygiderli seljeriş geçirilmegi onuň ýagdaýyny bilmäge we maddy resurslaryň rejeli ulanmagy kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Kärhananyň normatiw bazasynyň ýagdaýyna seljermäni şertli sanlarda görkezeliň. Kärhanada belli bir önümi öndürmekde şeýle ýagdaý emele geldi diýeliň.

| Detal-laryň atlary | Harçlany-lyşyň normasy Kg $m_N$ | Detala udel harç-lanylyş Kg $m_i$ | Detalyň 1kg bahasy müň. man $B_1$ | Detallaryň hakykatda öndürilýän göwrümi müň sany $q$ | im= $m_i/m_n$ *100% |
|---|---|---|---|---|---|
| N1 | 2.0 | 2.2 | 1.5 | 150 | 110.0 |
| N2 | 3.0 | 2.5 | 2.0 | 200 | 83.3 |
| N3 | 12.0 | 15.0 | 1.0 | 100 | 125.0 |
| N4 | 25.0 | 20.0 | 3.0 | 300 | 80.0 |

Bu zawodda aýry detallaryň (normalaryň indiwidual indeksiniň ýerine ýetirilişi) harçlanylyş normasynyň ýerine ýetiriliş derejesi şeýle:

$$im_1 = \frac{2.2}{2.0} * 100 = 110\% \qquad im_2 = \frac{2.5}{3.0} * 100 = 83.3\%$$

$$im_3 = \frac{15.0}{12.0} * 100 = 125.0\% \qquad im_4 = \frac{20.0}{25} * 100 = 80.0\%$$

Harçlanyş normasynyň toparlaýyn (umumy) indeksiniň ýerine ýetirilişi bolar 0.937 (93.7%).

$$\text{Im}_1 = \frac{\sum mi\ qi}{\sum mN\ qi} = \frac{150*2.2 + 200*2.5 + 250*15.0 + 300*20.0}{150*2 + 200*3 + 250*12.0 + 300*25} = \frac{10680}{11400} = 93.7\%$$

Zawodda metalyň umumy tygşytlanany:

$$T = \sum m_N q_i - \sum m_i q_i = 11400 - 10680 = 720 tonna\ \acute{y}a - da\ 6.3\%$$

Tygşytlanan metal pul görnüşinde

$$\text{Im}_1 = \frac{\sum m_i\ B_1}{\sum m_N\ B_1} = \frac{2.2*1.5 + 2.5*2.0 + 15.0*1.0 + 20*3.0}{2.0*1.5 + 3*2 + 12*1 + 25*3} = \frac{83.3}{96} = 86.8\%\ \acute{y}a - da\ 12.7 mm$$

$$T = \sum m_N B_1 - \sum m_i B_1 = 96 - 83.3 = 12.7\ mü\check{n}\ man.$$

Şu seljermäniň esasynda şeýle netijeler çykarmak bolar.

1. Zawodda metal öndürilende ortaça harçlanyş normalary ýerine ýetirilýär. Bir detala metalyň hakykatdaky harçlanyş normasy normanyň 93.7% tutýar, ýagny metal tygşytlanylyşy 6.3% deň.
2. Muňa garamazdan zawodyň normatiw bazasy kämilleşdirmegi talap edýär.

Şeýle netije şulara esaslanandyr: aýry detallara metallaryň harçlanyş normasynyň ýerine ýetirilişiniň derejesi uly aralykda üýtgäp durýar (80-den 125%

çenli). Eger-de şeýle üýtgeýiş 100%-den ± 15% aralykdan üýtgeýän bolsa, onda kärhananyň normatiw bazasyny kanagatly hasaplap bolardy. Şeýlelikde, kärhananyň normatiw bazasy gaýtadan seredilmegini talap edýär. Onuň üçin ilkinji nobatda näme üçin №2, №3, №4 detallary öndürmekde metallaryň udel harçlanylyşy normadan uly tapwutlyklar berýär. Şeýle üýtgeşiklikleriň sebäbini bilmek, tehnikany, tehnologiýany we önümçiligi guramagy normatiwe getirmek, soňra agzalan detallara metalyň harçlanyş normasyna gaýtadan seretmek normatiw bazanyň kämilleşdirilmegine we zawodda metallaryň örän rejeli ulanylmagyna ýardam berer.

Dolanşyk serişdeleriniň düzümi

Şekil – 3.



Dolanşyk serişdeleriniň alamatlar boýunça synplaşdyrylyşy

Şekil – 4.



Dolanşyk önümçilik fondlarynyň gurluşy

Şekil – 5.



## Tama: Kärhananyň gurluşy we ony kämilleşdirmek




**Kärhananyň önümçilik gurluşy**




Önümçilik zwenolarynyň düzümi dolandyrmany gurmak we hyzmat etmek olaryň sany ululygy we ulanylýan meýdançalarynyň gatnaşygy, işçileriň sany kärhananyň umumy gatnaşygyny emele getirýär.

Kärhananyň önümçilik strukturasy (gurluşy) önümçilik prosesini guramagyň formasy görnüşinde çykyş edýär we özüniň manysyny şeýle sypatlarda tapýar:

- Kärhananyň möçberi;
- Sehleriň we gulluklaryň düzümi we başgalar.

Kärhananyň gurluşy onuň esasy kömekçi we hyzmat ediş gullyklarynda manysyny tapýar.

**Esasy prosesleri** diýip ýerleşdirmäge niýetlenen esasy önüçiligiň önümine aýdylýar.

**Kömekçi prosesler** diýip kärhananyň öz hajatlaryna gerekli önümlerini kömekçi önümçilikde öndürilýän önümlere aýdylýar.

Mysal üçin maşyn gurluşygynda oňa enjemlary abatlamak we taýýarlamak, jaýlart, desgalary, abatlaşdyrmak energiýanyň hemme görnüşlerini öndürmek we gerekli ýerine ýetirmek degişlidir.

**Hyzmat ediş proses** diýip esasy we kömekçi proseslere hyzmat edişe aýdylýar.

Olara degişlidir: **skladlar, ulag we gulluk işleri**.

Kärhananyň önümçilik gurluşynyň 3 görnüşi bar:

1. Tehnologik
2. Predmet
3. Garyşyk

Tehnologik gurluşly kärhananyň sehleri we önümçilik uçastoklary tehnoligik birsydyryrgynlyk ýörelge esasynda döredilýär.

**Dokma toplumy**

Predmet gurluşda sehler we uçostoklar haýsydyr bolsa bir önüm öndürmek bilen meşguldyr.

**Awtomobil zawody**

Garyşyk guralanda taýýarlaýyş sehler tehnologik prinsipda gurulýar. Işläp bejerýän we taýýar önüm çykarýanlar.

Daşary ýurt kärhanalarynyň tejribesiniň görkezişi ýaly onuň guramçylyk gurluşy býujet dolandyryşy bilen baglaşdyrylýar.

Çygyr – деятельность – häsiýetine baglylykda şeýle jogapkär merkezler bolmalydyr.

**Jogapkär merkezleriniň Synyplaşdyrlyşy**



## Tema: Kärhananyň işgärleri we olary netijeli ulanmak.

Belli bolşy ýaly kärhananyň esasy önümçilik faktorlaryna degişlidir: zähmet serişdeleri, zähmet predmetleri we kadrlar. Kärhanada esasy rola kadrlar potensialy degişlidir. Önümçilik prosesinde kadrlaryň işleýşi önümçilik serişdeleriniň ulanylyşyna, şeýlede kärhananyň işleýşi bagly bolýar. Şonuň üçünde islendik kärhanada kadrlar syýasaty işlenip taýýarlanmalydyr we amala aşyrylmalydyr. Ol bolsa öz gezeginde şeýle maksatlara ugrukdyrylmalydyr:

- Sagdyn we işbaşarjaň kollektiwi döretmäge;
- Kärhananyň işgärlerinin kwalifikasiýasyny ýokarlandyrmaga;

Kärhanadaky kadrlar syýasaty şeýle zatlary öz içine alýar:

- kadrlary saýlamagy we ýokary çekmek.
- kadrlary taýarlamak we olary üznüksiz okatmak.
- doly däl meşgullylyk şertlerinde hakyna tutma işgärleri almak.
- önümçilik ulgamynyň emele gelşine baglylykda işgärleri gerek ýerine ýerleşdirmek.
- zähmeti höweslendirmek.
- zähmeti guramagy kämilleşdirmek.
- kärhananyn işgärleri üçin amatly zähmet ýagdaýlaryny döretmek.

Kärhanany dolandyrmagyň esasy bölegi bolup personally dolandyrmak prosessini üç düzüjä bölüp bolýar: Tehnikany, ykdysadyýeti, kadrlary dolandyrmak.

Eger-de birinji iki düzüji hünärmen üçin uly kynçylyk döretmeýär ýöne dolandyrmak prosessinde üçünji düzüji has çylşyrymlydyr. Şeýle ýagdaý zähmet kollektiwiniň her bir agzasy öz zähmet potensialynyň bardygy, öz häsiýetiniň bardygy bilen baglydyr. Şonuň üçinde her ýolbaşçy özüne berkidilen her bir işgäriň (psihologiki) ýagdaýyny bilmelidir we şonuň esasynda ol şeýle bir täsir etmelidir we şonuň netijesinde olaryň işde potensial mümkinçilikleri doly açylmalydyr we amala aşyrylmalydyr. Seljermede kärhananyň hemme işgärlerini meýilnamalaşdyrmakda, hasaba almakda we personaly dolandyrmakda olary käbir alamatlar boýunça synplaşdyrýarlar: Önümçilik prosesine gatnaşyjy boýunça

kärhananyň hemme personally iki uly kotegoriýa bölünýär: senagat - önümçilik personalyna we senagat däl.

(SOP) senagat önümçilik personalyna önümçilik we şoňa hyzmat etmek bilen göniden- göni bagly işgärler degişlidir.

Sanagat däl personala göniden göni önümçilige we şoňa hyzmat etmeýänler degişlidir. Esasan bular kärhana degişli ýaşaýyş - kommunal hojalygyň çagalar (braçebn - sanitar) gulluklaryň işgärleri degişlidir. Öz gezeginde sen-önümç personalyna ýerine ýetirýän funksiýasyna baglylykda şeýle kategoriýa boýunça synplaşdyrýarlar: işçiler, ýolbaşçylar, hünärmenler, gullukçylar.

Kärhananyň işçilerine gönüden-göni maddy gymmatlyklar döretmäge gatnaşýanlar ýa-da önümçilik we ulag hyzmatlaryny amala aşyrýanlar degişlidir. Işçiler öz gezeginde esasy we kömekçilere bölünýärler. Esasy işçilere önüm öndürmek bilen göniden-göni baglylar degişlidir. Kömekçilere - olara (esasy işçi) hyzmat edýänler degişlidir. Şeýle bölmek arassa şertlidir sebäbi tejribede olary tapawutlandyrmak örän kyn bolýar. Kärhananyň hünärmenlerine buhgalterler, ykdysadyýetçiler, mehanikler, psihologlar, sosiologlar, suratçylar, haryt öwrenijiler, tehnologlar we beýlekiler degişlidir.

Kärhananyň gullukçylaryna üpjünçiligiň agentleri, maşinistka, sekretar – maşinstka, kassirler, iş dolandyryjylar, tabelşikler, ekspeditorlar we baş. SÖP kategoriýalar boýunça umumy kabul edilen synplaşdyrmasyndan başga-da her bir kategoriýanyň öz işinde hem synplaşdyrylýar. Önümçilikdäki ýolbaşçylar kollektiwe ýolbaşçylyk etmegine baglylykda olary lineýnyý we funksionala bölýärler. Lineýnyý ýolbaşçylara pudaklaryň, birleşikleriň kärhanalaryň başlyklary we orunbasarlary, funksionala – funksional gulluklaryň (bölümler, uprawleniýe) başlyklary we orunbasarlary.

Halk hojalygynyň umumy dolandyryş ulgamynda tutyan derejesine baglylykda hemme ýolbaşçylar aşaky, ortaky we ýokary zwenonyň ýolbaşçylaryna bölünýärler.

Aşaky zwenonyň ýolbaşçylaryna masterler, uly masterlerler, prorablar, uly bolmadyk sehleriň naçalnikleri şeýle-de funksional bölümleriň we gulluklaryň içindäki ýolbaşçylar degişlidir.

Aralyk zwenonyň ýolbaşçylylaryna köplenç ministrlikleriň we guramalaryň funksional dolandyryş gulluklarynyň ýolbaşçylary örän uly birleşikleriň baş direktory we orunbasarlary degişlidir.

Ylymda we tejribede bir wagt kärhananyň netijeli işlemeginiň 70-80% diňe ýolbaşçylara baglylygyny edilendir. Diňe ýolbaşçy öz

komandasyny özi ýygnaýar we şonuň esasynda kärhanada kadrlar syýasatyny amala aşyrylýar. Ol şol syýasat nähili geçse şonuň ýalyda netijesi bolýar Egerde kärhanada ösüşiň perspektiw meýilnamasy ýok bolsa, golaý we uzak perspektiwe strategiýa ýok bolsa, onda ýolbaşçyňam kellesinde (aňynda) şu zatlar ýok. Şeýle bolsa kärhananyň erbet gelejegi bardyr diýip hasap edip bolar.

Şonuň üçin-de kärhananyň kadrlar syýasatynda esasy zat dürli zwewlara ýolbaşçylary saýlap we gerek ýerinde goýmak syýasaty bolmalydyr. Kärhanada işçi güýjiniň ulanylyşynyň netijeliligi kärhanadaky kadrlaryň gurluşyndan belli bir derejede baglydyr.

SÖP-ň gurluşyna şeýle faktorlar täsir edýär:

- önümçiligiň awtomotizasiýasynyft we mehanizasiasynyň derejesi.
- önümçiligiň tipi (ýeke - täk).
- kärhanany möçberi (ulylygy).
- hojalygy alyp barmakda guramaçylyk - hukuk formasy.
- öndürilýän önümiň çylşyrymlylygy we ylym talap edijiligi.
- kärhananyň pudaga degişliligi.

Kärhanadaky kadrlar syýasaty SÖP-ň kategoriýalarynyň optimal utgaşmasyna ugrykdyrylan bolmalydyr.

**1. Kadrlary meýilnamalaşdyrmak we olary saýlap almak.**

Kadrlary meýilnamalaşdyrmak şeýle soraglara jogap bermelidir:

- näçe personal gerek we haýsy kwalifikasiýa talap edýä?
- haçan, haýsy döwür wagtyna?
- nirede, önümçiligiň haýsy uçastogynda?
- haýsy nyrhdan?

Gerekli kadrlar işleýänleriň aýry toparlary we kategoriýaly boýunça meýilnamalaşdyrylýarlar. Kärhanalarda personalyň sany meýilnamalaşdyrylanda işe goýlan düzüm we (spisoçnyý) hemmesiniň düzümi.

Guramanyň hemme işgärleriniň düzümi (sostaw) – hemişelik we wagtlaýynça hemme işe alynanlary, özem kärhananyň esasy we esasy däl işi bilen bagly bolan, kabul edilen möhleti boýunça bir gün we ondanam uzak. Bu düzüme degişli - fiziki işleýänleri we käbir sebäplere görä önümçilikde ýoklary (her ýylladaky zähmet rugsadyndakylary, gulluk komandirowkasyndakylary, ýarawsyzlar, döwlet we jemgyýetçilik işini ýerine ýetirýänler, dikret otpusk).

Işe gelýänleriň sany - spisok sostawdakylary işe gelenleri. Yawoçnyň we spisok sanynyň tapawudy gündelik ýitgileri emele getirýär (selodnewnyýepostyý). (keseller, komandirowki, otpuski).

Kadrlary meýilnamalaşdyrmagyň esasy meselesi - kärhananyň meýilnamalaryny adam faktory (nukdaý nazardan) garaýyşda amala aşyrmagy üçin etmek ýagny işçigüýji - onuň sany, kwalifikasiýasy, zähmet öndürijiligi, işe almagyň çykdajylary. Personaly meýilnamalaşdyrmakda ýalňyşlyklar kärhanalara gymmat düşýär. Ol gymmat resurslaryň ýitmegine getirip biler.

Belli bolyşy ýaly gurama açyk durmuş ulgamy bolany üçin işçi güýjini ulanmak talaplary iki topar faktoryň täsiri astynda ýüze çykýar, ýagny daşarky we içerki.

Daşarky faktorlara bazaryň konýunkturosyny, bazaryň gurluşygyny, bäsdeşligi ýurtdaky durmuş - ykdysady ýagdaýy we ş.m degişlidir.

Içerki faktorlara tehnologiýanyň derejesi, zähmeti guramagyň derejesi, maksatnamanyň üýtgemegi, önümçiligiň durmagy we başgalar degişlidir.

Häzirki zaman guramalar gerekli personally polýasiýa, düzediş girizilen ekstropolýasiýa, eksport baha beriş metody, kompýuter modeli.

Meýilnamalaşdyryş metodyny saýlap almaga kärhananyň aýratynlygy täsir edýär: ýerine ýetirýän işiniň görnüşi ululygy, maliýe ýagdaýy, guramaçylyk medeniýeti.

Tejribede kadrlar meýilnamalaşdyrylanda (gündeki häzirki) we gelejekde gerek kadrlar tapawutlandyrylýar. Häzirki günde gerekli kadrlar bir ýylyň içindäki gerekli, perspektiw - bir ýyldan köp döwri öz içine alýar. Meýilnamalaşdyrmak prosesi tapgyrma-tapgyrma amala aşyrylýar: ýagny bar resurslara baha kesmek, gelejekde gerek bolanlara baha bermek we gelejekde gerek boljak kadrlary kanagatlandyrmagy maksatnamasyny işläp taýýarlamak. Şeýle proses umumy görnüşde suratda görkezilen.

Işçileriň sany dürli metodlar boýunça kesgitlenýär: zähmet talap edijiligi, hyzmat ediş normalar we iş ýerleriniň sany boýunça.

Zähmet talap edijilik metody boýunça hasaplamak köplenç kadalaşdyrylýan işlerde ulanylýar. Şu metod boýunça bütin kärhananyň bölümleriniň işçileriniň sany, professiýalar we kwalifikasiýanyň derejesi kesgitlenýär.

Gerekli kadrlary kesgitlemegiň meýilnamasy.

Kärhananyň biznes meýilnamasy

Bar bolan kärhananyň personaly barada maglumatlar

Gelejekde gerek bolaýjak personaly saklamak

Gelejege bar boljak personaly saklamak

Gelejege gerek personaly kesgitlemek

Gelejekde gerek boljak kadrlaryň kanagatlandyrylmagynyт maksatnamasyny işläp taýýarlamak

Täze iєgдrleri işe almak

Täzeden paýlamak, personalyň işden çykmagy

Guramaçylyk tehniki çäreler

Işleýänleriň sany kesgitlenen işiň göwrini (norma - sagat) bölmeli bir işleýäniň peýdaly (netijeli) wagtynyň fonduny sagatda we normanyň ýerine ýetirilişini göterimde

Gerekli (potrebnost) hünärmenleriň görkezijisi kesg.r.

**P = Si x Kn**
**Si** - işleýänleriň ortaça sany (spisok boýunça).
**Kn** - hünärmenler bilen üpjünçiligiň normatiw koeffisienti.

Personaly işe iki çeşme boýunça alynýar: daşarky we içerki. Daşarky çeşmä köpçülikleýin maglumatlar serişdeler, meşgullylygyň sebit gulluklarynyň maglumatlary, okuw guramalaryna ýüz tutmak.

Wagtlaýynça işe çekmegiň (daşyndan) bir formasyna person-n lizingi diýilýär, ýagny işçi firma bilen kontrakt baglaşýar we şonuň netijesinde firma ony belli bir möhlede başga bir firma işe ugradýar.

Kärhanalaryň köpüsi gerekli işlere gerekliligi özleriniň içerki çeşmeleriniň hasabyna kanagatlandyrmaga ýykgyn edýärler, ýagny işläp ýörenleri bir işden beýleki işe geçirmek gulluk basgançagynda süýşirme, işçileri önümçilik - brigade ulgamy boýunça taýarlamak. Içerki çeşmäniň gowy tarapy onuň ykdysady netijeliligi.

Işe almak belli bir prinsipleriň we metodlaryň esasynda amala aşyrylýar. Islendik käre alnanda esasy faktor - kwalifikasiýa. Işe alynyş prosedurasy.

Işe alynmagy baradaky arza we işe alynjagyň hemmetaraplaýyn seljerilişi

Deslapky gьrrьňdeєlik

Testirlemek we ота baha bermek

Med. Osmotr (lukman gцzegз.)

Ahyrky gьrrьтdeєlik

Zähmet konraktyna gol зekiєmeklik

Işe kabul etmekden эьz цwьrmek

**3. Zähmetiň motiwasiasy.**

Motiwasiýa (fransuzça - motif) - hereket etmäge oýarýan güýç, adamynyň hereketinde belli obrazda ýerine ýetirmäge mejbur edýän aýyryjy motiwleriň ulgamy.

Adamlaryň işiniň netijeliliginde aýgytly sebäp faktory bolup olaryň motiwasiýasy bolýar.

Motiwasiýa seredilende esasy üns berilmeli faktorlar ýagny adamynyň hereket etmäge mejbur edýän we onuň herekedini güýçlendirýän faktorlara.

Olardan esasylary şulardyr: talaplary, bähbitleri, motiwleri we höwesleri (gy zyklanmalary).

Motiwasiýa prosesini biri-biriniň yzyndan gidýän döwür görnüşinde görkezmek bolar ýagny işgäriň özüniň talaplaryny ileri tutma ulgamy hökmünde aňmagy; baýragyň belli bir görnüşini almakda örän amatly usulyny saýlap almagy; hereketlenmäni amala aşyrmak; baýragy almak; talaplary kanagatlandyrmak.

Zähmeti motiwasiýa esasynda dolandyrmakda şeýle şertler gerekdir ýagny işgärift personal we profisional ukyplylygyny hasaba alyp olaryň ýykgyn edýän we bähbitlerini ýüze çykarmakdyr.

Surat Zähmediň motiwasiýasynyň gowylandyrmagynyň ýollarynyň gurluş modeli.




Bu bäş ugurlar deňeşdirip alanyňda özbaşdak ugurlary birleşdirýär: maddy höweslendirmäni, işçi güýjiniň hilini gowylandyrmany, zähmedi guramagy kämilleşdirmegi, dolandyryş prosessine personaly çekmek we pul däl höweslendirmeleri.

Birinji ugurda motiwesion mehanizmde zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak ulgamynda zähmet hakynyň rolyly görkezýär. Oňa şeýle elementler degişlidir: zähmet tölegleri we sylag – baýrak bermek ulgamlaryny kämilleşdirmek; kärhananyň eýeriligine we peýdasyna personalyň gatnaşmak mümkinçiligini bermek;

Zähmet hakyny tölemekde motiwasiýa mehanizminiň uly rolynyň bardygyna garamazdan, zähmet hakynyň derejesiniň hemişe ýokarlandyryp durulmak zähmet aktiwligini – işjeňligi gerek derejede durmaga, şeýlede zähmet öndürijiliginiň ösüşine hemişe ýardam berip durmaýar. Şu metodyň ulanylmagy, gysga döwürde zähmet öndürijiligi ýokarlandyrmaga peýdaly bolup biler. Sebäbi ahyrky netijede şu täsir edişe öwrenişmeklik ýa-da doýgunlyk (nasyşeniýe) emele gelýär. Işgärlere birtaraplaýyn, diňe pul metodlary bilen täsir edilende uzak döwüre zähmet öndürijiligini ýokarlandyryp bolamaýar. Bazar ykdysadyýete ösen ýurtlaryň tejribesi şeýledigini subut edýär. Mysal üçin 70-80-nji ýyllarda ABŞ-da diňe şu metod ulanylanda (maddy höweslendirmeler) öndürijiligiň egri çyzygy durnukly peselýärdi. Garaşylmadyk ýagdaýda menejerler dolandylar düşündiler şeýle ýagdaýa ýagny işgärler tarapyndan bir gezek alynan bonus-baýrak-sylag

gelejekde-de almaga beriýän ýeňillik diýip düşündiklerine (işgärleriň). Şonuň üçinde pula isleg belli bir çäge çenli ösmegine çak edip bolar, ondan soňra beýleki islegleriň ýüze çykmagy mümkindir mysal üçin döredijilige, üstünlige ýetmek talaplar – islegler.

Motiwasiýany gowulandyrmagyň indiki ugry – zähmedi guramagyň kämilleşdirmek. Ol şeýle ugurlardan durýar: maksady goýmak – kesgitlemek, zähmet funksiýalary kesgitlemek, zähmedi baýlaşdyrmak, önümçilik rotasiasy, çeýe grafiki ulanmak, zähmet şertlerini gowulandyrmak.

**Maksady goýmak-kesgitlemek –** bu dogru goýulan maksada ýetmekde ugrukdyrma ýollarynyň bolmagy işgärler üçin motiw serişdesi bolmagy çak edýär. Maksady goýmaklygyň – kesgitlemegiň motiwasiýa we netijelige täsiri baradaky barlaglar subut edýär:

1. Maksady dogry goýmak-kesgitlemek – şeýle maksatlara laýyklykda işgärleriň gowy motiw boýunça gerek etmeginiň ähtimallygy ösýär.
2. kyn maksatlar ýeňil ýetip bolmaýan maksatlar bilen deňeşdireniňde işgärleriň motiwasiýasyny güýçlendirýär we zähmediň netijeliligini artdyrýar.

Zähmet funksiýalarynyň giňeldilmegi ýa-da “borçlaryň keseligine toplumy-sanawy” (nabor) bir hatardaky funksiýalaryň düzüminde personalyň işine dürliligi girizmegi aňladýär ýagny, bir işgär tarapyndan ýerine ýetirilýän operasiýalaryň sanyny kopeltmek. Netijede her bir işgäriň işçi aýlawy (sikl) uzalýar önümçilikde işleýänleriň sany azalýar, zähmediň intensiwligi (öndürijiligi) ösýär, mikra arakesmeler (pauza) azalýar.

Zähmedi boýlaşdyrmak ýa-da borçlaryň dikligine toplumyny sanawyny giňetmek bu adamlara şeýle bir işleri bermegi ol oňa ňzmäge, döredijilige, jogapkärçilige mümkinçilik berýänligi aňladýar, şeýlede onuň borçlaryna käbir meýilnamalaşdyrmagyň funksiýalaryny esasy önümiň hiline gzegçilik we bermegi göz öňünde tutýar. Şu metody inžener-tehniki işgärleriň, gullukçylaryň zähmedinde ulanmak amatlydyr.

Işçileriň köpçülikleýin profesiýalary üçin önümçilik rotasiasyny ulanmak gowy bolýar. Ol aňladýar önümçilik operasialarynyň we işleriň gezekleşdirilip durulmagyny haçanda işçiler öz ýerlerini güniň dowamynda döwürleýin çalşyp durmagyny. Bu bolsa zähmediň guralyşynda brigada formasyna mahsus bolýar. Professiýalary çalyşmak, ýakyn professiýalary özleşdirmek zähmediň monotonlygyny peselmäge onuň düzümi manysyny ýokarlandyrmaga ugrukdyrylandyr. Şu metodyň gowy tarapalaryna degişlidir: zähmet prosessinde çeýelik gazanylýar, monotonlyk peselýär, brigada metodynda öz sanly işçi işleýär, ony ornaşdymakda ýönekeýlik we minimal (az) çykdaýjylyk gazanylýar; ykdysady netijelik çalt gazanylýar.

<u>Işleriň çeýe grafikleriniň ulanylmagy</u> – adama öz zähmediniň wagtynyň eýesidigini duýmak maksady bilen ulanylýar. Işgärleriň özi iş gününiň başlanýan we tamamlanýan wagtyny özleri kesgitleýärler. Şeýle grafikleriň birnäçesi ulanylýar.

<u>Çeýe iş güni</u> – günde işiň başlanýan we tamamlanýan wagtyny üýtgetmek, netijede gündeki iş sagatlaryny dolmak şerti bilen.

Zähmet şertlerini gowulandyrmak häzirki güniň ýiti problemalaryň biri bolup durýar. Zähmet şertleri diňe bir taraplar bolman eýsem belli bir yzyna gaýtajylygy motiwam bolýar, şol bir wagtda ol belli bir zähmet öndürijiligiň we onuň netijeliliginiň faktoram bolup biler.

Bu problemanyň ýene-de bir tarapyny bellemelidir işgärleriň özleriniň zähmet medenýetiniň pesligini. Köp wagt bäri kanagatlanarsyz sanitary gigiýeniki şertlerde işlän adam öz iş ýerini dogry guramagy bilmeýär we bilmek hem islemeýär. Şeýle ýagdaýlary

düzgünleşdirmekde Ýaponiýanyň zähmedi dolandyrmakda ulanýan bir metody ýagny “SCU” ulgamy – öümçilik medenýeti ýokarlandyrmak uly ähmiýede eýedir. Işiň bäş prinsipiki ýermek (her bir başlangyç sözler “Gu” bilen başlanýar) zähmet (moral) ahlagynyň bir elementi bolup durýar. Bu prinsipler şulardan ybaratdyr:

1. Iş ýerlerinde gerekmesiz predmetleriň ýok edilmegi;
2. Gerekli predmetleri degişli gerekli ýerlerinde dogry ýerleşdirmek we aýap goýmak;
3. Iş ýerlerinde hemişe arassalaýjy we düzgün-tertibi saklamak;
4. Işe başlamakda hemişe iş ýerleriniň taýýar bolmagy;
5. Sanalan prinsipleri ýerine ýetirmek we özleşdirmek.

Iş ýerleriniň ýagdaýy her günde ballaryň kömegi bilen bahalandyrylýar. Işçiler öz iş ýerlerini hemişe gowy ýagdaýda saklamaga höwesli sebäbi şeýle ýagdaýda olaryň iş hakynyň 10% tarif bölegi köpelýär-artýar. Şeýle ulgamy ulanmak önümçilik medenýetiniň derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär, ol bolsa öz gezeginde zähmet öndürijiliginiň ösmegine ýardam berýär.

Professiýa – bu zähmet çekmegiň möhüm görnüşi ol belli bir nazary we tejribe endikleri bilmegi talap edýär.

## Tema: “Kärhananyň bazar ykdysadyýetinde işleýşi”

Kärhana – bu önüm öndürýän, işleri ýerine ýetirýän we hyzmatlary amala aşyrýan özbaşdak hojalyk subýektdyr.
Kärhana ýuridiki şahysdyr. Ýuridiki şahs alamatlara degişlidir: - öz emläginiň bolmagy ( ustaw fond ); hökmanydyr.

- özbaşdak emläk jogapkärçiligi, - eýeçiligi satyn almaga, ulanmaga hukugy, örbitlažda we kazyýetde öz adyndan jogap berýän we hakykaty gözleýän bolmagy hukugy özbaşdak hasap balansynyň bolmagy, - bankda hasap we beýleki hasaplaryň bolmagy zerurdyr.

Meýillnamalaşdyryş ykdysadyýeti şertlerinde kanunda şeýle shema boýunça işleýärler:




Şu shemanyň esasynda resurs çykyş edýär, şeýle şertlerde kärhana üçin ýokary hilde önüm öndürmek höwesi ýok sebäbi onuň bäsdeşi ýok.

Kärhanalarda üpjün edijileri saýlap almakda erkinligi ýok,bulardan başga-da kärhana üçin tozmak (bankrot) aladasy ýok.

Kärhananyň bazar gatnaşyklaryna geçmegi bilen ýagdaý düýbinden üýtgeýär. Kärhanalarda düýp göter täze shema boýunça işlemäge mejbur bolýarlar.




3-10 çenli öndüriji – oligapoliýa firma
10-80 monopoliýa bäsdeşlik

1000-müňlerçe – arassa bäsdeşlik bu shemada alyjylaryň islegi esas bolýar, ýagny öz önümini ýerleşdirmek mümkinçiligini, şonuň üçin bazar ýagdaýyny öwrenmek hökmandyr,

alyjylaryň talaplaryny, bazar göwrümini, mümkin bolaýjak bäsdeşleriň önüminiň hilini we beýlekileri – bazar gatnaşyklaryna mahsus soraglary öwrenmek hökmandyr.

## 2. Bazar ykdysadyýetinde kärhanalaryň esasy maksatlary we wezipeleri.

Köp okuw kitaplarynda we hukuk gollanmalarynda bellenip geçilişi ýaly bazar şertlerinde kärhanalaryň esasy maksady peýda gazanmak diýip görkezilýär. Şeýle maksat dogrydyr, ýöne doly däldir.

Bazar şertlerinde islendik kärhana üçin ýene-de bir möhüm maksat bolup olaryň işinde durnukly maliýe häkimlik çykyş edýär, bu maksady gazanmak üçin has çylşyrymly maksatdyr.

Ol diňe bir peýda gazanmagy göz öňünde tutman eýsem ony durnukly, yzygiderli, uzak döwürde gazanmagy göz öňünde tutýar.

Belli nemes ykdysadyýetçisi **Şmalen** kärhanany dolandyrmakda esasy şeýle meseleleri belleýär:

**1.** Tygşytlylyk
**2.** Maliýe durnuklylyk
**3.** Peýda

Tygşytlylyk prinsipa ýetmek üçin şeýle talaplary ýerine ýetirmeli:

a) az harajatlar bilen belli bir netijeli gazanmak (minimum prinsip).
b) berilen çykdajylaryň göwrüminde iň ýokary netije gazanmak (maksimallyk prinsipi).

Şeýlelikde tygşytlylyk ýörelgesi öz esasynda kärhanalara mahsus bolan talaplary bildirýän – önümçilik faktorlary (esasy fondlar, dolanşyk fond işçi güýji) biderek harç etmezlik, ýagny tygşytlylyk işlemek.

Maliýe durnuklylyk kanunuyň işinde islendik wagt öz bergilerini töläp bilmegi ýa-da bergilerini yza çekip bilmegi ýa-da karz alyp bilmek mümkinçiligini aňladýar.

Telekeçilik işiniň iň ýokary maksady – **bu netijäniň çykdajylaryndan ýokary bolmagy,** ýagny mümkin bolan köp peýdany ýa-da mümkin bolan ýokary düşewüntliligi gazanmakdyr.

Önümiň Balans peýda
Düşewüntliligi önümiň özüne düşýän gymmaty.
Bellenen maksady ýetmek üçin kärhana 3 görnüşi berjaý etmeli, ýerine ýetirmeli:

1. I ýokary hilli önüm öndürmek;
2. islege degişlilikde yzygiderli önümi täzelemeli;
3. hyzmatlary ýerine ýetirmeli.

II Önümçilik resurlary olaryň biri-biriniň ýerini tutýan häsiýeti göz öňünde tutup, olary rejeli peýdalanmaly;
III Kärhananyň önümiň ýokary bäsdeşligini üpjün etmek;
IV Çepe nyrh syýasatyny alyp barmak
V Öz işgärleriniň aladasyny etmek.
Esasy özüni alyp baryş taktikasyny we strategiýasyny işläp taýýarlamak we üýtgeýän ýagdaýlara degişlilikde oňa düzediş girizmek.

## Tema: Önümiň özüne düşýän gymmaty

**Önümiň ozüne düşýän gymmaty –** bu kärhananyň önüm öndürmäge we ýerleşdirmäge amala aşyrýan gündelik çykdajylaryny gymmat görnüşinde aňladylmagydyr.

Önümiň ozüne düşýän gymmat diňe bir möhüm ykdysady kategoriýa bolman eýsem hil görkezijidir, sebäbi ol kärhananyň ygtyýaryndaky hemme resurslaryň (üýtgeýän we hemişelik kapital) ulanylyş derejesini häsiýetlendirýär.

Önümiň ozüne düşýän gymmady ykdysady kategoriýa hökmünde birnäçe möhüm wezipeleri ýerine ýetirýär:

- önüm öndürmäge we ýerleşdirmäge hemme çykdajylary hasaba alýar we gözegçilik edýär;
- kärhananyň önümine lomaý nyrhyň emele gelmegine baza (esas) we peýdany we düşewüntliligi kesgitlemäge;
- kärhanalary konstruksiýasyny täzelemäge, tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrmaga we hereket edýänleri giňeltmäge real düýpli maýa goýumlaryň maksadalaýyklygy ykdysady esaslandyrmaga;
- kärhananyň(optimal) amatly möçberini kesgitlemäge;
- islendik dolandyryş çözgütlerini ykdysady esaslandyrmaga we kabul etmäge.

Özüne düşýän gymmatyň şeýle görnüşlerini tapawutlandyrýarlar: sehiňki, önümçiligiňki we doly.

Sehde önüm öndürmek bilen bagly bolan çykdajylara ***sehiň öndüren önümiň ozüne gymmaty*** diýilýär.

***Önümçiligiň özüne düşýän gymmaty*** diýip, sehiň çykdajylaryndan başga-da bu görkezijä umumy önümçilik we umumy hojalyk çykdajylaram girýär.

***Umumy önümçilik çykdajylary*** – bu önümçiligi dolandyrmak we oňa hyzmat etmek bilen bagly çykdajylardyr.

Umumy hojalyk çykdadajylary – önümçilik däl çykdajylar, salgytlar, tölegler.

***Doly özüne düşýän gymmat*** diýip, önümi öndürmek we ýerleşdirmek bilen bagly hemme çykdajylara aýdylýar. Bu görkeziji şeýle çykdajylardan durýar: önümçiligiň özüne düşýän gymmatyndan we önümçilikden daşarky çykdajylardan (gaplara we harydyň daşyny ýapmak önümi ulagda äkitmäge we gaýry çykdajylar).

Özüne düşýän gymmatyň indiwidual we ortaça pudak görnüşini tapawutlandyrýarlar.

**Indiwidual** bolanda anyk şertlerde işleýän ol ýa-da başga kärhananyň görkezijisidir. ***Pudagyň ortaça görkezijisi*** diýip, pudakda önüm birligine çykarylýan ortaça çykdajylara aýdylýar.

Ykdysadyýetiň bazar şertlerine geçiş döwründe kärhana üçin önümiň özüne düşýän gymmat görkezijisiniň ýoly we ähmiýeti örän ýokarlanýar. Ykdysady we durmuş tarapyndan seretseň, önümiň özüne düşýän gymmaty aşaklandyrmak şeýle ähmiýete eýedir:

- kärhananyň ygtyýarynda galýan peýdany artdyrýar, onuň netijesinde bolsa ýönekeý we üznüksiz önümçiligiň döremegine mümkinçilik bolýar;
- işgärleri maddy höweslendirmeklige we netijede kärhananyň kollektiwiniň köp durmuş problemalaryny çözmäge uly mümkinçilik döreýär;

- kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmaga we onuň tozmak töwekgelçiligini peseltmäge mümkinçilik döreýär;
- öz önümine satuw nyrhyny peseltmäge mümkinçilik döredýär, ol bolsa öz gezeginde önümiň bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrýar we ýerleşdirmäniň göwrümini artdyrýar.

Şu aýdylanlardan örän möhüm netije çykýar, ýagny önümiň özüne düşýän gymmaty peseltmek problema kärhanalarda merkezi pikir bolmalydyr.

## 2. Önüm öndürmäge we ýerleşdirmäge çykarylýan çykdajylary synplaşdyrmak

Önümiň özüne düşýän gymmaty barada maglumatlary almakda esasy resminama bolup, önüm öndürmek çykdajylaryň düzümi barada düzgünnama bolmalydyr.

Önümiň özüne düşýän gymmaty girýän köp çykdaýjylary seljermekde, hasaba almakda we meýilnamalaşdyrmakda biri-biriniň üstüni ýetirýän (doldurýan) synplaşdyrma ulanylýar: elementler we maddalar (kalkulýatsa) boýunça.

Ykdysady manysy boýunça ***bir düzimli çykdajylar*** diýip, haýsy maksada we nirede ulanylýandygyna garaman ulanylýan ykdysady elementlere aýdylýar.

Önümiň özüni emele getirýän çykdajylar, özüniň ykdysady manysyna baglylykda şeýle elementler boýunça toparlara bölýärler:

1. Maddy (material) çykdajylar (gaýtdana ulanylýan galyndylary aýyrmaly).
2. Zähmet tölaglerine çykdajylar.
3. Durluş gerekliligine (mätäçliklerine) geçirmeler.
4. Esasy fondlara amortizasiýa.
5. Gaýry çykdajylar.

Maddy çykdajylara şular degişli bolup biler:

- çig-mal we esasy materallar, şol sanda ýarym fabrikatlar we önümi komplektasiýa edijiler (dolduryjylar),
- kömekçi materiallar,
- ýangyç we energiýa,
- arzan bahaly we basym (çalt) könelýän predmetler we beýlekiler.

Durmuş gerekliligine tölegler (geçirimler) zähmet haky fondundan belli bir normatiwleresasynda amala aşyrylýar. Bu normatiwiň ululygy kanunçylygyň esasynda kesgitlenýär we adaty täzeden seredilip bilner.

Esasy fondlaryň amortizasiýasyna hasabat ýylyndaky esasy serişdeleriň hemmesine amortizasiýa tölegleri degişlidir.

***Gaýry çykdajylar*** – bu göterim boýunça tölegler, maddy däl aktiwleriň könelmegi, komandirowka çykdajylar, kadrlary taýýarlamaga çykdajylar we beýlekiler.

Çykdajylary ykdysady elementler boýunça synplaşdyrmak, önümiň özüne düşýän gymmaty aşaklandyrmagyň (peseltmegiň) tabşyry kesgitlenende, dolanşyk serişdeleriň gerekliligi hasaplananda, smeta çykdajylary hasaplananda, şeýle-de maýa gowýumy esaslandyrlanda ulanylýar.

Içerki önümçilik meýilnamalaşdyrmakda we önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmegiň rezerwerini ýüze çykarmakda diňe her bir kärhananyň ol ýa-da başga

ykdysady elementleriň umumy çykdajylaryny bilmän, eýsem onuň ýüze çykan ýeriniňem çykdajylaryny bilmek hökmandyr. Şeýle mükinçiligi çykdajylaryň kalkulýasiýa maddalary boýunça synplaşdyryş berýär.

Kärhanalarda önümiň aýry görnüşlerine çykdajyalryň özüne düşýän gymmaty hasaplananda kalkulýasiýanyň maddalary birleşdirilýär.

Kalkulýasiýanyň maddalary:

1. Çig-mal we materiallar.
2. Gaýtadan ulanylýan galyndylar (aýyrmaly).
3. Satyn alynýan önümler, ýarym fabrikatlar, daşarky kärhanalaryň we guramalaryň önümçilik häsiýetli hyzmatlary.
4. tehnologik maksatlara ýangyç we energiýa.
5. Önümçilik işçilerine zähmet haky.
6. Durmuş gerekliligine tölegler.
7. Önümçiligi taýýarlamaga we özleşdirmäge çykdajylar.
8. Umumy önümçilik çykdajylary.
9. Umumy hojalyk çykdajylary.
10. Brakdan emele gelýän ýitgiler.
11. Beýleki önümçilik çykdajylary.
12. Teelekeçilik (täjirçilik) çykdajylary.

Birinji 11-nji madda önümçiligiň özüne düşýän gymmaty diýilýär. 12-nji maddanam goşsaň doly önümçiligiň özüne düşýän gymmady emele getirýär. Getirilen tipiki çykdaýjylaryň maddalarynyň nomenklaturasyna, ministrlik önümçiligiň guralyýyna, tehniki we tehnologiki aýratynlyklaryny göz öňünde tutup üýtgeşmeler girizip biler.

Telekeçilik çykdaýjylaryň düzümine şular girýär: gaplara we daşyny dolamaga çykdaýjylar, önümi ulag bilen alyp gitmäge çykdaýjylar, önümi gerekli stansiýa gämilere, awto çykdaýjylar we ş.m, ýerleşdiriji kärhanalara we guramalara şertnama esasynda komission ýygymlary we tölegler, reklama çykdaýjylar, we beýleki çykdaýjylar (saklamaga, sortlamaga, goşmaça işläp bejermäge).

Umumy önümçilik we umumy hojalyk çykdaýjylar (nakladnoýlar). Umumy önümçilik nakladnoý çykdaýjylary – bu önümçiligi dolandyrmaga we hyzmat etmäge çykdaýjylar. Umumy önümçilik (nakladnoý) – ýüklenen, goşulan çykdaýjylara degişlidir:

- enjamlary saklamaga we ulanmaga çykdaýjylar;
- dolandyrmaga sehiň çykdaýjylary;

Öz gezeginde enjamlary saklamaga we ulanmaga çykdaýjylar – bu ulag serişdeleriniň (zawodyň içindäki ulag) we enjamlaryň amortizasiýasy, enjamlary ulanmakda emele gelýän şeýle çykadaýjylar, ýagny ýaglaýjy, süpüriji, sowadyjy we ş.m. materiallara çykdaýjylar, enjamlara hyzmat edýän işçileriň iş haky we durmuş gerekliligine tölegler, energiýanyň hemme görnüşlerine, suwa, buga, gysylan howa, kömekçi önümçiligiň hyzmatlaryna çykdaýjyklar, enjamlary abatlaşdyrmaga, tehniki taýdan seredip durmaga we oňa göz-gulak bolmaga çykdaýjylar, enjamlary, materiallary, ýarym materiallary zawodyň içinde göçürip durmaga çykdajylar, arzan bahalay we çalt könelýän gurallaryň könelmegine we beýleki enjamlary ulanmak bilen bagly çykdajylar.

Sehi ýa-da önümçiligi dolandyrmaga ýüklenen çykdajylara girýär: sehi dolandyrýan apparatyň iç haky we durmuş gerekliligine tölegler, jaýa, bina, inwentara amortizasiýa, jaýlary we binalary abatlaşdyrmaga we gowy ýagdaýda saklamaga, zähmeti we tehniki howpsuzlygy kadaly şertleri üpjün etmäge we ýörite eşiklere we aýakgaplara çykdaýjylar; arzan bahaly we çalt könelýän instrumentlere we ş.m. önümçiligi dolandyrmak bilen bagly çykdaýjylar.

Ýüklenen çykdaýjylaryň her bir toparynyň öz aýratynlygy bardyr. Ýöne olary birleşdirýän zat o-da olaryň ýüze çykan ýeri, ýagny önümçilik bölümlerinde meýilnamalaşdyrylýar we hasaba alynýar.

Ýüklenen umumy hojalyk çykdaýjylary ýa-da önümçilik däl maksatly ýüklenen çykdaýjylar. Olar dolandyryş, ýolbaşçylyk funksiýasy bilen bagly we bütin kärhananyň, kompaniýanyň, firmanyň düzüminde amala aşyrylýar. Bu çykdaýjylaryň düzümine birnäçe topar goşulýar: administratiw-dolandyryş, umumy hojalyk, salgytlar, hökmany tölegler, beýleki tölegler we.ş.m. Bu çykdaýjylaryň düzümine şeýle çykdaýjylar goşýarlar:

1) Kärhananyň dolandyryş apparatynyň işgärlerini saklamak, olaryň iş hakyny, durmuş gerekliligine tölegleri, maddy tehniki we ulaga hymat edişe, komandirowka çykdaýjylary.
2) Dolandyryş tehniki serişdelerine hyzmat etmäge we. ş. m derejesine saklamaga (hasaplaşyk merkezleri, aragatnaşyk bölümleri, signal serişdeleri), yşyklaşdyryşa, ýyladyşa we.ş.m.
3) Auditor we maglumat, konsultasiýa hyzmatlaryna tölegler, bankyň hyzmatlaryna tölegler (şol sanda bank karzlaryna göterimler we haryt-material gymmatlyklaryny almak üçin haryt berijileriň (postawşiki) karzlaryna göterimler.
4) Kadrlary taýýarlamaga we täzeden taýýarlamaga, işçi güýjüni almaga çykdaýjylar.
5) Arassalaýyş gurluşlary tebigy goraýyş maksatly gaznalar bilen bagly gündelik çykdaýjylara, ekologiýa taýdan howply galyndylary ýok etmäge çykdaýjylar we tebigy gurşawy hapalaýan maddalaryň (taşlandylaryň çäkli möçberine tölegler.
6) Esasy serişdeleriň amortizasiýasyna, arzan bahaly we çalt könelýän predmetlere we maddy däl aktiwlere.
7) Umumy önümçilik maksatly inwentarlary we binalary, jaýlary abatlaşdyrmaga we jemgyýetçilik iýmiti guramalara mugt ulanmaga berilýän jaýlary saklamak bilen bagly çykdajylar.
8) Kärhananyň emlägine we işgärleriň belli bir kategoriýalaryna hökmany durmuş tölegleri, salgytlar, ýygymlar, tölegler we kanunçylyk tertibinde goýlan beýleki hökmany tölegler.

Şu çykdajylar meýilnamalaşdyrylanda smeta boýunça madda we topar çykdajylarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Beýleki maddalaryň manysy olaryň atlaryndan bellidir.

Elementler we maddalar boýunça synplaşdyrmakdan başga-da olar beýleki salgytlar-alamatlar boýunça synplaşdyrylýar.

**Önüm öndürmäge çykdajylaryň synplaşdyrylyşy.**

Tablisa

| № | *Synplaşdyrmagyň alamatlary* | *Çykdajylaryň bölünişi* |
|---|---|---|
| 1. | Önümçilik prosesinde ykdysady roly boýunça | Esasy we ýüklenen |
| 2. | Düzümi boýunça (bir gönüşli) | Bir elementli we kompleksleýin |
| 3. | Önümiň özüne düşýän gymmatyny goşmak usuly boýunça | Göni we gytaklaýyn |
| 4. | Önümçiligiň göwrümine gatnaşygy boýunça | Şertli üýtgeýän we şertli (üýtgemeýän) hemişelik |
| 5. | Ýüze çykyş döwri boýunça | Gündelik we bir gezek |
| 6. | Önümçilik prosesine gatnaşygy boýunça | Önümçilik we täjirçilik |
| 7. | Netijeliligi boýunça | Öndürijilikli we öndürijilikli däl |

***Esasy çykdajylar*** diýip, önümçiligiň tehnologiki prosesi bilen bagly bolan, ýagny çig-mala, materiala, kömekçi we beýleki çykdajylara aýdylýar. Özem umumy önümçilik we umumy hojalyk çykdajylardan beýlekileri.

***Ýüklenen çykdajylar*** – önümçiligi guramak, hyzmat etmek we dolandyrmak bilen bagly emele gelmeler.

Bir döwürleýin (bir düzümli) çykdajylara täze önüm görnüşlerini öndürmekde taýýarlaýyş we özleşdiriş çykdajylary, täze önümçiligi işe girizmek bilen bagly çykdajylar degişlidir.

**Öndürijilikli harajatlar** diýip, önümçiligiň tehnologiýasynyň we guralyşynyň rejeli bolmagynda gerekli hilli önümi öndürmek bilen bagly çykdajylara aýdylýar.

**Öndürijilikli däl harajatlar** – önümçiligi guramagyň we tehnologiýasynyň ýetmezçiliginiň netijeleridir.

Kärhanada önümçilik çykdajylaryny peseltmek maksadyny dolandyrmakda we seljermekde şertli üýtgeýän we şertli hemişelik çykdajylara synplaşdyrmak möhüm ähmiýeti bardyr.

***Şertli hemişelik çykdajylar*** diýip, önümçiligiň göwrüminiň üýtgemegine garamazdan hemişelik çykdajylara aýdylýar. Oňa degişlidir: jaýlaryň we binalaryň amortizasiýasy, kärhanany dolandyrmak bilen bagly çykdajylar, kärende tölegi.

***Şertli üýtgeýän çykdajylar*** diýip, önümçiligiň göwrüminiň üýtgemegi bilen üýtgeýän çykdajylara aýdylýar. Oňa degişlidir: işçileriň potrat iş haky, energiýa, tehnologiki ýangyja, çig-mallara, materiallara çykdajylar.

Önümçiligiň göwrüminiň we ýerleşdirmegiň ösmegi önümiň özüne düşýän gymmaty eselýär, ýagny şertli hemişelik çykdajylaryň peselmegine.

Mysal: Kärhanada hasabat döwründe önümiň mukdary 2000 birlik boldy, ony öndürmäge çykdajylar 4 mlrd.man, şol bir wagtda-da şertli üýtgemeýän çykdajylar 2,2 mlrd.man bolup. Meýilnamalaşdyryş döwürde öndürmäni 20% artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Meýilnamalaşdyrylan önümiň özüne düşýän gymmaty we önümçiligiň göwrüminiň ulalmagynda peseljek çykdajylaryň ululygyny kesgitlemeli.

Çözgüt:

1) Önümiň özüne düşýän gymmatda şertli hemişelik çykdajylaryň paýyny kesgitleýäris:

$$d = \frac{2,2}{4,0} * 100 = 55\%$$

2) Önüm öndürmäge meýilnamalaşdyrylan çykdajylary

$$S_{pl} = 2.2 + 1.8 * 1.2 = 4.36 mlrd.man.$$

3) Meýilnamalaşdyrylan döwürde önümçiligiň göwrüminiň ululygy çykdajylaryň ululygyny näçe peselder?

$$4.0 * 1.2 - 4.36 = 0.44 mlrd.man$$

Önümiň birligine çykdajylar 2 mln. manatdan (40000/2000) 1.82 mln. manada (4.36/2*1.2) çenli peseldi, ýagny 200 müň manada golaý.

**Önümiň özüne düşýän gymmatynyň gurluşy we ony kesgitleýän faktorlar.**

***Önümiň özüne düşýän gymmatynyň gurluşy (strukturasy)*** diýip, onuň maddalar we elementler boýunça düzümine we doly önümiň özüne düşýän gymmadyndaky paýyna aýdylýar. Ol hemişe hereketde bolýar we oňa şeýle faktorlar täsir edýär:

1) Kärhananyň aýratynlygy (spesifikasiýasy). Şunuň esasynda tapawutlandyrýarlar: zähmet talap ediji kärhanalar (önümiň özüne düşýän gymmadynda ýokary iş hakynyň paýynyň bolmagy); material talap ediji (material çykdajylarynyň paýynyň ýokary bolmagy); fond talap ediji (amortizasiýanyň ýokary paýy); energiýa talap ediji (önümiň özüne düşýän gymmadynda ýangyjyň we eneriýanyň paýynyň uly bolmagy).
2) Ylmy-tehniki progresi (ösüşi) çaltlandyrmak. Bu faktor önümiň özüne düşýän gymmadyna köp taraplaýyn täsir edýär, ýöne esasy täsir önümiň özüne düşýän gymmatda janly zähmetiň paýy ýokarlanýar.
3) Önümçiligi guramagyň jemgyýetçilik formalary.
4) Kärhananyň geografiki ýerleşýän ýeri.
5) Inflýasiýa we bank karzlarynyň stawkalarynyň göterimleriniň üýtgemegi.

Önümiň özüne düşýän gymmatynyň gurluşyny şeýle görkezijiler häsiýetlendirýär:

- maddylaşdyrylan we janly zähmetiň arasyndaky gatnaşygy;
- doly çykdajylaryň düzüminde aýry elementleriň we maddalaryň paýy;

- hemişelik we üýtgeýän çykdajylaryň, esasy we (esasy däl) ýüklenen çykdajylaryň, önümçilik we täjirçilik (önümçilik däl) çykdajylaryň, göni we gytaklaýyn we beýlekileriň arasyndaky gatnaşyklary.

## 3. Kärhanalarda çykdajylary minimallaşdyrmak maksady dolandyrmak

Kärhanada çykdajylaryň gurluşyny seljeriş etmek we yzygiderli kesgitläp durmak örän möhüm ähmiýeti bardyr, ilkinji nobatda kärhanada çykdajylary dolandyrmakda minimallygy gazanmak maksadynda.

Çykdajylaryň gurluşy kärhanada olary peseltmegiň rezerwlerini ýüze çykarmakda we onuň anyk çärelerini işläp düzmäge mümkinçilik berýär.

Kärhanada önümiň özüne düşýän gymmatyny meýilnamalaşdyrmak.

Kärhananyň ykdysady we durmuş ösüşiniň meýilnamasynyň möhüm bölümleriniň biri önümiň özüne düşýän gymmadynyň meýilnamasydyr. Kärhanada önümiň özüne düşýän gymmatyny meýilnalaşdyrmak örän uly ähmiýete eýedir, sebäbi meýilnamalaşdyryş döwründe nähili maliýe netijelere, önüm öndürmäge we ýerleşdirmäge nähili çykdajylara garaşyp boljakdygyny bilmäge mümkinçilik berýär. Önümiň özüne düşýän gymmadynyň meýilnamasy şeýle bölümlerden ybarat:

1) Önüm öndürmäge çykdajylaryň smetasy (ykdysady elementler boýunça düzülýär).
2) Hemme harytlaryň we ýerleşdirmeli önümleriň özüne düşýän gymmaty.
3) Aýry önümleriň meýilnama kalkulýasiýa.
4) Haryt önüminiň tehniki-ykdysady faktorlar boýunça özüne düşýän gymmadyny peseltmegiň hasaplamalay.

Önümiň özüne düşýän gymmadynyň meýilnamasynyň möhüm hil görkezijilerine şular degişlidir:

- Harydyň we ýerleşdirilen önümiň özüne düşýän gymmaty.
- Önümleriň möhüm görnüşleriniň birliginiň (ýeke-täkliginiň) özüne düşýän gymmaty.
- Önümiň özüne düşýän gymmadynyň tehniki-ykdysady faktorlar boýunça peseltmegiň göterimi.
- Deňeşdirilýän önümiň özüne düşýän gymmadyny peseltmegiň göterimi.

Öndürmäge çykdajylaryň smetasy – her elemente hasaplamalar esasynda, ýöne zawodiçre aýlanşyksyz düzülýär we maliýe meýilnamasyny işläp düzmegiň esasy resminamasy bolýar. Ol bir ýyllyga düzülýär we hemme çykdajylar kwartallar boýunça paýlanýar.

Çig-mala, esasy we kömekçi materiallara, ýangyja we energiýa çykdajylar, smetanyň çykdajylarynda ilkinji nobatda hemme önümçilik maksatnama kesgitlenýär, özem meýilnamalaşdyrylan göwrüme, norma we nyrha baglylykda.

Amortizasiýa tölegleriň umumy ululygy esasy fondlaryň toparlaryna hereket edýän norma esasynda hasaplanýar.

## Tema: Telekeçilik işine döwletiň täsir ediş usullary.

Döwlet ykdysadyýetde goşulmalydyr, haçanda şonuň üçin belli bir şertler we başlangyçlar bar bolsa,

Olara pozitiw we negatiw şertleri diýilýär.

Negatiw şertler diýip – ýurduň bütin ykdysadyýetine we telekeçili işine (m.b - **TÇ**) otrisatel hadysalaryň täsiretmegine aýdylýar. Döwletiň roly şeýle hadysalary öz wagtynda ýüze çykarmak, sebäplerini anyklatmak we olary ýok etmekde gerekli çareleri kabul etmekde duryar.

- Milli howpsyzlygyň talaplary;
- Jemgyýetdäki durmuş dartgynlygy;
- Gurşap aälýan sredanyň erbetleşmegi;
- Ykdysadyýetdäki negatiw hadysalar. (önümçiligiň peselmegi işsizligiň ýokarlanmagy).

Pozitiw şertler diýip ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna ýüze çykýan položitel hadysalara düşünilýär.

Döwlet öz wezipelerini we ykdysadyýeti sazlaşdyrmakda ykdysady (gytaklaýyn) şeýle-de administratiw (göni) metodlaryň kömegi bilen telekeçilik işine we ykdysadyýete täsir edýär.

Administratiw – (kärhanalar, käýinç, perman) – göni.

Ykdysady – (höweslendirmek) – gytaklaýyn.

Onuň üçin degişli kanunlary çykarýar we düzedişler girizýär, şeýle-de belli bir ykdysady syýasaty geçirýär.

Döwlet ykdysady metodlaryna degişli girdejileri we resurslary täzeden paýlamak nyrh emele getiriş döwlet telekeçilik işine karz maliýe mehanizmi, salgytlar we başgalar degişlidir.

Administratiw täsir ediş metody döwlet tarapyndan ulanylýar, haçan-da ykdysady metodlary ulanyp bolmaýan ýagdaýlarda.

Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly administratiw metodlar şeýle ugurlarda ulanmak maksada laýyk:

I. Zähmet öndürijiligi zähmet talap edijiligi.
II. Esasy fondlaryň önüm öndürijiligi – ammortizasiýa.
III. Aýlanşyk fondunyň talap edijiligiç- material talap edijiligi.

Öndüriji fondlaryny döretmäge we ulanmaga gönükdirilen maýa goýuma – **düýpli maýa goýum.**

I. Adaty döwlet monopoliýasynda(düýpli ylymda goranyşda) administratiw metodlary ulanylýar.
II. Gurşap alýan sredada we suratlary ulanmakda
III. Sertifikasiýasynda – ülňeleşdirmekde, metralogiýa (ölçeglerde)
IV. Durmuş syýasatynda (işsizlikde, iş haky, minimum iş haky)
V. Daşarky ykdysady işlerde

**Durmuş fiskal syýasaty diýip – ykdysady aňlandyrmak we stobilleşdirmek maksady bilen döwlet býujetini we salgyt salmany sazlaşdyrmaga düşünilýär.**

1. I I Ö 5. J I G
2. J M Ö 6. J M G
3. J A Ö 7. J A G
4. A M Ö 8. A M G

Önümçilgiň aşak gaçan ýagdaýynda umumy islegi artdyrmak üçin döwlet dürli döwlet maksatnamalaryny amala aşyrmaga we jemgyýetçilik işlerini gurnamaga özüniň çykdajylaryny artdyrýar.

Ykdysady gollamak üçin döwlet öz girdejilerini hem azaldyp biler ýagny kärhanalardan we ilatdan az salgyt alyp şeýle ýagdaýda ilatyň sarp ediş harytlara ilslegi artýar, kärhanalaryň bolsa inwestisiýa geçirmäge mümkinçiligi artýar.

Döwlet fiskal syýasaty ilkinji nobatda ykdysadyýeti üýtgäp durmagyny duruzmaga gönükdirilen.

Döwlet – ylmy tehniki progress syýasaty ammortizasiýa syýasatynyň inwestisiýa syýasatynyň we maliýe karz syýasatyny geçirýär.

## Tema: Ylmy-tehniki progress (YTP).

Okuw we ýörite edebiýatlarda ylmy-tehniki progress we ylmy-tehniki rewolýusiýa diýen düşünjelere ýeke-täk kesgitlemesi ýok. Ýöne umumylaşdyrylan görnüşde şeýle kegitlemeler bermek bolar.

**YTP** – bu ylmy bilimleriň gazananlarynyň esasynda önümçilige täze tehnikany we tehnologiýany, zähmetiň we önümçiligiň täzeçe guralyşyny üznüksiz ornaşdyryp durmakdyr. YTP düşünjesi YTR düşünjesinden giňdir. YTP YTR-nyň esasy düzüjisidir.

**YTR –** bu YTP-ň ýokary derejesidir, ol ylymda we tehnikada düýpli özgermeleriň bolýandygyny aňladýar, özem jemguýetçilik önümçiligine ýokary täsirini ýetirýär. Eger-de YTP ewolýusion ýa-da rewolýusion esasda ösüp bilýän bolsa, YTR-böküş (bökmek) görnüşde bolýar.

Şekilde görkezilen.




Makro we mikro rewolýusiýany tapawutlandyrýarlar.

**Makrorewolýusiýa** – bu rewolýusiýa, haçan-da onuň netijeleri jemgyýetçilik önümçiligine ýa-da onuň köp sferalaryna düýpli täsiri ýetirmägine aýdylýar. Makrorewolýusiýa mysal bolup elektrifikasiýa, elektron hasaplaýjy maşynlaryň ornaşdyrylmagy, radiolaşdyrylmak we başgalar.

**Mikrorewolýusiýa** – bu rewolýusiýa, haçan-da onuň netijeleri halk hojalygynyň käbir pudaklaryna ýa-da senagata täsirini ýetirýär. Mysal üçin, domen peçsiz poladyň alnyşy gara metallurgiýa çeýe senagat ulgamlary-maşyngurlyşygynda.

Şeýlelikde makrorewolýusiýa we mikrorewolýusiýanyň tapawudy onuň masştabynda (ululygynda, möçberinde), ýagny onuň ýaýramagynda we netijeliliginiň ähmiýetinde.

Islendik döwlet, netijeli ykdysadyýeti üpjün etmek üçin we öz ösüşinde beýleki ýurtlardan galmazlyk üçin ol ýeke-täk döwlet ylmy-tehniki syýasaty amala aşyrmalydyr.

**Ýeke-täk ylmy-tehniki syýasat** – bu maksat ugrukdyrylan çäreleriň ulgamydyr. Ol öz gezeginde ylmyň we tehnikanyň hemme taraplaýyn ösmegini üpjün edýär we onuň netijeleriniň ykdysadyýete ornaşdyrylmagydyr.

**YTP-ň esasy ugurlary** – bu ylmyň we tehnikanyň şeýle ugurlarydyr, haçan-da olar tejribede amala aşyrylanda iň bir gysga wagtda maksimal ykdysady we durmuş netijeliliginiň gazanylmagydyr.

Ylmy-tehniki progressiň umumy döwlet ugurlaryna degişlidir: elektrofikasiýalaşdyrmak, önümçiligi kompleksleýin mehanizasiýalaşdyrmak we awtomatlaşdyrmak, önümçiligi himiýalaşdyrmak.

**Elektrofikasiýa** – bu jemgyýetçilik önümçiliginde we gündelik durmuşda elektroenergiýanyň giň ulanylmagy we öndürmek prosesidir. Bu proses iki taraplaýyndyr: bir tarapdan elektroenergiýany öndürmek, beýleki tarapdan dürli sferalarda sarp edilmegi, ýagny önümçilik prosessinden başlap gündelik durmuşa çenli.

Elektrofikasiýany ösdürmegiň möhümligi birnäçe sebäplere baglydyr, olardan esasylary şulardyr:

- Beýleki energiýalara garanyňda elektroenergiýanyň artykmaçlygy, ýagny ony uzak aralara geçirip bolmaklygy, özem uly tizlikde we önümçilik prosesini çaltlaşdyrmaklygy, islendik möçberde bölünip we jemlenip bilmegi, energiýanyň başga görnüşlerine öwrülip bilmegi (mehaniki, ýylylyk, ýagtylyk we beýlekiler).
- Ýurduň öndüriji güýçlerini ösdürmekde elektrofikasiýanyň mümkinçiliklerini ösdürmek.

Elektrofikasiýanyň derejesi şeýle görkezijileri bilen häsiýetlendirilýär:

- Elektrofikasiýanyň umumy koeffisiýenti – ýagny kärhananyň, birleşigiň, pudagyň hemme sarp edilýän energiýasynyň görnüşleriniň, elektrik energiýanyň gatnaşygyna.

$$\frac{\text{Elektroenerkiýa}}{\text{Energiýanyň hemme görnüşi}}$$

- Herekede getirijileriň elektrofikasiýalaşdyrylyşynyň derejesi, ýagny ulanýan elektrik energiýanyň, maşynlary, enjamlary herekede getirmek üçin ulanylýan hemme energiýanyň görnüşlerine gatnaşygy.
- Önümçilik prosesine (elektrony, el plawka, el swarka) gönüden-göni sarp edilen elektroenergiýanyň önümçilik harajatlaryna sarp edilen energiýanyň hemme görnüşlerinde udel agramy.
- Elektrofikasiýalaşdyrmagyň ähmiýeti önümçiligi mehanizasiýalaşdyrmakda we awtomatlaşdyrmakda hem-de himiýalaşdyrmakda ýüze çykýar, önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna ýardam berýär, ýagny zähmet öndürijiligiň artmagyna, önümiň hiliniň ýokarlanmagyna önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine, önümçiligiň göwrüminiň artmagyna we peýdanyň ösmegine.

**Önümçilik prosesiniň mehanizmleşdirilmegi we awtomatlaşdyrylmagy** – bu aýry liniýalary we önümçilikleri el işleriniň ýerine awtomatlar, mehanizmler ornaşdyrmak çäreleriň toplumynyň ulanylmagydyr.

Önümçilik proseslериniň mehanizmleşdirmegi el zähmetini maşynlar, mehanizmler bilen çalşylmagyny aňladýar.

Mehanizmleşdirmegiň ýokary derejesi önümçilik prosesslerini awtomatlaşdyrmakdyr, ýagny hemme işleri awtomatlar ýerine ýetirýär. Adam diňe işlere gözegçilik edýär.

Mehanizmleşdirmegiň we awtomatlaşdyrmagyň görkezijilerine şular degişlidir:

-Önümçiligi mehanizimleşdirmegiň we awtomatlaşdyrmagyň koffisiýenti:

$$K_{ö.m} = \frac{\textbf{Maşynlaryň kömegi bilen öndürilen önümiň göwrümi } V_m}{\textbf{Kärhanada hemme öndürilen önümiň göwrümi V umumy}}$$

-Zähmeti mehanizmleşdirmegiň awtomomatlaşdyrmagyň koeffisiýenti ($K_{zm}$)

$$K_{z.m} = \frac{\textbf{Mehanizmleşdirilen işde işleýän işçileriň sany } N_n}{\textbf{El operasiýalaryny ýerine ýetirýän işçileriň sany } N_{el}}$$

-Işleri mehanizmleşdirmegiň (awtomatlaşdyrmagyň) koeffisiýenti ($K_{iş}$)

$$K_{iş} = \frac{\textbf{Mehanizm usuly bilen ýerine ýetirilen işleriň göwrümi } V_m}{\textbf{Işleriň umumy göwrümi V umumy}}$$

-Awtomatlaşdyrmagyň umumy göwrümi $\lambda_a$

$$\lambda_a = \frac{\textbf{Awtomat enjamlaryň sany ýa-da onuň gymmady } K_a}{K_a\textbf{+awtomat däl enjamlaryň sany ýa-da gymmady K}}$$

**Himiýalaşdyrmak –** halk hojalygynda we gündelik durmuşda himiki önümleriň öndürilmegi we ulanylmagy, himiki usullary (metodlary), prosessleriň we materiýallary halk hojalygyna ornaşdyrmak.

Umuman, himiýalaşdyrmak şeýle mümkinçilikleri berýär:

- Tehnologik prosessleri örän tiz gaýtalandyrmaga we şonuň esasynda wagt birligi içinde önümiň öndürilişini artdyrýar;
- Senagat we jemgyýetçilik material talap edijiligi peselmäge. Şeýle 1 t. plastmassa 5 t. metaly çalşyp bilýär;
- Robototehnikanyň önümçilige ornaşdyrylmagy önümiň zähmet talap edijiligini peseldýär;

- Öndürilýän önümleriň sanyny, assortimentini giňeltmäge we olaryň hilini ýokarlandyrmaga we şeýlelikde ilatyň we önümçiligiň talaplaryny doly kanagatlandyrmaga.

### 4. Kärhanalarda YTP-i meýillnamalaşdyrmak we çaklama.

Alymlaryň hasaplaryna görä, YTR-i yzygiderli meýilnamalaşdyrman we çaklaman uly ýa-da orta kärhanalar üstünlik gazanyp bolmaýandygyny subut etdiler. Umumy alanyňda, **çaklama** – bu ylmy-tehniki tendisiýalary we durmuş-ykdysady ösüşi ylmy taýdan esaslandyryp öňünden görmekdir.

**Ylmy-tehniki çaklama** – bu ylmyň belli ugurlaryna, tehnikanyň we tehnologiýanyň perspektiw ösüşine we onuň üçin gerek resurslary we guramaçylyk çärelerine esaslandyrylan ähtimallyk baha bermekdir.

**Kärhanada YTR-i çaklamak** – bu kärhananyň tehniki taýdan ösüşinde örän ähtimal we perspektiw ýollaryň tapylmagydyr.

Çaklamanyň obýekti tehnika, tehnologiýa we olaryň parametrleri, zähmedi we önümçiligi guramak, kärhanany dolandyrmak, täze önüm, talap edilýän maliýa, ylmy barlag işleri, ylmy kadrlary taýýarlamak bolup biler. Çaklmanyň mazmuny boýunça olar tapawutlanýarlar:

- Prinsipial täze açyşlaryň we oýlap tapyşlaryň ýüze çykmagy;
- Amala aşyrylan açyşlaryň ulanylamly ugurlary;
- Tehnologiýalaryň, enjamlaryň, maşynlaryň täzeleriniň ýüze çykmagy we olaryň önümçilige ýaýradylmagy.

Çaklamany işläp düzmek usullarynyň 150-ä golaýy bardyr. Ýöne tejribede has köp ýaýranlary şulardyr:

- Ekstropoliýasiýa usuly;
- Bilermenleriň (ekstrleriň) baha beriş usuly;
- Modillirlemek usuly.

Ekstropoliýasiýa usulynyň – manysy çaklama döwrüň öňündäki ylymda we tehnikada emele gelen kanunynylygy geljege ýaýratmak. Bu usulyň ýetmezçilik tarapy oda çakklama döwürde ýüze çykaýjak köp faktorlaryň hasaba alyp biler. Ylmyň we tehnikanyň täze ugurlaryny çaklamakda örän netijeli ugur bolup bilermenleriň baha beriş usuly hyzmat edýär. Sebäbi bu usul täze tehniki ideýa we prinsipler baradaky maglumatlary öňünden görmegi hasaba alýar.

Bilermenleriň baha beriş usuly – degişli ugurlarda işleýän ýokary kwalifikasiýaly hünärmenlerden soramak esasynda alnan çaklama bahalaryň statistiki taýdan işläp taýýarlama esaslanandyr. Bilermenleriň baha beriş usulynyň birnäçe görnüşleri bardyr. Indiwidual anketa soramada garaşsyz bilermenleriň pikiri bilinýär. „Delfi“ usulynda ikinji gezek soramany göz öňünde tutýar, ýagny haçanda bilermenler öz kärdeşleriniň ilki başky bahalary bilen tanyş bolanlaryndan soň. Eger-de pikirler has ýakyn bolsa, onda problema orta bahada aňladylýar. Çaklamanyň toparlaýyn usuly „Maksat agajynyň“ (daragt) deslapky ara alyp maslahatlaşylmagyna we degişli komissiýalaryň kolektiw baha berilmegine esaslanandyr.

Modellirlemegiň esasynda çaklamak usulara şular degişlidir: logiki, maglumatlar we matemtika-statistiki. Kärhanalarda çaklamanyň bu usullary uly ýaýrama almady, esasanam, gerekli maglumatlaryň ýoklygy we çylşyrymly sebäpli.

Çaklamadan soň kärhanada YTR-ny meýillanamlaşdyrmak prosessi başlanýar. Ony işläp düzmekde şeýle prinsiplere bil baglamaly bolýar:

- Ileri tutulýan ugurlara, artykmaçlykly ugurlary (приоритетность);
- Meýilnamalaşdyrmagyň üznüksizligine;
- Meýilnamalaşdyrmaga degişli hemme işlere (сквозное планирование).

„Ylym-önümçilik“ sikliniň hemme düzüjileri meýilnamalaşdyrylmalydyr. Belli boluşy ýaly, „ylym-önümçilik“ sikli şeýle elementlerden durýar: fundamental (düýpli) gözlegler; tejribe ähmiýetli gözlegler (barlaglar); Taslama-konstruktorçylyk işläp taýýarlamalar; Täze önüm öndürmek we köpeltmek.

- Meýilnamalaşdyrylmagyň toplumy. YTR-nyň meýilnamsy kärhananyň ykdysady we durmuş meýilnamasynyň beýleki bölümleri bilen baglaşdyrylan bolmaly: önümçilik maksatnamasy, düýpli maýa goýumlar meýilnama bilen; maliýe, peýda we önümiň özüne düşýän gymmaty bilen. Özem ilkinji YTR-nyň meýilnamasy işlenip düzülýär, soňra ykdysady we durmuş meýilnamanyň beýleki bölümler.
- Ykdysady esaslandyrma we resurslar bilen üpjünçilik. YTR-nyň meýilnamasyna diňe ykdysady esaslandyrylan çäreler goşulmalydyr (ýagny kärhana bähbitli-peýdaly) we olary gerekli resurslar üpjün etmek göz öňünde tutulmaýar we şonuň betijesinde pes netijelilik gazanylýar.

**„Ylym-tehnika-önümçilik-ulanyş“ prosesi**

**Surat 1**

<table>
<tr><td rowspan="5">Düýpli barlaglar</td><td colspan="7">Ömür sikli</td></tr>
<tr><td colspan="6">Ylmy önümçilik sikli</td><td rowspan="4">Könelen tehnika</td></tr>
<tr><td colspan="6">Ylmy-tehniki taýýarlaýyş</td></tr>
<tr><td>Gözleg barlaglary</td><td>Tejribe ähmiýetli ylmy-barlag işleri</td><td>Tejribe konstruktorçylyk işleri</td><td>Senagat taýdan tehnikany özleşdirmek</td><td rowspan="2">Täze tehnikany ýaýratmak</td><td rowspan="2">Täze tehnikany ulanmak</td></tr>
<tr><td colspan="4">Ylmy-tehniki önümçilik</td></tr>
</table>

## Kärhanada ylmy-tehniki progresi meýilnamalaşdyrmak

**Şekil 2**




## Kärhanada ylmy-tehniki progresiň meýinamalaşdyrylyşy (kärhanada YTP-i meýilnamalaşdyrmagyň käbir prinsipleri)

**Şekil1**



## Kärhanada ylmy tehniki progresi çaklama

Surat - 3



## Kärhanada YTP meýilnamanyň bölümleri

Şekil №2

**Kärhanada ylmy-tehniki progress meýilnamanyň bölümleri** ↔ Kärhanada ylmy-tehniki progress meýilnamanyň aýratynlyklary

1. Ylmy-tehniki progressi amala aşyrmak
2. Täze tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmak
3. Elektron hasaplaýjy maşynlary ornaşdyrmak
4. Zähmedi we önümçiligi guramagy kämilleşdirmek
5. Patentleri, lisenziýalary „nou-hau“ satmak we satyn almak
6. Ülňeleşdirmek meýilnamasy we metrologik üpjünçiligi
7. Zähmeti ylmy taýdan guramak
8. Önümçiligiň hilini ýokarlandyrmak we önümiň bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmak
9. Ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri ýerine ýetirmek
10. YTP meýilnamasyny ykdysady delillendirmek

## Kärhanada YTP-iň çaklanylyşy

Şekil №3







## Tema 2. Haryt syýasatynyň esaslary.

Telekeçilik işi netijeli hasaplanýar, haçan – da kärhananyň öndüren önümi barada isleg tapýan bolsa, oňa isleg bar bolsa. Haryt zähmetiň önümi bolup, ol peýdaly zatdyr ýa – da janly zähmetiň peýdaly netijesidir. Onuň gymmady, satyn alynmagy we ulanylmagy sarp edijilere anyk kanagatlanma döretmelidir.

Harydyň isleg ödäp bilijilik gymmaty (потребительская) bir tarapdan harydyň özi bilen gönüden – göni bagly bolup we beýleki tarapdan hyzmatlar bilen bagly alamatlaryň jemi hökmünde çykyş edýär.




<u>Pikir boýunça haryt</u> (harydyň ýadrosy) – bu harydyň niýetlenen esasy häsioýetnamasydyr, bu alyjynyň hakykatda alýan hyzmaty ýa – da sarp edijiniň şu haryt bilen çözýän problemasydyr.

<u>Real (hakykatda) ýerine ýetirilen haryt</u> – bu satuwa hödürlenýän harydyň belli bir alamatlarynyň jemidir, ýagny daşary bezegi, hiliň derejesi, marka, ady we gaplanan.

<u>Hyzmatlar bilen üpjün edilen haryt</u> – bu real harytdyr, özem hyzmatlar bilen üpjün edilen, ýagny kepillendirilen, serwis (hyzmat etmek), montaž, karzlaşdyrma, ýerine ýetirmek.

Şeýlelikde, haryt özünde fiziki, tehniki häsiýetleri we şeýle – de satyn alyjy üçin bazar hasiýetnamalarynyň goşmaça bähbitlerini jemleýän bolsa, onda ol sarp ediji üçin gymmatly bolýar.

Tablisa 1. Kir ýuwýan maşynyň islegi ödäp bilijilik alamatlary

| *Tehniki häsiýetnama* | *Funksional mümkinçilikleri* | *Ykdysady häsiýetnamalary* | *Daşky görnüşi* | *Kepilnamalary* |
|---|---|---|---|---|
| 1. Ýuwujy sabyny (bak) göwrümi<br>1.2 Ululyk mäçberi<br>1.3 Massa<br>1.4 Baka guýulýan suwuň maksimal temperaturasy<br>1.5Energiýanyň harç edilişi<br>1.6 Howpsuzlyk<br>1.7 Ygtybarlylyk (надёжность) | 2.1 Maşynyň awtomatiki ösüşi<br>2.2 Ösüşdse ses signal berijiligi<br>2.3 Dwigatel arakesme edende ýagtylyk signal berijiligi<br>2.4 Bakdan suw dökülende amatlylygy<br>2.5 Dwigatel işlände ses we wibrasiýanyň derejesini peseltmek mümkinçiligi | 3.1 Nyrhy<br>3.2 Gurnama çykdajylar<br>3.3 Elektroeneregiýa çykdajylary<br>3.4 Tehniki hyzmat edişe çykdajylar | 4.1 Dizaýn<br>4.2 Reňki<br>4.3 Dolandyryş paneliniň reňkli çözgüdi | 5.1 Kepilnama döwri<br>5.2 Ýetmezçilikli harydyň yzyna gaýtaryp bolmak mümkinçilik<br>5.3 Başga modele çalşyp bolmak mümkinçiligi |

\

Ahyrky ulanyp bolmak goraýyş nokadyndan harytlary iki topara bölmek kabul edilendir: islegi ödäp bilýän harytlar we önümçilik maksatly harytlar.

Surat 2. Maksada niýetlenen harytlaryň synplaşdyrylyşy.



Sarp ediş harytlary) islegi ödäp bilýän harytlar – bu şahsy, maşgala sarp edişine alýan harytlar.

Önümçilik maksatly (niýetli) harytlar şahsy şahslar, guramalar tarapyndan soňraky, geljekde işläp bejermek ýa – da gaýtadan satmak üçin alynýan harytlar. Harydyň möhüm bazar häsiýetnamasy bolup, onuň bäsdeşlige ukyplylygy bolýar, ýagny harydyň bazarda talap edilmek mümkinçiliginiň bolmagy.

Harydyň bäsdeşlige ukyplylygy onuň hil, ykdysady we marketing häsiýetnamalarynyň jemi bilen kesgitlenýär.

Surat 3. Harydyň bäsdeşlige ukyplylygynyň görkezijileriniň toparlandyrylyşy.




Bäsdeşlige ukyplylyk hil görkezijileri – bu harydyň anyk talaplaryny kanagatlandyrmak taýýarlygyny häsiýetlendirýär.

Ykdysady görkezijiler harydyň sarp ediş nyrhyny hasaba almalydyr, ýagny harydyň satyn alyş we ony ulanmaga çykdajylary.

Marketing görkezijileri harydyň daş – töweregini häsiyetlendirýär, ol bolsa harydy sarp edijä ozüne çekijiligi üpjün edýär.

Şeýlelikde, harydyň bäsdeşlik ukyplylygy – bu otnositel görkezijidir, şu harydyň bäsedeş harytdan tapawutlylyk häsiýetini görkezýär, ýagny anyk jemgyýetçilik talaplaryna, şeýle – de, ony öndürmek ulanmak we marketing üpjünçiligi bilen bagly çykdajylaryň gabat geliş derejesini görkezýär.

Harydyň bäsdeşlik edip bilijilik görkezijisi şu formula boýunça hasaplanyp bilner:

$$K = \sum_{i=1}^{n} a_j \frac{p_j}{p_j^0} (i = 1...n)$$

$p_j$ - barlaýan, gözleg geçirýän harydymyzyň j – parametri;

$p_j^0$ - bazowyý (öňki) harydymyzyň j – parametri;

$a_j$ - j – parametriň agram koeffisiyenti.

Bäsdeşlige ukyplylyga baha bermek baza bolup. öňdebaryjy bäsdeşiň harydy ýa – da sarp edijileriň garaýşyndaky ideal haryt seredelip bilner.

Harydyň bäşdeşlik ukyp görkezijisi harydyň hili derejesi görkezijisi bilen birmeňzeş däldir. Harydyň hiline baha berlende bir gezekli harytlar deňeşdirilýär, bäsdeşlik edip bilijilige baha berlende birmeňzeş däl harytlarda deňeşdirilmegi mümkin, özem şol bir talaplary kanagatlandyrmakgyň usullary bilen tapawutlanýarlar.

Harydyň hiline kepilnama mehanizmi bolup sertifikasiýa bolýar. Harydyň sertifikasiýasy – bu harydyň hakykatdaky häsiýetnamasynyň halkara, milli ülňülere, hödürlemä gabat gelýändigini tassyklaýan çakleriň we hereketleriň ulgamydyr.

Haryt özüniň bar wagtynda birnäçe ösüş fazalaryny – döwri geçýär. Harydyň ömür sikli (HÖS) – bu wagt aralygynda bazaryň reaksiýa modeli (haryt barada ideýanyň –pikiriň döremeginde onuň önümçiliginiň we ýerleşdirmegiň bes edilmek aralygy).

HÖS konsepsiýasy sarp edijileriň ileri tutmalarynyň üýtgemesini we assortimenti dolandyrmagy öňünden görmäge mümkinçilik berýär. Ol bolsa täze ösýän we ösen harytlaryň utgaşyk balansyna ýetmäge mümkinçilik berär.

Harydyň ömür sikli (döwri) şeýle tapgyrlary öz içine alýar:

1. Harydyn barlagy we işläp taýýarlamagy.
2. Bazara çykarmak.
3. Ösüş
4. Kämillik
5. Aşak düşme

Surat 4. Harydyň ömür sikli (döwri)




Harydyň bazar möhüm alamatlarynyň biri – de harydyň markasy we daşlamasy bolýar.

**Marka** – bu ady, billik, surat, simwol – alamat – nyşan ýa – da olaryň kombinasiýasy – birleşmeleri. Bular harytlary identifikasiýa etmäge neýetlenýär we bäsdeşiň harytlaryndan tapawutlandyrmak üçin ulanylýar.

**Haryt belligi** – bu ýuridiki goralan marka ýa – da onuň bir bölegi, ol bolsa satyja marka ýa – da marka belligi aýratyn ulanmaga berlen hukukdyr. Haryt belligi hil kepilnama wezipäni ýerine ýetirýär. Köplenç marka (firma) bellikleri marka däl harytlardan 15 – 25% we ondanam ýokary bahalanýarlar.

Daşlama diyip, gaba ýa – da harydyň daşky perdesine aýdylýar. Ol harytlaryň gowy saklanyp galmagyna we ulaglaşdyrylmagyna hyzmat edýär, şeýle – de ol şeýle funksiýalary ýerine ýetirýär, ýagny sarp edijileriň pikirini, ünsüni özüne çekmek, harydy idensifisirlemäge (meňzeşlik), reklama we maglumatlar bermek. Daşlama haryt syýasatynyň netijeli serişdesidir, ol alyş – çalyş prosesini ýeňilleşdirýär we çaltlandyrýar, harydyň imidžini (abraýyny) ýokarlandyrýar, kärhananyň imidžini ýokarlandyrýar.

## 2. Haryt syýasatynda strategiki (möhüm wajyp) çözgütler.

**Haryt syýasaty** – bu meýilnamaşdyryp we strategiýa toplumyny amala aşyryp, kärhananyň gündelik we uzak döwürli maksatlaryny göz öňünde tutup, bäsdeşlikde amatlyklary emele getitmek çäresidir.

Haryt syýasatyny işläp taýýarlamagyň metodologik esaslary bolup ulgamlaýyn, situasiýa (ýagdaý) usul bolýar. Haryt syýasatynýn çözg ütleri bolup üç üýtgeýjiniň özara baglanyşyk netijesidir, ýagny kärhananyň maksatlary, onuň resirslary we bazaryň mümkinçilikleri.

Sektor A – kärhananyň maksatlary we bazaryň mümkinçilikleri gabat gelýär. Menejmentiň ýerine ýetirmeli işi gerekli resurslary tapmak.

Sektor B – bazaryň mümkinçilikleri we kärhananyň resurslary gabat gelýär. Menejmentiň işi kärhananyň maksatlaryna täzeden seretmek.

Sektor Ç – kärhananyň maksatlary we resurslary gabat gelýär. Menejmentiň işi – bazary döretmek.

Sektor D – hemme faktorlar gabat gelýär, bu bolsa haryt syýasatyny işläp düzmäge we amatly haryt syýasatyny amala aşyrmaga şertler döredýär.

Haryt syýasatynda strategiki çözgüt kärhananyň strategiki maksatlaryna haryt nomenklaturasynyň (sanaw) gabat gelmegini üpjün edilmegi aýdylýar.

**Isleg** diýip, satyn alyjylyk ukyp bilen berkidilen haryt talaplaryna düşünilýär, islegiň derejesi belli bir wagt içinde şu şertlerde satyn alyjynyň almaga taýýar harydynyň möçberine aýdylýar.

Islegiň funksiýasy interpritiw (üýtgemek) görnüşde şeýledir:

Bu ýerde:

y – anyk haryda islegiň derejesi.

$x_1$, $x_2$,.....$x_n$ – islegi emele getirýän faktorlar, daşarky gurşawyň ýagdaýy, bazaryň tipi, onuň sygymy – göwrümi, bäsdeşligiň intensiwligi – ýygylygy, harytlara nyrhlar, satyn alyjylaryň girdejileri we halýagdaýynyň derejesi, alyjylaryň ileri tutmalary.

Islegi çaklamak üçin formal we şeýle – de intuitiw (duýgy) usullary ulanylýar.

Surat 6. Islegi çaklamagyň usullary.




San usullary retrospektiwe (geçmişde) islegiň dinamikasyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär we şonuň esasynda geljekki döwrüň tendensiyalaryny (ugurlaryny) emele getirmek.

Hil usullaryny (soramak, garamak) islegiň gurluşyny, alyjylaryň ileri tutmalaryny barlag geçirmäge mümkinçilik berýär. Sarp edijileriň j – haryt markasyna baha berişini şeýle kesgitlenýär.

$$Q_j = \sum_{i=1}^{n} X_k * Y_{jk}$$

Bu ýerde:

$Q_j$ - j haryt markasyna alyjylaryň baha berişi;

$X_k$ - alyjylaryň garaýşynda (k = 1....n) möhüm häsiýetnamasy;

$Y_{jk}$ - alyjylaryň garaýşynda j – markanyň häsiyetnamasyna baha bermek;

$K$ - häsiýetnamalaryň sany.

Sarp edijileriň subýektiw garaýyşlaryna harydyň gabat gelşini ýüze çykarmak üçin “ideal nokat” modeli ulanylyp bilner.

$$Q_j = \sum_{i=1}^{n} W_k \left| B_{jk} * J_k \right|^r$$

$Q_j$ - j haryt markasyna alyjylaryň baha berişi;

$W_k$ - (k = 1...n) möhüm häsiýetnamasy;

$B_{jk}$ - j – markanyň häsiýetnamasyna sarp edijileriň baha berişi;

$J_k$ - k – nyň markanyň häsiýetnamasyna sarp edijiler tarapyndan ideal ähmiýeti ähmiýeti;

$r$ - parametr, r = 1 bolanda, hemişelik, r = 2 peselýän peýdanyň çägini aňladýar.

Bazar şertelerinde kärhana önüm öndürmek barada özbaşdak karar kabul edýär. Her bir kärhana bazara bir haryt ýa – da onuň birnäçe görnüşini, bir ýa – da birnäçe haryt toparyny teklip edip biler.

Haryt birligi – bu bölünip aýrylan bütewilik, özem şeýle göekezijileri bilen häsiýetlendirilýär, ýagny ululygy, daşky görnüşli, nyrhy (telewizr “Witýaz”, diş ýuwujy “Nowyý žemçug”).

Haryt assortimenti – bu harytlaryň toparydyr, özara şu häsiyetler bilen meňzeş:

- ýerine ýetirýän funksiýalaryň toplumy;
- maksatly bazaryň talaplaryny kanagatlandyrýan häsiýetleri boýunça;
- paýlaýyş kanallary boýunça;
- haryt diapozony (aralygy) boýunça.

Haryt nomenklaturasy – anyk satyjynyň alyja hödürleýän haryt birlikleriniň we haryt assortiment toparlarynyň toplumy. Haryt nomenklaturasy giňlik, çuňluk, bolluk utgaşykly görkezijileri bilen häsiýetlendirýär. Bu düşünjeler suratda görkezilen.

Surat 7. Haryt nomenklaturasynyň görkezijileri.

Haryt nomenklaturasynyň giňligi

| Metal kesiji abzal | Ştamplar | Ulanyşa taýýarlama |
|---|---|---|
| Kesijiler<br><br>Deşijiler (tokar)<br><br>Frezalar<br><br>Çekijiler | Sowuk ştampowka üçin ştamplar<br><br>Gyzgyn ştampowka üçin ştamplar | Köp şpindeli tokar stanoklar üçin patronlar<br><br>Şlifowel stanoklar üçin köp ýerli ulanyşa taýýarlananlar<br><br>Çekiji stanoklar üçin ulanyşa taýýarlama |

Haryt nomenklaturasynyň giňligi assortiment toparynyň umumy sany bilen kesgitlenýär. Biziň mysalymyuzda ol 3-deňdir (metal kesiji instrument, ştamplar we ulanyşa taýýarlamalar)

Haryt nomenklaturasynyň çuňlugy – assortiment toparynyň içindäki her bir aýry haryda teklip edilýän wariantlaryň sany. Mysal üçin kärhana kesijileriň şeýle görnüşlerini öndürýär: kesiji, gyrkýan, çarpýan, geçiji, gyryp oýujy – şeýlelikde kesijileriň çuňlugy 4 – e deň.

Haryt assortimentiniň bollygy – aýry harytlaryň düzüjileriniň umumy sany. Suratda 9 haryt görkezilen.

Haryt strategiýasy – bu uzak döwre niyetlenen haryt syýasatydyr, özem geljege hasaplanan we prinsipial meseleleri çözmegi göz öňünde tutýanlygydyr. Haryt syýasaty haryt bilen işlemegiň 3 ugruny göz öňünde tutýar: harydyň innowasiýasy; modifikasiýa – harydyň şekilini üýtgetmek; harydyň eliminasiýasy (aýyrmak, çykarmak, ýok etmek).

Surat 7. Haryt nomenklaturasynyň görkezijileri.

Haryt bilen üýtgemäniň ugurlary




Täze harytlary işläp taýýarlamak we bazara çykarmak innowasiýa syýasatynyň usullaryna we prinsiplerine gabatlylykda amala aşyrylýar.

Täze harydy işläp taýýarlamak prossesi 9-njy suratda görkezilen.

Harydyň şekilini üýtgetmek üýtgeşmeler we difftrensiasiýanyn ýoly bilen mümkindir.

**Harydyň üýtgemesi** diýip, onuň parametriniň we häsiýetiniň üýtgedilmegine aýdylýar, özem köne haryt önümçilik maksatnamadan çykarylýar – aýrylýar.

Üýtgeşmelere esas bolup alyjylaryň täze talaplary we bäsdeşleriň hereketlerine hökmany jogaplary.

Harydyň differensiasiýasy – köne harydyň önümçilikden çykarylmazlyk şerti bilen harydy üýtgetmek.

Eliminasiýanyň meselesi bolup könelip, alyjylary özüne çekmeýän harytlary ýüze çykarmak we soňra täzeden attestasiýa geçirmek. Mümkin çözgütler, ýagny ýöriteleşdirmek, önümçilikden çykarmak (beýleki kärhanalara satmak, haryt ätiýaçlyklaryny tiz arzanladyp satmak).

Haryt syýasatyny emele getirmegiň möhüm meseleleri portfel seljermäniň esasynda çözmek mümkin. Mysal üçin Boston konsultatiw toparynyň (BKT) matrisa “bazaryň ösmegi – bazaryň paýy” matrisa, ýagny harydyň bazardaky ýagdaýy kesgitlemek, olaryň her – biri üçin haryt strategiýasyny we taktikasyny işläp taýýarlamak, maliýeleşdirmegiň talaplaryny we düşewüntliligiň potensiýalyny kesgitlemek, haryt portfeliniň deňagramlylygyny kesgitlemek.

Surat 9. Täze harydy meýilnamalaşdyrmak prosesi.




BKT matrisasynyň esasynda harydyň ömür sikli konsepsiýasy goýlandyr. Matrisa kärhananyň harytlaryny bazardaky otnositel paý görkezijisini synplaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Surat 10. “Bazaryň ösüşi – bazar paýy” matrisa




+ + + - uly pul gelmeleri – düşmeleri

\+ - uly bolmadyk pul gelmeleri

... - uly pul çykdajylary

. - uly bolmadyk pul çykdajylary

——▸ - maliýe akymlarynyň netijeli esasy ugurlary

- - -▸ - haryt portfeliniň tipiki ösüş ýoly.

Haryt “Ýyldyz” bu ösýän pudakdaky bazar öňde baryjysy. Bu haryt harydyň ömrüniň ösüş döwründedir.

Şeýle ýagdaýda esasy strategiki ýardamlar bolmalydyr – goranmak, berkitmek, tapawutly aýratynlyklaryny ýaýbaňlandyrmak.

Strategiýany amala aşyrmagyň serişdeleri – bu çykdajylary peseltmek, nyrhlary peseltmek, önümi kämilleşdirmek, harydy bazara aktiw ornaşdyrmak.

Haryt “sagylýan sygyr” – bu kämil ýa – da gysgalýan pudakda öňdebaryjy ýagdaýa eýedir (harydyň ömür sikliniň kämil stadiýasydyr). Şu harytdan alynýan uly girdejiler beýleki harytlara ýardam bermek üçin ulanylýar. Harydy dolandyrmak üçin çäreler degişlidir:

döwürleýin nyrhlary peseltmek, wariasiýa, differensiasiýa, gaýtadan satyn alynmagy höweslendirmek.

Haryt “kyn çaga” – bu harydyň ömür siklinda – de, çalt ösýän pudagyň harydy özem bazarda az paýy bardyr. Esasy strategiki ýardamlar – harydyň häsiýetnamasyny gowulaşdyrmak, bazara ýokary derejede süýşürmek. Maliýe goýumlaryň uly töwekgelçiligi bardyr. .(HÖS peseliş stadiýasynda) kärhananyň önüm porfelinde çykarsaňam bolar.

Haryt syýasatynyň möhüm meselesi bolup täze we özleşdirilen harytlaryň örän amatly gatnaşygyny tapmakdyr.

Haryt “It” – gysgalýan bazarda uly bolmadyk paýy bardyr

Surat 11. Balanslaşdyrylan önüm portfeli.




Haryt syýasatynyň aýrylmaz elementi – serwisdir (hyzmat etmek). Serwisiň maksady – alyjylara bar harytlary teklip etmek we olara satyn alan harytlarynda köp peýda gazanmaga kömek etmek.

Serwisiň ösýän ähmiýete şeýle sebäplere baglydyr: haryt bazarynyň bollygynyň ösýän ýagdaýyndaky bäsdeşligiň ösmegi, alyjynyň satyn alan harydyny ulanyş döwründe gabat gelýän problemalary çözmäge mümkinçilikleriniň bolmagy bilen, harytlaryň çylşyrymlaşmagy bilen. Ýokary hilli serwis geljekli we durnukly bazaryň emele gelmegine ýardam berýär.

Serwisiň esasy wezipeleri: alyjylary özüne çekmek; haryt satmany goldamak we ösdürmek, alyjylary maglumatlar bilen üpjün etmek. Serwisi iki görnüşe böýärler: tehniki hyzmat etmek (tehniki maslahat, harydy eltmek, gurnamak, atiýaçlyk şaýlary şaýlary bilen üpjün etmek, abatlaýyş hyzmatlary we ş.m) we söwda hyzmat edilişi (maslahatlar we maglumatlar sprawkalary, konsultasiýalar, harydy ulanmakda alyjylara düzgünleri öwretmek, harydy çalyşmakdaky hukuklary we başg).

Serwis bu harydyň bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmakda möhüm serişde bolup çykyş edýär.

**Kärhananyň önümçilik maksatnamasy** – bu natural we gymmat görnüşinde aňladylan belli bir assortimentde we hilde öndürilmeli we ýerleşdirilmeli önümleriň maýilnamasydyr. Önümçilik maksatnamasynyň gymmat görkezijilerine degişlidir: jemi ýa-

da umumy, haryt, ýerleşdirilen ýa-da satylan önümler. Önümçilik maksatnamasynyň işlenip düzüilmegi harytlaryň gerekli toparyny döredeniňde şeýle mümkinçilikler döretmeli:

- kärhananyň maksadyna ýetmäge;
- alyjylaryň talaplaryny kanagatlandyrmaga;
- önümçilik kuwwatlyklarynyň netijeli ulanmaga;
- bäsdeşlik artykmaçlyklaryny emele getirmäge.

Önümçilik maksatnamasyny kesgitlemegiň bahasy (esasy) bolar – kärhananyň gelejekki we gündelik maksatnamalary.

- Haryt strategiýasy;
- Bazar konýuturasynyň (maddy, zähmet, maliýe) we ylmy-önümçilik mümkinçilikleri.

Kärhananyň önümçilik maksatnamasy haryt teklibiniň bazar isleginiň göwrümine we gurluşyna gabat gelmegini üpjün etmelidir.

Önümçilik maksatnamasyny kesgitlemek üçin birnäe usullar ulanylýar.

Önümçilik maksatnamasyny emele getirmegiň klassiki serişdesi bolup ABC – seljerme çykyş edýär. Ol her bir harydyň kärhananyň iş netijelerine beren paýyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu seljeriş kärhananyň hemme öndüren önümini saýlanyp alnan kriteriýa degişlilikde üç bölege bölmegi teklip edýär (peýda, ýerleşdirmegiň göwrümi, çykdajylary ýapmak).

**Surat 12. ABC – seljeri\e mysal**




A – topar 4 harydy öz içine aälýar, olar kärhananyň önüm ýerleşdirmek göwrüminde iň uly paýy üpjün edýär, ýagny 70 %. B – topara 5-10 haryt girýär, olar ortaça 25% üpjün

edýärler. C – topary 11-15 haryt emele getirýär, olar iň pes haryt ýerleşdirmäniň göwrümini emele getirýär, ýagny – 5 %. C – topara düşen harytlar önümçilikden çykarylmaga degişlidir.

Kärhananyň önümçilik maksatnamasy maksatlaýyn peýdanyň gazanylmagyny üpjün etmelidir. Çykdaýsyz önümçiligi gurnamak üçin her bir haryt üçin ýerleşdirmegiň göwrüminiň kritiki – çäk ähmiýeti kesgitlenmelidir. Şol göwrümden aşak önüm öndürmek kärhana üçin peýdasyz, bahbitsiz .

Düşwüntliligiň çägi (ýa-da kritiki nokat) – bu şeýle girdeji haçan-da kärhanada artykmaç çykdajy ýok, onda şonda-da peýda-da gazanmaýar.

$$\Pi = SM - FS = 0$$

П **–** peýdanyň ululygy
SM – jemi marža, ýagny ýerleşdirmäniň göwrümi bilen üýtgeýän harajatlaryň tapawudydyr.
FS – hemişelik çykdajylar.
Düşewüntliligiň çäginiň bahasy şeýle kesgitlenýär:

$$Q = FS / a$$

a – ýerleşdirmekden gelýän girdejide jemi maržanyň paýy.
Harydyň çäk sany deňdir:

$$Np = FS / VS$$

P – harydyň nyrhy
Vs – harydyň birligine üýtgeýän çykdajylar.

**Mysal:** harydyň birligine çykdajylar - 100 m.
Hemişelik çykdajylar – 300 m .
Ýerleşdirmegiň göwrümi – 5000sany.
Birligiň nyrhy – 200m.
Çykdajylaryň dinamikasy we netije 13-nji suratda görkezilen.

Surat 1




Göni çyzygyň gyşarmagy, girdejiniň üýtgemesini häsiýetlendirýär. Ony nyrhyň kömegi bilen kesgitlenýär.

Umumy girdejiniň we umumy çykdajynyň göni çyzygy ýerleşdirmäniň göwrümi 3000 sany bolanda kesişýärler.

Girdejide umumy maržanyň paýy deňdir.

$$a = \frac{200*5000 - 100*5000}{200*5000} = 0.5$$

Düşewüntliligiň çägi deňdir:
Q=300000:0.5=600000m.
Harydyň çäk sany:
N=300000:(200-100)=3000 sany.

Şeýlelikde, önümçilik maksatnamasynyň işlenip düzülmeginiň esasy (kanuny) düzgüni: ýerleşdirmäniň göwrümi çägiň bahasyndan köp bolmaly, diňe şeýle ýagdaýda kärhana peýda zolagynda işlär. Kärhananyň örän amatly önümçilik maksatnamasy işlenip taýýarlanyp bilner, haçan-da lineý programirlemek usuly ulanylanda. Formallaşdyrylan

görnüşde lineý programmirlemek maksatlaýyn funksiýany we çäklendirme ulgamy öz içine alýar.

Meseläniň maksatlaýyn funksiýasy umumy maksatlaryň yzygiderligine boýun bolamalydyr; kärhananyň strategiki maksadyna; marketingiň maksadyna; hsryt syýasatynyň maksadyna;

Maksatlaýyn funksiýasyny saýlap almak bazarynyň takyk ýagdaýyna bagly bolýar. Şeýle wariantlar mümkindir.

Wariant 1. Eger-de haryda isleg durnukly, haryt teklibi ajaýyp, onda bar bolan resurslar bilen maksimal maliýe netije üpjün edip biljek önümçilik maksatnamasy işlenip taýýarlanmalydyr.

Wariant 2. Eger-de bazarda bolluk bar bolsa, bäsddeşligem uly bolsa, onda mesele önüm öndürmekde çykdajylary minimallaşdymakda.

Mesele umumy goýlanda lineý programmirleme şeýle görnüş kabul edýär.

$$F = \sum \left(P_j - \tilde{N}_j\right) x_j \ \max$$

I wariant $F = \sum_{j=1}^{n} c_j x_j$ min

$$\sum_{j=1}^{n} a_{ij} x_j \le A \qquad (10)$$

$$\sum_{j=1}^{n} P_j x_j \le Q_p \qquad (11)$$

II wariant

$$x_j \le \bar{x}_j$$

$$x_j \ge 0 \left(j = 1 \ldots\ldots n\right) \quad (13)$$

Xj – j-görnüşli önümiň önümçilik görnüşi, sany
Pj – j-görnüşli önüm birliginiň nyrhy, man.
Cj – j-görnüşli önümiň özüne düşýän gymmaty, man
$a_{ij}$ – j-görnüşli önümiň birligine i-görnüşli resursyň harç edilmeli normasy.
$A_i$ – i-görnüşli resursyň artykmaçlygy, sany.
$X_j$ – j-görnüşli önüme islegiň ululygy, sany.
$Q_p$ – satmanyň kritiki-çäk göwrümi.
J=1......n görnüşine

10 – resurlar boýunça çäklerndirme
11 – ýerleşdirmäniň kritiki-çäk göwrümine çäklendirme
12 – islege çäklendirmr

Önümçilik maksatnamanyň amala aşyrylanda mümkin bolaýjak netijelerine baha bermek, işlenip taýýarlanylan haryt syýasatynyň netijeliligi barada baha bermäge mümkinçilik berýär.